JON BIWER
«New York Times-iň» pikiriçe, iň köp satylýan kitaplaryň awtory

# ALAWLY ÝÜREK

HUDAÝA BOLAN ODY NÄDIP ÝAKMALY?

Gadyrly dost!

Biziň gowy günlerimiz entek öňde. Hudaý Öz ýüreginiň sesini eşidip, Özüniň öňünde mukaddeslikde gezjek halky Özi üçin saklap goýdy. Bu halk özünde – Onuň sesini eşidip, Oňa şübhesiz tabyn boljak – imanly adamyň hakyky keşbini saklar. Olar Onuň öňüne päk hem çirksiz, mukaddes alaw bilen ýalynlap duran ýürekli adamlar bolup bararlar.

Hudaýyň olara yhlasly bolşy ýaly, olar hem Hudaýa yhlasly bolarlar. Hudaý Öz halkynyň üsti bilen ýoldan çykan we heläk bolup barýan dünýä Özüni aýan eder.

Mukaddeslik — bu özüňi soňuna çenli gitmeklige bagyş etmekdir. Hudaýyň bize Öz merhemetini peşgeş berjekdigi, berk durmaga güýç berjekdigi we Özünde ýeňiş gazanjakdygymyz baradaky wadasynda siziň duranyňyzy görmegi çyn ýüregimden arzuw edýärin.

Bu habary siziň bilen we bütin dünýädäki liderler bilen paýlaşma islegini Reb meniň ýüregime saldy. Şonuň üçin ony meniň söýgim we goldawym bilen bilelikde kabul ediň. Rus dilindäki goşmaça maglumatlar MessengerX.com saýtynda we MessengerX goşundysynda mugt ýüklemek we görmek üçin elýeterdir. Olaryň sizi we siziň ruhy ygtyýara hem-de Hudaýyň maksadyna eýerip, öz ornuny tapmaga kömek edýän we aladasyny edýän adamlaryňyzy berkitjekdigine ynanýaryn.

Siziň Mesihdäki doganyňyz,



Jon Biwer
JohnBevere@ymail.com

MessengerX

Messenger INTERNATIONAL

# ALAWLY ÝÜREK

HUDAÝA BOLAN ODY NÄDIP ÝAKMALY?

J O N   B I W E R

*A Heart Ablaze,* Turkmen, by John Bevere
© 2026 Messenger International
MessengerInternational.org
Originally published in English as A Heart Ablaze
ISBN 978-0-7852-6990-8

Additional resources in Turkmen by John and Lisa Bevere are available for free download and video streaming at **MessengerX.com** and on the **MessengerX**App

To contact the Author: JohnBevere@ymail.com

This international leadership seeding edition of the A Heart Ablaze book has been produced in collaboration between **Thomas Nelson** and **Messenger International.**

This book is a gift from Messenger International and is NOT FOR SALE

*Alawly ýürek,* Türkmen dilinde, awtory Jon Biwer
© 2026 Messenger International
MessengerInternational.org
Asyl nusgasy iňlis dilinde A Heart Ablaze ady bilen neşir edildi.
ISBN 978-0-7852-6990-8

Jon bilen Liza Biweriň türkmen dilindäki goşmaça resurslary mugt indermek we wideolary görmek üçin **MessengerX.com**saýtyna we**MessengerX**App-e giriň.

Habarlaşmak üçin: JohnBevere@ymail.com

Bu kitap Messenjer Internesenldan sowgat we SATUWA DEGIŞLI DÄL

Yüklemek App Store

Almak Google Play

App Store Apple Inc-iň söwda belgisi bolup, ABŞ-da we beýleki ýutrlarda hasaba alnandyr.
Google Play we Google Play logotipi Google LLC-iň söwda belgisidir.

# MAZMUNY


*SÖZBAŞY* . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . V

1. ÝATDAN ÇYKMAJAK AGŞAM . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 1
2. HALAS BOLMANYŇ MAKSADY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 17
3. MÜSÜRDEN ÇYKYŞ . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 31
4. REBBIŇ ŞÖHRATY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 41
5. DAGA TARAP BARÝAN ÝOL . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 59
6. GULAK ASÝAN HUDAÝ . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 71
7. NIÝETMI ÝA-DA ISLEG? . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 87
8. GARŞYLYKLY MEDENIÝETMI ÝA-DA HUSUSY MEDENIÝET? . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 103
9. HALAS EDIJI MERHEMET . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 121
10. KYN GÜNLER . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 141
11. ALTYN, EŞIKLER WE MELHEM . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 153
12. MENIŇ SÖÝÝÄNIM... . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 177
13. IÇDÄKI MUKADDES OT BILEN . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 191
14. OLAR ONUŇ ÝÜZÜNI GÖRERLER . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 209

# SÖZBAŞY

Bu kitap — hakykata edilen syýahatdyr. Köpler hakykaty gözleýärler, emma oňa duş gelenlerinde bolsa, olar ony inkär edýärler ýa-da özlerine görä sazlaýarlar. Munuň ýaly hereketler biziň neslimiziň arasynda ýüze çykan we ýalana ulaşan jemgyýeti emele getiren eýmenç meseleleriň sebäpkäri boldy. Isa Öz çagalaryna muny bir gezek duýduryp goýmady, Ol ony duýdurmagy dowam etdirýär.

Nädogry düşünjeler iň agyr meseleleriň biri bolup durýar, sebäbi şeýle düşünjäniň ygtyýary astynda bolanlar özleriniň hakykatda ýöreýändiklerine ynanýarlar. Ine, Pawlus Timoteosa ýazan hatynda soňky günleri nähili suratlandyrýar: «Çünki şeýle bir zamana bolar, şonda adamlar sagdyn taglymaty kabul etmän, gulaklaryna ýakýan sözleri diňlejek bolup, öz höweslerine ýaraşykly mugallymlar saýlarlar we gulaklaryny hakykatdan sowup, ertekilere tarap öwrülerler» (2 Tim. 4:3, 4). Grek dilinde «ertekiler» (4-nji aýat) sözi hem «ýalan» manysynda ulanylýar. Eger uzak wagtyň dowamynda ýalany hakykat ýaly edip ýörsek, onda köp adamlar onuň üçin janyny orta goýmaga taýýar bolýarlar.

Çyn hakykat Mukaddes Ýazgynyň içinden eriş-argaç bolup geçende, köpler ony toslama hökmünde inkär edýärler. Adamlaryň sagdyn taglymaty kabul etmejekdiklerini

Pawlus duýdurdy. Bir gezek men bir wagyzçynyň: «Biziň ýygnaklarymyzda peýda bolýan sagdyn bolmadyk taglymatlar telefon sorag-jogap kitapçasyndan alynmaýar. Olar Mukaddes Ýazgydan alynýar» diýenini eşitdim. Ol şol taglymatlaryň hemmesiniň Mukaddes Kitapdan alynýandygyny, şonuň üçin pikirleriň sagdyn däldigine garamazdan, olaryň giňden ýaýrandyklaryny aýtdy.

Pähimleriň awtory muny öňünden görüp: «Bir nesil bardyr, öz gözüne päk görünýändir, aslyýetinde bolsa murdarlygyndan ýuwlan däldir» (Süleýmanyň pähimleri 30:12) – diýip ýazypdyr. Bu kitapda biz şu sözleriň biziň neslimize-de degişlidigini görýäris.

Eger hakykat ýakymly hem aňsat bolan bolsa, onda bütin dünýä bireýýäm onuň gapysyny kakyp, oňa girerdi.

Isa hemme zadyň başgaçadygyny düşündirýär: «Şer iş edýän nury ýigrenýändir, ol erbet işleriniň äşgär bolmazlygy üçin nura gelýän däldir. Emma hak iş edýän, işleriniň Hudaý arkaly edilýändigi äşgär bolsun diýip, nura gelýändir» (Ýohanna 3:20, 21).

Bu gün we pursat biziň öňümizde kyn soraglary goýýar. Näme üçin ýygnaklardaky şeýle köp imanlylarda yhlas ýokka? Biz Hoş Habaryň ýaýramagy üçin köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, binalar, mahabatlar we başga-da sansyz-sajaksyz zatlar üçin milliardlarça serişdeleri sarp edýäris, emma näme üçin köp mesihiler ten höwesleri bilen we bu dünýäniň lezzetleriniň hemmesini duýma islegleri bilen göreşýärler? Näme üçin täze imana gelenleriň 80 göterimi ýene garaňkylyga gaýdyp gidýärler? Nädip günäkärler gutulyşy wagyz edip hem, şol bir wagtyň özünde-de, üýtgewsizligine galyp bilýärkäler? Bu soraglaryň hemmesiniň jogabynyň şu kitapda jemlenendigine men ynanýaryn: beýle zatlar alawyň we Hudaýa bolan hyjuwly söýginiň ýoklugy sebäpli bolup bilýär.

Eger biz özümizden öňkülere seretsek, onda biziň aramyzda

anyk tapawudyň bardygy görünýär. Faraonyň köşgünde ýeten derejeleriniň hemmesini ýitirmeli bolandygyna garamazdan, Musany Hudaýy gözlemeklige näme höweslendirdikä? Näme üçin Ýermeýa, Işaýa we beýlekiler özlerine diňe kynçylyklary we yzarlanmalary getiren sözleri yglan etmegi dowam etdirdikäler? Näme üçin irki Ýygnagyň imanlylary Hoş Habar üçin öz emläklerinden geçmäge, oňaýly durmuşyny terk etmäge, hatda janlaryny hem orta goýmaga ukyply boldukalar? Irki Ýygnaga gynalma we ölüm gorkusy astynda hem, Hoş Habary batyrlyk bilen wagyz etmeklige näme güýç berdikä, ýöne näme sebäpden häzirki imanlylaryň köpüsiniň esasy göreşi öz abraýyny saklamakda jemlenenkä? Jogap ýene-de Hudaýyň alawynda gizlenendir. Biz Rebbiň alawyna mätäçdiris, ýöne ol hakykata teşne bolan her bir adama ýokardan berilýändir. Ol garşydaşlyksyz gelmeýän bolsa-da, biziň köpimiz ýaranjaňlykdan gerk-gäbe bolduk, şonuň üçin hem, üýtgemäge taýýar. Öňküligimize galmakdan gelýän gorky hakykaty bilmekden gelýän islendik agyrydan güýçlüdir. Hiç zada seretmezden şunuň ýaly ugry saýlaýan adam şöhratly Rebbi tanamak isleýändir. Şunuň ýaly adamlar Onuň şöhratyny bütin ömrüne kabul etmäge taýýar bolýarlar.

Şu wagt Hudaý bilen nähili gatnaşyklardadygyňyzyň tapawudy ýok, esasy zat, Onuň mukaddes alawyny köpräk görkezmäge hemişe ornuň bardygyndadyr. Eger özüňizdäki oduň eýýäm sönendiginden gorkýan bolsaňyz, mert boluň we umydyňyzy ýitirmäň. Ol eýýäm şeýle wada berdi:

Adalaty ýeňşe ýetirýänçä,
Epilen gamşy döwmez,
Tütän peltäni söndürmez (Matta 12:20).

Atamyz bize nähili merhemetli söýgini sowgat berýär! Onuň biziň ýagdaýymyz baradaky edýän hakyky aladasyny bu

kitabyň kem-kemden açmagy üçin Hudaýa doga edýärin. Oňaýly durmuşymyza garanda içki ýagdaýymyz Ony has köp alada goýýar. Ol bizi özümiziň hakykatdan mätäç bolan zatlarymyzyň görkezişinden-de güýçli söýýär.

Men entek hiç haçan bu kitabyň aladasyny edişim ýaly, öz habarlarymyň aladasyny etmändim, sebäbi bu kitabyň hakykaty ýüregimiň jümmüşine çenli täsir etdi. Bu proýekt özüniň Awtorynyň Kimdigine has gowy düşünmäge mümkinçilik berdi. Men bary-ýogy Rebbiň Öz habaryny nämedir bir zadyň üsti bilen berýän gabydyryn. Bu kitabyň üsti bilen edýän zatlary üçin men bütin şöhraty Oňa aýdýaryn. Goý, bu kitap siziň durmuşyňyzda-da mukaddes ody ýaksyn, goý, siz hem indi hiç haçan öňkiňiz ýaly bolmaň. Syýahatymyz başlanmazyndan öň, geliň, doga-dileg edeliň:

> Atam, bu kitaby okaýarkam, Öz Ruhuň arkaly meniň bilen Özüň gürleşmegiňi Senden Isanyň ady bilen soraýaryn. Men hakykatdan gorkmaýaryn. Men ony bilmek isleýärin. Men ony kabul edenimde, goý, Seniň oduň meniň ýüregimi ýaksyn. Seniň gowy görýän zadyňy gowy görüp we ýigrenýän zadyňy ýigrenip bilerim ýaly, goý, hakykatyň güýji meni ýuwutsyn. Ony okaýan wagtymda, Isany ozal hiç haçan görüp bilmeýşim ýaly görüp bilmegim üçin, meniň gözlerimi aç. Onuň Hudaýyň aýan eden Sözüdigini we Hakykatydygyny men ykrar edýärin. Bu kitapdaky habaryň arkaly durmuşyma geljek üýtgeşme üçin öňünden minnetdarlyk bildirýärin. Omyn.

1-NJI BAP

# ÝATDAN ÇYKMAJAK AGŞAM

***Hudaý Öz halkynda biziň entek görmedik güýçli, otly yhlasy oýarar.***

Bu Feýetwill şäherinde, Demirgazyk Karolinada, «Söýgi ähtiniň Ýygnagynda» geçirilen dört ýygnanyşygyň iň soňkusydy. Maňa öňem ol ýerde bolup, ýygnanyşyk geçirmek miýesser edipdi.

Imanlylaryň ýüreklerinden teşneligiň çykýandygy we Hudaýa bolan söýgüsiniň bardygy sebäpli ol ýerdäki ýygnanyşyklar ajaýyp miwesini getirýärdi.

Eýýäm giç bolupdy, ýygnanyşyk bireýýäm tamamlanmalydy.

Şeýle-de bolsa, men adamlary goýbermek islemedim: mende nähilidir bir göreş gidýärdi. Men wagzymy aýdyň hem az sözlülik bilen beýan edýärdim, diňleýjiler ony ruhubelentlik bilen kabul edýärdiler. Ýöne tamam edilmediklik duýgy meni terk etmeýärdi. Adatça gullugymy, aýratynam şunuň ýaly açyk ýygnakda, wezipämi ýerine ýetirendigimi duýma duýgusy bilen tamamlaýardym. Şol agşam hemme zat başgaça boldy.

Şol göreşiň üstesine-de, Mukaddes Ruhuň maňa Feýetwille

gelýärkäm uçarda: «Bu ýygnanyşyklar seniň bu ýygnakda geçiren ýygnaklaryň hemmesinden iň güýçlüsi bolar» – diýip pyşyrdap aýdan sözleri ýadymdan çykmaýardy.

Özümiň gulluk eden ýyllarymyň dowamynda men bu ýygnakda ýedi ýa-da sekiz gezek bolup gördüm, şeýle-de bolsa, öňde duran gullugymy iň ähmiýetli hem öwrülişikli gulluklaryň sanawyna şübhelenmän goşup bilerdim. Uçaryň içinde: *«Bu köp zady aňladýar»* diýip pikir edenim ýadymdady.

Wagyz edýän wagtymda men özümiň petige diränimi duýdum. Ýygnanyşyklar meniň tama edişim ýaly güýçli däl bolup çykdy. Men olary bu ýygnakdaky öňki ýygnanyşyklarda bolup geçen ähmiýetli işler we şaýatlyklar bilen deňeşdirmän bilmedim. Men öz içimde nägilelige ýol berme islegi bilen göreşdim, şeýle-de bolsa, özümiň gullugymda ünsi jemlemelidigimi bilýärdim. Şol pursatda men Hudaýyň goldawyna çykgynsyz ýagdaýda mätäç boldum.

Göwnüme bolmasa, Hudaýyň barlygy ýanjagazymdady we ine diýmän, bar güýji hem kuwwaty bilen ýygnagyň üstüne injek ýaly bolup durdy, emma oňa nämedir bir zat päsgel berýärdi. Zalyň içinde kä ol ýerde, kä bu ýerde Hudaýyň barlygyny duýany sebäpli aglap başlan adamlaryň toparlary peýda boldy, ýöne men Onuň bizden has ulurak bir zada garaşýanyny duýdum. Geçen agşamlardaky atmosferanyň üýtgewsizligine galandygyna garamazdan, öňler bolşy ýaly, Rebbiň bu ýygnanyşykda bize Özüniň täzeleýji barlygyny berjekdigine men ynanýardym. Bu soňky ýygnanyşykdy, basga meýilleşdirilmändi. Men özümden: «Hudaýyň bu adamlaryň üstlerine inmek isleýändigini duýýan bolsam-da, Ol näme üçin inmeýärkä?» - diýip soradym.

## UGRY KESGITLÄN AÝANLYK

Soň men asuda hem ýuwaşja bir ses eşitdim – Mukaddes Ruh meniň bilen gürleşdi. Ol maňa bu şäherdäki ýygnaklaryň

hemmesini saklaýan haýsydyr bir päsgelçiligi görkezdi, şol päsgelçilik hem, ýygnanyşyga täsirini ýetirýärdi. Şol zat ýygnaklar belli bir etapa ýetende, onuň ösüşini saklaýardy ýa-da şol etapdan soň ýygnaklar ýa bölünýärdi, ýa-da dini hem miwesiz ýygnak bolýardy.

Men özüme berlen aýanlygy ýygnak bilen paýlaşanymda, ýygnagyň ruhy çopany ýerinden derrew turdy-da, meniň sözlerimi tassyklady. Ol ýaňy-ýakynda öz şäheriniň häzirki wagtyny we geçmişini öwrenipdir, şonuň üçin meniň sözlerimi statistika bilen goldady. Ol gürläp durka, men ýene Mukaddes Ruhuň sesini eşitdim. Ol maňa şol päsgelçiligi aradan nädip aýryp boljakdygyny görkezdi. Ruhy çopan sözüni tamamlanyndan soň, mikrofony ýene maňa berdi, soň men: «Söýgüli doganlar, şol päsgelçiligi kyrk günlük agyz beklemäniň kömegi bilen ýok edip boljakdygyny Hudaý maňa görkezdi» - diýdim.

Men ol ýere ýygnananlaryň her biriniň: *«Kyrk günläp iýmitsiz ýörmelimi?!»* - diýýänini eşitdim diýen ýaly.

Men sözümi dowam etdirip: «Bu agyz beklemeklik iýmitden saklanma bilen baglanyşykly däl, has takygy, hiç kim aç ýörmeli bolmaýar. Ol size Rebbi gözlemäge päsgel berýän zatlardan saklanmagy göz öňünde tutýar. Ol telewizor, wideo, kompýuter oýunlary, gazetler, dükanlara aýlanyp ýörmeklik, telefonda uzak wagtlap gürleşmeklik we ş.m. bolup biler» - diýdim.

Bu hakyky agyz beklemedir. Biz juda ýygy-ýygydan özümize açlyk yglan edýäris, emma şol bir wagtyň özünde-de, ähli endiklerimizi dowam edip, adaty durmuşymyzda ýaşamagy dowam etdirýäris. Muňa «agyz beklemek» diýip bolmaýar. Ine, näme üçin biz şunuň ýaly az hasyl ýygnaýan ekenik. Hakyky agyz beklemek ünsi Hudaýda jemleme maksady bilen bir zatdan saklanmakda jemlenendir.

Ysraýyl halky hem iýmitden saklanýardy, soň hem Rebden:

«Biz agyz bekleýäris, Sen näme üçin görmeýärsiň? Ýüreklerimizi tabyn edýäris, Sen näme üçin bilmeýärsiň?» - diýip sorady.

Hudaý olara Işaýa pygamberiň üsti bilen jogap berdi:

> «Ine, siz agyz beklän günüňizde öz isläniňizi edýärsiňiz, işçileriňizi agyr işledýärsiňiz. Ine, siz dawa, jenjel üçin, rehimsizlik bilen başgalary ýumruklamak üçin agyz bekleýärsiňiz. Bu günki ýaly agyz bekleýşiňiz bilen ýokarda sesiňizi eşitdirmersiňiz» (Işaýa 58:3, 4).

Men mikrofony ruhy çopana gaýtaryp berdim. Ol şobada özüniň şeýle agyz beklejekdigini yglan etdi we ýygnaga-da şeýle etme haýyşy bilen ýüzlendi. Hemmeler Hudaýy bile gözlemäge razy boldular.

Ertesi gün agyz beklemegiň gutarýan wagtyndaky ýekşenbäniň meniň iş rejämde boş ekendigini bildim. Men muny ruhy çopana aýtdym, ol hem: «Eger sen biziň ýygnagymyza gelseň, men örän şat bolardym» – diýdi.

Indiki hepdeleriň dowamynda biz aragatnaşyk saklamagy bes etdirmedik. Agyz beklän maşgalalardan tolgundyryjy şaýatlyklar eýýäm gelip başlady. Ozal mekdepde zordan ýetişip, 2-lik hem 3-lük alyp ýören okuwçylar 4-lük, 5-lik alyp başlapdylar. Ýetginjekleriň özlerini alyp baryşlary eslije gowulaşypdyr, olar ululary köpräk sylap başlapdyrlar. Dünýewi endikler hem işler olara täsir ýetirme güýjüni ýitiripdir. Aýallar ärleriniň doly üýtgändiklerini buýsanma bilen gürrüň berdiler.

Atalar maşgalalarynda Mukaddes Kitaby öwrenmek boýunça sapaklar geçip we bile doga-dileg edip başladylar. Gatnaşyklar gowulaşyp başlady. Mundan başga-da, käbirleri fiziki şypalary hem aldylar. Adamlar Hudaýa tarap ymtylyp başlanlarynda, maşgalalarda-da üýtgeşmeler bolup başlady.

Ýygnakdaky ýygnanyşyklaryň gitdigiçe güýçlenýänini, her

ýygnanyşykda birnäçe adamyň halas bolandygyny men ruhy çopandan bildim. Ýygnagyň Hudaýdan gelen söze şeýle tabyn bolmagynyň netijesinde onuň agzalarynyň durmuşynyň ähli ulgamlarynda položitel üýtgeşmeler bolup geçdi.

## MENIŇ HIÇ HAÇAN ÝATDAN ÇYKARMAJAK GÜNÜM

Üç hepde geçenden soň, 1996-njy ýylyň 3-nji noýabrynda, men bu ýygnakda ýene ýygnanyşyk geçirdim. Bu güni men hiç haçan ýatdan çykarmaryn. Men irki ýygnanyşyk başlanmazynyň öň ýanynda ýygnak binasyna giren badyma, onuň içindäki atmosferanyň bir zada garaşmadan doludygyny duýdum. Imanlylaryň ýürekleri meniň wagzyma doly açykdy.

Irki ýygnanyşygyň ahyrynda ruhy çopan, ýüreklerini Hudaýa doga etmeklige taýýarlamak üçin, ýygnak agzalaryny agşamky ýygnanyşyga irräk gelmeklige çagyrdy. Mundan başga-da, ol ene-atalara çagalar ýygnanyşygynyň hem umumy ýygnak bilen geçiriljekdigini duýdurdy. Ol alty ýaşly çagalar toparyndan başga, ähli ýaşdaky toparlaryň hemmesiniň şol ýere ýygnanyşmagyny isledi. Ol entek hiç haçan munuň ýaly zady etmändi. Ol hatda: «Eger özüňiz ýa-da çagalaryňyz bu ýygnanyşygy sypdyraýsaňyz, onda galan ömrüňiziň dowamynda ökünip ýörersiňiz» – diýip gorkuzdy. Onuň sözleri meni juda haýran galdyrdy, hatda birneme alada hem goýdy, şeýle-de bolsa, men dymma kararyna geldim. Indi şeýle edendigime ökünemok.

Şol agşam zalda 1300-e golaý adam ýygnandy. Men Rebden gorkmak hakda wagyz etdim, wagyz agşam dokuz töwerekleri gutarmalydy. Men gürlän wagtymda, zalda köp çagalaryň hem bolandygyna garamazdan, haýran galdyryjy ümsümlik höküm sürdi.

Wagyz gutaranyndan soň, aýdym aýdýan toparyň lideri bilen

men şöhratlandyrma aýdymlarynda ýygnaga ýolbaşçylyk etdik. Şol wagt men Mukaddes Ruhuň: «Men bu adamlara gulluk etmek isleýärin. Haýyş edýärin, şeýle etmäge Maňa rugsat et» - diýen sesini eşitdim.

Biziň şöhratlandyrma aýdymlaryny aýdýandygymyza garamazdan, Onuň bizden başga bir zat isleýändigine men düşündim. Men ýygnagy saklap: «Reb şu wagtjyk meniň ýüregime gürledi. Ol bize gulluk etmek isleýär, şonuň üçin, geliň, ümsüm bolalyň-da, Onda ünsümizi jemläliň» - diýdim.

Indiki on minudyň, ýa-da şoňa golaý wagtyň dowamynda, kä ol ýerde, käte bu ýerde adamlaryň Hudaýyň barlygynda horkuldaýandyklary eşidilip başlady. Daşky alamatlaryň hemmesi boýunça bu ýygnanyşyk alty hepde mundan öň bolan ýygnanyşyklara meňzeýän ýalydy, şeýle-de bolsa, men göze ilmeýän bir tapawudyň bardygyny duýdum we mundan soňky boljak wakalara garaşdym.

9.15 töwerekleri ümsümlik atmosferasy birden üýtgedi. Yzky hatarlarda men birnäçe inçejik sesiň aglaýanyny eşitdim.

Muny bilmek kyn däldi — sesler çagalaryňkydy. Zalyň meniň sag tarapymdaky yzky hatarlarynda 7 – 12 ýaş aralygyndaky 150-ä golaý çaga mugallymlary bilen bile otyrdylar. Hudaýyň olaryň üstlerine inip başlanyna men düşündim. Men: «Çagalar, Hudaý siziň üstüňize inýär. Ol kimiň üstüne inen bolsa, şol çagalaryň sahna çykmaklaryny isleýärin» - diýip, men olary öňe çagyrdym.

Men şonda gören zadymy hiç haçan ýatdan çykarmaryn. Siziň men çişirip aýdýandyryn diýip pikir etmegiňiz mümkin, ýöne muny men bilen ýene 1200 şaýat görmedik bolsa, onda siziň bilen ylalaşardym. Dogrymy aýtsam, Hudaýyň şol agşam görkezen ajaýyplygyny doly görnüşinde suratlandyrmagy başarjagyma şübheleným, ýöne barybir suratlandyrmaga synanyşjak. Ilki bilen bu ýygnagyň konserwatiw ýygnaklar

derejesine degişlidigini bellemek isleýärin. Onuň agzalarynyň köpüsi emosiýalaryňy açyk görkezmek bolmaýan denominasiýalaryň düýp wekilleridi ýa-da dünýäde terbiýelenen we gutulyşy hut şu ýygnakda kabul eden adamlardy. Olaryň ruhy çopany – örän gowy mugallym bolup, ol soňky derejä ýetegen adam däl we artykmaç emosiýaly ýa-da başagaý bolmadan gaça durýar.

Men aglaba bölegi ýedi ýaşdan dokuz ýaşa çenli bolan çagalary synlap başladym. Olar öňe meniň ýanyma möňňürip aglap geldiler, olaryň köpüsi ýüzlerini elleri bilen ýapdylar, käbirleri bolsa, aýaklarynyň üstünde zordan durýardylar. Käbirleri platforma ýetenlerinde dyza çökdüler, sebäbi aýak üstünde durmaga olaryň güýçleri ýetmeýärdi, ýöne köpüsi, edil badak atylan ýaly bolup, ýüzin ýykyldylar. Olar çem gelen ýerlere, köplenç hem, biri-biriniň üstlerine ýykyldylar. Gözleri ýaşdan ýaňa myžžyk bolup duran guramaçylar olara kömek etmäge synanyşdylar. Bir ýa-da iki minut geçenden soň ýüzlerçe çagalaryň horkuldap ýa-da gygyryp aglaşýanlaryny gördüm, onda-da olaryň köpüsiniň bedenleri, edil janhowly ýagdaýdaky ýaly bolup titreýärdi. Olar Hudaýyň barlygyna doly gurşalypdylar.

Beýle ýagdaý iki ýa-da üç minut däl-de, bir sagatdan-da köpräk dowam etdi! Çaga sesleriniň we yňňyldylarynyň beýle uzak dowam etmegi diňe gaharyňy getirer diýip, käbir okyjylaryň pikir etmekleri mümkin, ýöne olar ýalňyşýarlar: bolup geçen zat töwerekdäkileriň ýüreklerinde gorky döretdi. Hudaýyň çagalarda nähili işi edýändigini gören uly adamlaryň köpüsi agladylar. Şol bir wagtyň özünde Hudaýyň güýçli barlygy olaryň özlerini-de doldurdy. Bolýan zatlaryň hemmesi Onuň barlygynyň biri-birinden kuwwatly bolup inýän äpet tolkunlaryna çalym edýärdi. Çagalar mundan artyk aglap, gygyryp ýa-da titräp bilmejek ýaly bolup görnende, indiki tolkun geldi-de, hemme zat öňküsinden-

de uly güýç bilen täzeden başlandy. Wagtal-wagtal Onuň barlygynyň agramy astynda meniň kelläm aşak egildi, men ony, hatda çalaja-da göterip bilmedim.

Men ýedi ýaşdan uly bolmadyk bir kiçijik gyzjagazy gördüm. Ol edil ellerine ot düşen ýaly bolup, ellerini şeýle gyşardýardy. Onuň gözýaşa ýuwlan ýüzi ýokary bakyp durdy, ol bir zatlar diýip gygyrýardy. Hudaýyň barlygy bu çagalarda şeýle güýçli duýulýardy welin, hatda başda olary hatara goýmaga synanyşan guramaçylar hem gyra çekildiler. Olar ýöne bir çagalaryň ýanlarynda durup synladylar we agladylar.

Uly adamlaryň käbirleri ýüzin – düýbünden hereketsiz bolup ýatdylar. Beýlekiler duran ýerlerinde, gözýaşdan ýaňa ümüzlenen gözleri bilen bolup geçýän zatlary sandyrama bilen synlaýardylar. Men birnäçe gezek yza seredenimde, ruhy çopany gördüm, ol elleri bilen ýüzüni ýapypdy, ol aglaýardy. Onuň aýaly bolsa, horuň durýan meýdançasynda, gözýaşa boglup ýatyrdy.

Birneme wagt geçenden soň ruhy çopan maňa hat ýazdy. Şol hatda ol şol agşam bolup geçen zatlaryň hemmesini özüçe suratlandyrypdyr. Onuň hasabaty köp zatda meniň şu wagtjyk gürrüň beren zatlarymy gaýtalaýan bolsa-da, munuň ýene bir şaýadyň garaýşy hökmünde wajypdygyny men duýýaryn.

> 1996-njy ýylyň 3-nji noýabry, ýekşenbe, men bu güni hiç haçan ýatdan çykarmaryn. Onuň Hudaýyň ýerde etmekçi bolýan zadynyň diňe öňden habar berilmesidigine men ynanýaryn. Agşamky ýygnanyşykda Jon Hudaýdan gorkma barada wagyz etdi, soň hem: «Biz Isa öz durmuşymyzyň ähli ulgamlaryň Rebbi bolmagyna rugsat etmelidiris, häzir bolsa biz Oňa öz Rebbimiz hökmünde doly tabyn bolmalydyrys» - diýip yglan etdi.
>
> Birazrak wagtlap biz sežde edip durduk, soň Jon: «Men bu ýerde Mukaddes Ruhuň hereket edýänini duýýaryn» - diýdi.

Şol pursatda men çagalaryň, ýaşlaryň, olaryň yzlaryndan hem, ulularyň aglap başlanyny duýdum. Ulular aglap hem möňňürip, sypanyň ýanyna gelip başladylar. Şonda Jon: «Hudaý çagalaryň üstlerine inýär, çagalar Rebbiň juda güýçli galtaşmasyny duýmalydyrlar» - diýdi. Mundan soň ol özlerinde Hudaýyň barlygyny duýan çagalaryň hemmesini öňe sahna çykmaga çagyrdy.

Men çagalaryň aglaşyp, sypa tarap ylgap gelýänlerini gördüm, olaryň arasynda meniňem üç oglum bilen gyzym hem bardy. Çagalaryň hemmesi dyza çöküp duruşlaryna ýa-da ýüzin ýatyşlaryna gygyryşýardylar we Isany çagyrýardylar. Käbirleri ellerini gyşardýardylar we edil Hudaýyň ody ýapyşan ýaly, ellerini silkeleýärdiler. Sypanyň ýanynda olar ýüzlerçe bolup üýşdüler, şol wagt Hudaýyň Ruhy tolkunlar kimin bolup, olaryň aralaryndan geçdi. Töweregindäkileriň hijisi iteklemedik we elini degirmedik bolsa-da, çagalaryň domino ýaly bolup, biri-biriniň üstlerine ýykylyşyna men seredip durdum. Tutuş bir ýarym sagatlap (eger has takyk aýtsak, onda bir sagat on bäş minut, ýöne men onuň ýazanlaryny üýtgetmedim), biz Hudaýyň barlygyna gurşalyp durduk. Ýygnanyşyk tamamlanmazyndan öň çagalar hem ene-atalar biri-birlerini gujakladylar we agladylar: Hudaý olaryň ýüreklerini birikdirdi.

On ýaşyndaky bir oglan poluň üstünde ýatyrka, ol ýerdäkileriň hemmesiniň üstlerine düşüp duran göz gamaşdyryjy ak şöhleleri görendigini gürrüň berdi. Zaldaky uly adamlaryň we hordaky adamlaryň käbirleri hem, edil şuny gürrüň berdiler. Ýygnanyşyk agşam sagat on birde gutardy, ýöne hiç kim mundan öň gitmedi. Çagalary alyp gidenlerinde, olar entegem aglaýardylar.

Men entegem özgeren maşgalalar baradaky şaýatlyklary

alýaryn: çagalar şaýatlyk edýärler we diýen edýärler we ş.m. Ruhy çopan hökmünde men öz öýümiň we çagalarymyň doly üýtgändiklerini aýdyp biljek.

Doktor El Braýs,
uly ruhy çopan «Söýgi ähtiniň Ýygnagy»,
Feýetwill şäheri,
Demirgazyk Karolina.

Ýokardan düşýän göz gamaşdyryjy ýagtynyň ak şöhlelerini gören oglanyň gürrüň beren zatlary meniň ünsümi özüne çekdi. Habakuk pygamberiň kitabynda şeýle ýazylan:

> Ýa Reb! Seniň sesiňi eşitdim we gorkdum. Öz işleriňi ýyllar içinde et, ýyllar içinde görkez, gaharlykaň rehimi ýadyňa sal. Hudaý Teýmandan we Mukaddes Parandan geler. Onuň şany gökleri örtdi we ýer Onuň şöhratyndan doldy. Onuň öwüşgini Günüň nury kimindir, elleri şöhle saçýandyr, bu ýerde Onuň güýjüniň syry bardyr! (Habakuk 3:2-4)

Şol oglanyň Habakugyň gadym zamanlarda şoňa meňzeş zady ýazandygyny bilmeýändigine men aňry ýany bilen ynanýaryn. Ýowel pygamberiň: «... oguldyr gyzlaryňyz pybamberlik ederler... ýigitleriňiz görnüşler görerler» (Ýowel 2:28) – diýip aýdan zatlaryny gözlerimiz bilen gördük. Şol on ýaşlyja oglanjyk, Mukaddes Kitapda eýýäm aýdylan zat barada hiç zat bilmeýän bolsa-da, ol hakda gürrüň berdi.

Başga bir oglanjyk: «Eje, agyz beklemek entek gutarmady» - diýip, hyjuw bilen aýtdy. Onuň sözleri diňe bir welilik ediji sözler bolman, eýsem şol ýerdäkileriň köpüsiniň isleglerini hem beýan etdi. Bu çagalar diri Hudaýyň barlygyny duýdular, şeýdip, olaryň durmuşlary doly üýtgedi. Olar şu ýagdaýda bolmagy mundan

beýläk-de dowam etdirmek islediler we ýetilen derejede saklanyp galmazlygy hem maksat edindiler.

Şol agşam, birneme soňrak, ruhy çopanyň aýaly biz bilen Mukaddes Ýazgynyň bir ýerini paýlaşdy. Ony oňa ýygnanyşykda bolup geçen zatlary düşündirmek üçin Hudaý açyp görkezipdi:

Reb şu wagt şuny aýdýar:

> «Agyz bekläp, aglap, ýas tutup, [päsgelçilikleriň hemmesi ýok bolýança we bozulan gatnaşyklar dikeldilýänçä] tutuş ýüregiňiz bilen Maňa tarap öwrüliň. Eşikleriňize derek ýürekleriňizi parçalaň». *(Ýowel 2:12, 13), Mukaddes Kitabyň giňeldilen terjimesi*

Ol bu aýatlary okaýan wagtynda, içimde ýüregim ýandy. «Maňa tarap öwrüliň» jümlesi bütin ýygnagyň etmekçi bolýan zadyny takyk suratlandyrdy. Adamlar Onuň ýüregini gözläp başladylar. Olar indi yza çekilmeýärler.

Hudaý bizi eşiklerimizi däl-de, ýüreklerimizi parçalamaga çagyrdy. Men eýýäm daşky alamatlary boýunça hemme zady ýerbe-ýer ýaly bolup görünýän, şeýle-de bolsa, bu ýygnak ýaly, entegem Hudaýyň ýüregine ýetip bilmedik ençe ýygnaklary we imanlylary görüpdim.

Munuň sebäbi nämede? Agyz bekläp, ýygnakda dilegler etme ýygnanyşyklaryny geçirip, dünýewi endiklerden saklanyp, daşky taýdan takwa görnüşe girip bolar, emma öz üstümize agraslyk “donuny” geýen ýaly etsek-de, barybir bu zatlaryň aşagynda tabyn bolmazak ýüregi gizläp bolýar. Şonuň ýaly adamlar barybir öz ýakynlaryna gulluk etmän, öz meýilleri boýunça ýaşap ýörýärler. Hudaýa mesihiligi daşymyzdan görkezenimiz däl-de, içki tabynlygymyz köpräk ýaraýar. Mundan soň Ýowel şeýle ýazýar:

> Sionda surnaý çalyň, agyz bekleme wagtyny belläň we dabaraly ýygnagy yglan ediň. Halky ýygnaň, maslahat çagyryň, ýaşululary çagyryň, ýetginjekleri we emýän bäbekleri ýygnaň; goý, öýlenýän ýigit otagyndan, gelin öz jaýyndan çyksyn (Ýowel 2:15, 16)

Ruhy çopanyň aýaly okamagy dowam etdirdigiçe-de, ýüregimdäki alaw barha ýaýrady. Hudaýyň bu ýygnaga bary-ýogy kyrk günüň dowamynda etmegi buýruk beren zady Mukaddes Ýazgyda jikme-jik ýazylypdy. Pygamberlik sözi birkemsiz – kiçisinden ulusyna çenli, liderlerden çagalara çenli – ölçerilip dökülende, olar Hudaýa ýüzlenmäge we Ony gözlemäge borçly boldular. Ol okamagy dowam etdirdi:

> Şondan soň Men her bir ynsan üstüne Öz Ruhumy dökerin. Pygamberlik eder oguldyr gyzlaryňyz, düýşler görer garrylaryňyz, aýanlyk alar ýigitleriňiz. Şol günlerde, hatda gullardyr gyrnaklaryň üstüne-de, Öz Ruhumy dökerin. (Ýowel 2:28, 29)

«Şondan soň» — bu sözleri men ömrümiň dowamynda az eşitmedim. Gökden dogulmany alalym bäri, köp gullukçylaryň, şeýle hem, ýönekeý imanlylaryň Ýoweliň sözlerini (Ýowel 2:28-29) ulanýanlaryny köp gördüm. Bu aýatlarda, Mukaddes Ruhuň beýik gudratlary hem alamatlary bilen, ogullaryň hem gyzlaryň pygamberlik edişleri we görnüşler görüşleri hakda gürrüň gidýär, emma köplenç wagyzlarda we çekişmelerde «şondan soň» diýen söz göze ilmän galýar. Ýöne, eger pygamberlikde boljak bir zat hakda gürrüň edilýän bolsa, onda şoňa çenli wajyp bir zat bolan bolmaly, has takygy, ýygnagyň Hudaýyň ýakynlaşmasynda jemlenen surnaý sesine beren jogaby bolmalydy.

Biz Özüne golaýlaşanymyzda Reb örän güýçli jogap berýär.

Ol bizi çagyranynda, biz Oňa golaýlaşmalydyrys. Ähmiýeti az bolmadyk başga bir zat – wagtyň çägini kesgitlemekdir. Bu köp mesihilere ýetmezçilik edýän zatdyr. Bu kitaby okanyňyzda, mesihiler Rebbiň ýanyna dogada islendik wagt gelip, Onuň bilen gürleşip bilseler-de, Onuň bizi aýratyn maksatlar üçin çagyrýan pursatlarynyň we tutuş bir wagt böleginiň bolýandygyna düşünjekdigiňize men ynanýaryn. Hut şonda wagtyň çägini kesgitlemek has wajyp bolup durýar, sebäbi biz bellenilen wagtda jogap bermesek, onda Onuň özümize bermek isleýän ak patasyny deňimizden geçirýäris.

Bu wagtda üns ilki bilen tabyn bolmakda jemlenilmelidir, özümiziň şahsy isleglerimiz bilen arzuwlarymyz ikinji derejä geçmelidir. Hudaý bizdäki tabynlygy gurbanlygymyzdan has gowy görýändir. Özleriniň doga-dileg etmekdäki ýetmeziniň üstüni ýetirmek üçin gije-gündiziň dowamynda 24 sagatlap yzygiderli doga edýän ýygnaklary gördüm, onuň agzalary bolsa, munuň üçin ukusyny pida edýärler. Şeýle-de bolsa, bu Hudaýyň olara Öz güýjüni hem barlygyny görkezjekdigine kepil geçmeýär. Şol ýygnaklara meniň şu bapda gürrüň beren ýygnagymda bar bolan bolçulygyň ýetmezçilik edýänini men juda köp gördüm. Şol ýygnaklarda daşky görnüş bar, emma janly ýürek ýok.

Käbir imanlylar babatda hem, edil şonuň ýaly zatlary aýdyp bolar. Agyz bekläp, dindarlyk bilen Hudaýa doga edýänleriň köpüsine azatlygyň, güýjüň we Hudaý bilen tanyşlygyň, ýagny şeýle köp pida etmeseler-de, Hudaýyň Ruhunyň ugrukdyrmasyna tabynlyk bilen seslenýän imanlylarda görýän tanyşlygymyň barybir ýetmezçilik edýänini gördüm.

Şondan soň Faýetwildäki ýygnak Hudaýyň çagyryjy sesine ünsli boldy. Bir ýarym ýyl geçenden soň ol iki esse ulaldy. Ýogsa-da meniň şol ýygnanyşygy geçiren zalym ýaňy ulaldylypdy, ýöne bary-ýogy ýarym ýyl geçenden soň olar has uly mukaddes ýeriň

gurluşygyna başlamaly boldular.

Şondan soňky aýlaryň dowamynda ruhy çopan bilen biz ýygy-ýygydan jaňlaşdyk. Ol: «Jon, biziň ertir onda başlanýan ikinji ýygnanyşygymyz indi öýlän sagat iki-üçe çenli dowam edýär» - diýdi. Ýekşenbe günleriniň birinde ol maňa jaň edip, ýygnaga, hatda öýli-öýüne dargamagy haýyş edip ýüzlenmeli bolandygyny, ýöne hiç kimiň ýerinden hem gymyldamandygyny – hiç kimiň gitmek islemändigini aýtdy.

Hudaý Öz sözünde durdy. Şol ýygnanyşyklar biziň bütin ömrümize gören ýygnanyşyklarymyzyň hemmesinden-de güýçli bolupdy. Özüniň Ruhy bilen biziň ikitaraplaýyn gatnaşygymyz we Onuň ugrukdyrmasyna tabyn bolmagymyz arkaly Hudaý meýilleşdiren zadyny etdi. Ondan bäri eýýäm üç ýyl geçdi, ýöne ruhy çopan entegem şol ýygnakdan şaýatlyklar alýar. Onuň miweleri ýene galypdy. Şondan soň men ol ýerde ýene birnäçe ýygnanyşygy geçirenimde, yhlasyň we Hudaýa bolan hakyky teşneligiň diňe artýanyny gördüm.

## GELJEGI ÖŇÜNDEN DUÝMAK

Bir ýyl mundan ozal men Kuala-Lumpurda, Malaýziýada, boldum-da, bir hepdäniň dowamynda ýurtdaky iň uly Mukaddes Kitap mekdebinde hyzmat etdim. Hasap boýunça sekizinji ýygnanyşykda hemmeler meniň ýokarda gürrüň beren zadyma örän meňzeş bolan duýgyny duýdular, ýöne ol ýagdaý bary-ýogy bäş ýa-da on minut dowam etdi. Hudaýyň Ruhy talyplaryň we zaldakylaryň köpüsiniň üstlerine indi. Bu meniň ýadymda hemişelik galjak ýygnanyşyklaryň ýene biri boldy. Ertesi gün irden doga edenimde Hudaý: «Sen düýnki gören zadyňy soňrak bütin dünýäde görersiň, sebäbi bu Meniň Ruhumyň Ýygnakda etjek soňky hereketleriniň biridir» - diýdi. Ol maňa Mukaddes Ruhuň şol hereketiniň Ýygnakda hakyky mukaddeslik miwesini

öndürişini we ony hasyl ýygymyna taýýarlaýşyny görkezdi. Hudaý Öz halkynda biziň entek görüp-eşitmedik güýçli, alawly yhlasy oýandyrar.

Bu kitabyň siziň eliňize tötänden düşmändigine men ynanýaryn. Ol Hudaýyň öňdengörüjiligi bilen sizde açlyk döreder we ýürekleriňizi Hudaýyň edip başlajak zadyna taýýarlar. Biz Onuň ikinji gezek gelmegine taýýarlanmaga borçludyrys. Resul Ýohanna: «Geliň, begeneliň hem şatlanalyň! Ony şöhratlandyralyň! Çünki Guzynyň toýy başlanýar, Onuň gelinligi hem taýýar bolup dur» (Aýanlyk 19:7) – diýip ýazypdyr.

Biz Mesihiň şol gelnidiris, hut şonuň üçin hem, Onuň bilen birikmäge taýýarlanmakdaky baş rol bize niýetlenilen. Men siziň ünsüňizi bu pikire ýene bir gezek çekmek isleýärin: biz özümizi taýýarlamalydyrys. Hudaý bilen birikmeklik şunda jemlenilendir.

Ol muny biziň ýerimize etmeýär! Bu Onuň taýýarlanmasyna biziň berýän jogabymyzdyr. Ol bize merhemet berýär, biz bolsa, alawy kabul edýäris. Ol bu dünýä tarapyndan tegmillenen we zaýalanan ýygnagyň yzyndan gelmeýär. Ol päk, ýüreginde hakyky mukaddeslik alawy ýalynlaýan gelniň yzyndan gelýär.

2-NJI BAP

# HALAS BOLMANYŇ MAKSADY

***Älem-jahany we ondaky jany bolan zatlaryň hemmesini ýaradan Hudaý bizde we biziň aramyzda ýaşamak isleýär.***

Meniň ýokarky bapda gürrüň beren ýygnagymda bolşy ýaly, köpçülikleýin ýa-da şahsy taýdan Hudaýyň barlygyny duýuşlaryny gürrüň berenlerinde, liderleriň «*gelmek*» sözüni ulanýandyklaryny men köp eşitdim. Ýöne biziň bilen gatnaşygyndaky Hudaýyň islegi «*gelmek*» däl, sebäbi Ol bizde *mydama bolmaklygy* gözleýär.

Maňa tapawudy mysalda görkezmäge rugsat ediň: meniň goňşularym, gowy dostlarym bar. Men dürli sebäplere görä olara ýygy-ýygydan barýaryn we wagtymy olar bilen geçirýärin. Ýöne her gezek baranymdan soň, öýüme gaýdýaryn, sebäbi men öýümde ýaşaýaryn.

Indi, geliň, Rebbiň imanlylara beren wadalarynyň iň gowularynyň birini ýada salalyň.

> Men olaryň arasynda mesgen tutaryn we olaryň arasynda bolaryn. Men olaryň Hudaýy, olar hem Meniň halkym bolar (2 Korintoslylar 6:16).

Nähili täsin sözler! Älem-jahany we ondaky jany bolan zatlaryň hemmesini ýaradan Hudaý bizde we biziň aramyzda ýaşamak isleýär. Bu wada esaslanyp, Pawlus «biziň Mukaddes Ruhda Hudaýyň mesgeni bolmak üçin, bilelikde Mesihde bina edilýändigimizi» (Efesliler 2:22) ýazýar. Bu Onuň bize wada eden zadydyr. Ýöne Mukaddes Kitapdaky islendik wada käbir şertleri göz öňünde tutýar, eger şol şertler ýerine ýetirilmese, onda wada güýjüni ýitirýär, ýöne Hudaýyň däl-de, biziň wepasyzlygymyz sebäpli ýitirýär. Hudaý ýalan sözläp bilmeýär, emma adamyň özi Onuň sözüni äsgermän ýa-da ýoýmak bilen, onuň üstüne atanak çekip bilýär (Mark 7:13-e seret). Hudaýyň bizde we biziň aramyzda ýaşamak baradaky wadasy hem şu ýere girýär.

Pawlus dowam edýär:

> Reb şeýle diýýär: Munuň üçin olaryň arasyndan çykyň, olardan aýrylyň, haram zatlara el degirmäň, şonda Men sizi kabul ederin (2 Kointoslylar 6:17).

Munuň ýaly ýagdaýda şert biziň dünýewi ulgamy terk etmelidigimizde jemlenen. Eger şonuň ýaly etsek, onda bizi kabul etjekdigini Hudaý aýdýar. Näme üçin? Bu soraga jogap bermek üçin biz Hudaýyň päk nurdygyna we Onda hiç hili garaňkylygyň ýokdygyna düşünmegimiz gerek. Ýiti nuruň ýanynda garaňkylyk ýaşap bilmeýär.

Eger bu temany ýaýbaňlandyrsak, onda Hudaýyň nurunyň Onuň mukaddesdigi hakda gürrüň edýändigini görýäris. Mukaddes Kitapda Onuň mukaddeslige *eýedigi* hakda gürrüň edilmeýär, onda Onuň mukaddeslikdigi aýdylýar! (Lewiler 19:2)

Dünýewi ulgam – bu garaňkylykdyr, şoňa görä-de, garaňkylykda bolýanlar nurda bolup bilmeýärler.

Hudaý bize şeýle buýruk berýär: «Mukaddes bolmak üçin özüňizi tämizläp aýry saýyň, sebäbi siziň Hudaýyňyz Reb – Mendirin» (Lewiler 20:7). Özüňi tämizläp aýry saýmak – diýmek, bu dünýä bilen gatnaşyklardan ýüz öwürmekdir. Täze Ähtde resul Ýakup: «Eger maksadyňyz bu dünýäden lezzet almak bolsa, onda siz Hudaýyň dosty bolup bilmersiňiz» (Ýakup 4:4, NLT (New Living Translation) — Mukaddes Kitabyň iňlis diline edilen täze janly terjimesi. — *Terjimeçiniň belligi*) – diýip, aýdyň ýazýar. Başga bir terjimede bu has-da mese-mälim aýdylýar: «Dünýä bilen dostlugy saýlaýan her bir adam Hudaýyň duşmany bolýandyr» (NIV (New International Version) — Mukaddes Kitabyň iňlis diline edilen täze halkara terjimesi. — *Terjimeçiniň belligi*).

Petrus Hudaýyň Öz halkyny ýazyksyz görmek isleýändigini belleýär. Ol: «...sizi Çagyranyň mukaddes bolşy ýaly, ähli edim-gylymyňyzda mukaddes boluň. Sebäbi: “Mukaddes boluň, çünki Men mukaddesdirin” diýip ýazylgydyr» (1 Petrus 1:15, 16) – diýip ýazýar. Mukaddeslik – bu saýlap bolýan ýa-da saýlap bolmaýan zat däldir. Eger Özüniň şertini – özümizi dünýäniň ulgamyndan aýyrma şertini äsgermesek, onda Hudaý bizde ýaşamaýar. Mukaddes Kitabyň häzirki zaman terjimeleriniň birinde şeýle ýazylypdyr:

> Azgynlygy we eglişik etmegi bes ediň; muny hemişelik bes ediň – diýip, Reb aýdýar. – Özüňizi murdar etjekler bilen gatnaşmaň. Men siziň Meniňki bolmagyňyzy isleýärin. (2 Korintoslylar 6:17, Habar, Mukaddes Kitabyň iňlis diline edilen häzirki zaman terjimesi. — Terjimeçiniň belligi).

Hudaýyň – biziň Atamyz bolmak, bizde we biziň aramyzda ýaşamak wadalarynyň beýikligi, ýerine ýetirmegimiz üçin

öňümizde goýan şertleriniň wajyplygy hakda çynlakaý pikirlenmäge mejbur edýär. Bu wadalaryň ähmiýeti hakda pikirlenende, Pawlus şeýle ýazýar: «Eý, söýgüli doganlar, bu wadalarymyzyň barlygyna görä, her hili ten we ruh pisliginden tämizlenip, Hudaýdan gorkmakda mukaddesligi kämilleşdireliň» (2 Кor. 7:1).

Bu aýatlara şeýle köp many salnypdyr welin, olar hakda birgiden tomlary hem ýazyp bolardy. Ýöne imanlylaryň köpüsi olara doly düşünmeýärler, olaryň köpüsi kontekste düşünmeýändigi sebäpli, oňa asla akyl ýetirmeýärler. Pawlus Hudaýyň Köne Ähtdäki ysraýyl halkyna ýüzlenmesini getirýär. Şeýle etmek bilen ol Onuň Täze Ähtde hem biz babatdaky isleginiň üýtgemändigini belleýär. Hudaýyň aýdan sözleri, diňe şol wadalaryň öň ýanynda bolup geçen hakyky zatlary we wakalary görenimizde, olara düşünenimizde, içine salnan ruhy güýje eýe bolýar.

Geliň, bir filmi göz öňüne getireliň. Onda ssenarist, režissýor we aktýorlar gitdigiçe ýaýbaňlanýan we kulminasion sahna bilen hem tamamlanýan sýužeti ürç edip işläpdirler. Sizi şol sahna alyp barýan köp wakalar bolup geçýär. Dramaly gapma-garşylyklaryň hemmesiniň içinden geçeniňizden soň, onuň ahyrynda siz duýgulardan püre-pür bolýarsyňyz. Indi göz öňüne getirip görüň, siz şol sahnany görýärsiňiz, emma oňa çenli bolan zatlar hakda hiç zat bilmeýärsiňiz. Şonda onuň sizde, diňe bir güýçli duýgy däl, eýsem umuman bir duýgy döretjegi-de gümana.

Men ýetginjekkäm şoňa meňzeş bir waka bolup geçdi. Bir gezek men myhman otagymyza girenimde, ol ýerde ejem, kakam hem uýalarym haýsydyr bir filme seredip otyrdylar. Olar sýužetiň içine doly giripdiler, şonuň üçin olary ekranyň öňünden aýyrmak asla mümkin däldi. Meniň girenimi-de hiç kim bilmedi. Baş gahryman kulminasion sözler hökmünde atlandyryp boljak

sözleri aýdan pursatynda men ekrana seretdim. Meniň uýalarym horkuldap agladylar. Ýöne meniň üçin ol sözler hiç zadam aňlatmady. Men: *«Hawa, bu ýerde näme üýtgeşik zat bar?»* - diýip pikir etdim. Men ekranda bolup geçýän zatlara onçakly üns hem bermedim, emma beýlekileriň hemmesi baş gahrymanyň sözlerini ünsli diňleýärdiler, ol sözler hem olarda emosiýa tupanyny turuzdy.

Biziň ýagdaýymyzda hem şeýle ýörelge ulanylýar. Imanlylaryň köpüsi Hudaýyň Özüniň dili bilen aýdylan kulminasion sözlere çenli ýetýärler we Mukaddes Ýazgynyň şol ýerini okaýarlar, emma onuň wajyplygy olara baryp ýetmeýär, sebäbi olar ozal bolup geçen dramaly wakalara düşünmeýärler. Rebbiň sözleriniň hakyky ähmiýetine düşünmek üçin özümizi Onuň sözlerine alyp barýan öňdäki taryhyna ýa-da sýužetine düşünmelidiris. Bu birnäçe baby eýelär, şoňa görä-de, başlamazdan öňürti uzakdaky geçmişe, Müsürden çykyş kitabyna seredeliň.

## «BARYP GÖREÝIN»

Müsürden çykyş kitaby Ybraýymyň müsür gulçulygynda bolup ýören nesilleriniň durmuşyny suratlandyrmakdan başlanýar. Olar ýesirlikde dört ýüz ýylyň dowamynda boldular. Başda müsürliler olara hoşniýetlilik bilen garadylar, emma birnäçe wagt geçenden soň, ysraýyllar gullara öwrüldiler, müsürlileriň hoşniýetliligi bolsa, gorkunç zalymlyga öwrüldi.

Gelip çykyşy boýunça ýewreý bolan Musa ýowuz işlerden aman galýar, sebäbi ol entek bäbejikkä, faraonyň öýüne getirilýär-de, onuň gyzynyň elinde terbiýelenýär. Kyrk ýaşyndaka ol özüniň tiredeşleriniň tarapyny almaga synanyşany üçin, faraonyň gazabyndan gaçyp, başga ýurda gitmeli bolýar.

Ýene kyrk ýyl geçenden soň, Musa uzak çölde gaýynatasynyň mallaryny bakyp ýörkä, Oňa Hudaý görünýär. Bu Sinaý

dagynda, başgaça Horep hem diýilýän dagda, «Hudaýyň dagynda» bolup geçýär. Musa çalynyň ýanýanyny, emma ýanyp gutarmaýandygyny görende: «Bu geň zady ýakynrak baryp göreýin-le, näme üçin çaly otda ýanmaýarka?» (Müsürden çykyş 3:3, 4) – diýýär.

Musa diňe Hudaýyň barlygyna golaýlaşmak üçin ýoldan sowlanynda, olaryň arasynda gatnaşyklar peýda bolýar. Özi bilen gürleşmek üçin Musanyň şahsy işlerini we aladalaryny goýanyny görende, Hudaý ony çagyrdy we şondan soň Öz Sözi arkaly oňa Özüni aýan edip başlady. Eger Musa çalynyň ýanyndan perwaýsyzlyk bilen geçip giden bolsa, belki, Hudaý yza çekilerdi-de, oňa şondan soň ýekeje sözem aýtmazdy. Täze Ähtde biz «Hudaýa golaýlaşyň, şonda Ol hem size golaýlaşar» (Ýakup 4:8, Täze rusça terjimeden, mundan beýläk TRT) – diýýän ýatlamany görýäris.

Ilkinji ädimi kim ätmeli – Hudaýmy ýa-da biz? Hawa, Hudaý bizi çagyrýar, ýöne Ol bize golaýlaşyp, öňümizde açylyp biler ýaly, Oňa tarap ilkinji ädimi biz ätmelidiris. Bu kitabyň aýtjak bolýan esasy zady şunda jemlenendir. Aslynda durmuşumyzyň maksady şunda jemlenendir.

## AZAT ETMÄNIŇ MAKSADY

Hudaý Özüni Musa açdy we oňa Hudaýyň islegini ýerine ýetirmegi üçin faraonyň ýanyna gitmegi buýurdy: Hudaýyň halky Müsürden çykmalydyr. Müsür şasynyň tutanýerliligine we kuwwatlylygyna garamazdan, Reb gudratlar hem alamatlar görkezip, Özüniň kuwwatly eli bilen Ybraýymyň neslini azatlyga çykardy.

Ysraýylyň müsür gulçulygyndan azat bolmagy biziň Täze Ähtdäki günälerimizden azat bolmamyzyň keşbidir. Müsür – dünýewi ulgamynyň keşbidir, Ysraýyl – ýygnagyň keşbi.

Biz gökden doglanymyzda bu dünýäniň zalymlygyndan we ezýetinden azat bolduk.

Ysraýyllar azatlyk alanlaryndan soň, Musa olary nirä alyp gitdi? Ýygnanyşyk wagtynda men bu soragy berenimde, adamlar adatça: «Wada berlen ýurda» - diýip jogap berýärler.

Ýöne bu gaty bir beýle-de däl. Hudaý ony Horep ýa-da Sinaý dagyna alyp gitdi. Reb Musany: «Meniň halkymy goýber, goý, olar çölde Maňa ybadat etsinler» (Müsürde çykyş 7:16; 8:1, 20; 9:1, 13; 10:3) – diýmek üçin faraonyň ýanyna iberdi. Öňürti Hudaý bilen duşuşman Musa tiredeşlerini wada berlen ýurda äkidiberse bolmaýarmy? Reb beýle bolmagyny islemedi. Eger ysraýyllar ol ýere Hudaýyň aýanlygyny görmän gitseler, onda olar ol ýeri nobatdaky butparaz ýere öwrerdiler.

Ýygnakdaky soňky ýigrimi bäş ýylyň içinde halas bolan köp imanlylarda hut şeýle ýagdaý bolup geçdi. Rebbiň häsiýetini we tebigatyny öwrenmegiň deregine, adamlar Hudaýyň wadalary we ak patalary baradaky taglymatlar bilen gyzyklandylar. Munuň netijesinde imanlylar şöhratly Hudaýy tanamaga we Oňa gulluk etmäge ymtylmanyň ýerine, kämil gorag astyndaky has gowy durmuşy gözlemäge dyrjaşdylar. Köp gullukçylar mähelleleri özüne çekip biljek položitel habarlary yhlas bilen oýlap tapýarlar, ýöne bize mukaddes Hudaýy görmäge kömek etjek üýtgeşmeleri durmuşymyza getirmäge ukyply bolan güýçli paş ediji habarlaryň daşyndan aýlanyp geçýärler.

Sinaý dagynda Hudaý bilen bolan duşuşyk Musany üýtgetdi. Ol öz halkynyň hem şonuň ýaly zady başdan geçirmelidigine düşündi. Eger ol şonda ýanyp duran çalynyň ýanynda Reb bilen duşuşmadyk bolsa, onda öz halkyny halka degişli bolan ýere alyp gelmek üçin azat edijilikli işe başlardy. Ol ýaşlygynda hut şunuň ýaly etmäge synanyşypdy, munuň netijesinde hem, faraondan gaçyp gitmeli bolupdy.

Biziň günlerimizde, Hudaýyň aýanlygyndan däl-de, gullukçylaryň pähimlerinden syzyp çykýan gaýratly wagyzlary eşidýändikleri üçin halas bolýarlar. Eger biz durmuşymyz üçin çagyryş alybam, Rebbe bize Özüni görkezip biljek ýerine, ýagny Öz çölüniň uzak ýerlerine özümizi alyp barmagyna rugsat etmesek, onda adamlara diňe azatlyk üçin azatlyk berýäris. Bize bolsa, Ýaradyjymyz bilen gatnaşykda bolmaklary üçin, olary Onuň ýanyna getirme maksady bilen azat etmek wajypdyr.

Resullaryň işlerinde şeýle sözleri okaýarys:

> Musa müsürlileriň ähli bilimlerinden sapak berildi, ol sözlerinde, işlerinde güýçlüdi. Kyrk ýaşyna ýetenden soň, Musa doganlaryny, Ysraýyl ogullaryny sorap-idemegi ýüregine düwdi. Birine adalatsyzlyk edilenini görüp, oňa arka çykdy we ýaňky müsürlini öldürip, ezileniň aryny aldy. Musa öz eli bilen Hudaýyň gutulyş berýändigine doganlary düşüner öýdýärdi, ýöne olar muňa düşünmediler (Resullaryň işleri 7:22–25).

Musa adamlaryň ezýet çekýändiklerini gördi, şonuň üçin olaryň dertlerini ýeňletmekçi boldy. Ol özüniň Hudaýyň halkyny azat etmeklige çagyrylandygyny bilýärdi. Bu pikir onuň ýüregindedi, emma Hudaýyň aýan etmesi bolmasa, ol halka öňbaşçy bolmaga taýýar däldi. Dogry maksady bolmadyk liderlik liderligiň asla bolmazlygyndan has howply bolup biler. Musa maksady bar bolan liderdi, ýöne ol maksat doly däldi. Hudaýyň aýan etmesi bolmadyk ýagdaýynda ol halky, iň bolmanda, bolçulyk ýurduna alyp baryp bilerdi, ýöne azat etmäniň baş maksady – Hudaýy ýakyndan tanamaklyk – bir gyrada galardy. Ine, näme üçin Reb – içinde ýaşan dünýäsiniň täsirlerinden doly ýüregini täzeden dikeltmek üçin – ony uzaklara, çöle alyp giden eken. Ol çölde Hudaýyň aýan etmelerini höwes bilen

kabul ederdi. Bu taýýarlyk oňa: «Baryp göreýin...» - diýmäge mümkinçilik berdi. Biz bir zada düşünmelidiris: «gowy» bolan zatlaryň hemmesi çyn gullugyň ösmegine ýardam berip bilmeýär. Bir tarapdan, kyrk ýaşynda Musanyň öz halkyny azatlykda görmek islemegi gowy zat, emma başga bir tarapdan, bu entek çyn gulluk bolmaýardy. How enäni ýagşylygy hem ýamanlygy bilme agajynyň «erbet» tarapy däl-de, hut «gowy» tarapy özüne çekdi. Ol «... bu agajyň ... gowudygyny, göze ýakymlydygyny we onuň akyl-paýhas berýändigini görüp, ondan alyp iýende» (Gelip çykyş 3:6), Hudaýa meňzeş bolma islegini duýýar. Gowy hem Hudaýdan gelip çykýan ýaly bolup görünýän zatlar gaty kän, ýöne şeýle-de bolsa, olar Onuň häsiýetine we tebigatyna çapraz gelýän bolup çykýarlar. Diňe Hudaý bilen ýakyn gatnaşyklara ýetenimizde, nämäniň gowudygyny, nämäniň hem erbetdigini dogry saýgarmagy başararys.

## «MEN HEM SIZI ÝANYMA ŞEÝDIP ALYP GELDIM»

Çölde Hudaýa ybadat etmegi üçin Musa Hudaýyň halkyny Müsürden alyp çykdy, ýöne halk şobada Sinaý dagyna gitmedi. Ol ýere barýan ýol adatça on ýa-da on bir güni alýardy, emma ol ýere barmak üçin bu halka üç aý gerek boldy. Hudaý näme üçin beýle etdikä? Jogap ýönekeý: olaryň ýürekleri köşeşer ýaly we olar Hudaýdan gelen aýanlygy kabul edip biler ýaly, Ol olara wagt bermek isledi (hemme zat edil Musada bolşy ýaly gaýtalandy).

Ysraýyl ogullary Sinaýyň etegine baryp ýetenlerinde, Musa olary şol ýerde goýup, özi dagyň depesine, Hudaýyň barlygyna, gidýär. Soň Reb dagda oňa ýüzlenip: «Ýakubyň nesline şuny aýt we Ysraýyl ogullaryna şeýle diý...» (Müsürden çykyş 19:3) – diýýär.

Hudaýyň Musa aýdan zady hakda okamagy dowam etdirmezimizden öňürti, bu sözleriň kime niýetlenilendigine siziň

ünsüňizi çekmek isleýärin. Bu sözler diňe Harun we onuň ogullary ýa-da diňe Lewileriň ogullary üçin däldi. Hudaýyň sözleri bütin ysraýyl halkyna niýetlenilip aýdylypdy. Şol sözler ähli tirelerden bolanlaryň hemmesine we her birine, uludan kiçä, müsür gulçulygyndan azat bolanlaryň baryna degişlidi.

Ine, Hudaý soň näme diýdi: «Müsürlilere näme edendigimi siz gördüňiz, bürgüdiň öz çagasyny ganatynda göterip gelşi ýaly, Men hem sizi ýanyma şeýdip alyp geldim.» (Müsürden çykyş 19:4). «... Men hem sizi ýanyma şeýdip alyp geldim» diýen sözler siziň näme üçin ýaradylandygyňyzy düşündirýär! Hudaýyň sizi ýaratmagynyň we sizi halas etmek üçin tagalla baryny etmeginiň esasy maksady Onuň sizi Öz ýanyna getirmek isleýändiginde jemlenen eken!

Biz bu maksady adamzat ýaşaýşynyň ilki başynda görüp bilýäris. Näme üçin Hudaý ilkinji ynsany bagda ýerleşdirdi? Adam ata bütindünýä azat ediş gullugyna başlamak üçin ýaradylmady. Ol Erem bagynda köprüler we beýik jaýlary gurmak üçin ýerleşdirilmedi. Ýok, Reb Adam atany Özi, diri Hudaý bilen gatnaşykda bolmagy üçin şol bagda goýdy. Şol gatnaşygyň netijesinde beýik binalar ýa-da gulluklar emele gelip bilerdi, ýöne olar Rebbiň ynsany ýaratmak bilen öňünde goýan maksady däldi.

Ýokardan doglanymdan soňky ýedi ýylyň dowamynda men ýeterlik derejede uly bolan, şol bir ýygnaga gatnadym, soň hem onda işläp başladym. Ol ýygnakda Hudaýyň wadalary bilen ak patalary esasy özen bolup durýardy. Ol ýerde Hoş Habary wagyz etme gullugy örän ösendi, imanlylar Hoş Habary bütin dünýä ýetirmegi öňlerinde maksat edip goýýardylar, ýöne olaryň ýetirýän habary ünsi Hudaýy tanamagyň beýikligine garanda, Hudaýyň Patyşalygynyň artykmaçlyklarynda köpräk jemleýärdi. Biziň ýygnanyşyklarymyza bütin dünýäden adamlar gelýärdiler, sebäbi ýygnagymyz ýurduň çäklerinden daşlarda hem meşhurdy.

Liderleriň ähli adamlaryň halas bolanyny görmäge edýän yhlaslary ýokuşagandy. Ýygnagyň köp agzalarynyň ýüreklerinde gulluk etme alawy ýanýardy, şonuň üçin menem kadadan çykma däldim.

Bu ýygnakda bolan ýyllarymda her gün irden turýardym we işe gitmezimden öň, bir ýarym sagat dagy Hudaýa doga edýärdim. Men Hudaýdan ýitirilenleri we heläk bolup barýanlary halas etmek hem-de syrkawlaryň şypa almagy üçin özümi ulanmagyny soraýardym. Ýesirlere azatlygy bermegim üçin Onuň meni goýbermegini gygyryp soraýardym. Men günleriň birinde Onuň: «Jon, seniň dogalaryňda güýç ýok!» - diýen sesini eşidýänçäm diňe doga-dileg etdim.

Men: *«Ýok, bu Onuň sesi däl. Bu diňe duşmanyň sesidir»* - diýip pikir etdim. Şeýle-de bolsa, men näme üçindir munuň Rebbiň sesidigini bildim. Meniň pikirlerim bulaşdy: «Rebbim, Sen nädip maňa beýle diýip bilýärsiň? Men adamlaryň halas bolmaklary, şypa almaklary we azat bolmaklary üçin doga-dileg edýärin. Bu Seniň isleýän zadyň ahyry!» Ýöne Hudaý meniň sözlerimden aňyrlary görýärdi. Ol meniň Özüniň häsiýetine näderejede gowy düşünmeýändigimi, şeýle düşünjesiz, adamlary halas edäýen ýagdaýymda-da, etjek gullugymyň özümi we meni diňleýänleri nobatdaky butparazlyga, özem ýygnak diwarlarynyň içinde, alyp barjakdygyny görýärdi.

Ol maňa: «Jon, mesihiligiň maksady gulluk däl. Sen jynlary kowsaňam, syrkawlara şypa berseňem, adamlary halas etseňem, bu zatlaryň hemmesinden soň hem, barybir dowzaha düşüp bilýärsiň» - diýdi. Soň hem: «Ýudas, Meniň yzyma düşmek üçin, işini taşlady, ol syrkawlara şypa berdi, jynlary kowdy, ýöne dowzaha düşdi» - diýip, sözüniň üstüni ýetirdi. Onuň sözleri ýüregimden parran geçdi.

Güýçden dolan resullar Ýahuda ýaýrap gidip, syrkawlary bejerenlerinde, ölüleri direldenlerinde we jynlary kowanlarynda,

Ýudasyň hem olaryň arasynda bolandygyny ýada salmak gerek (Matta 10:1-18-e seret). Men derrew: «Beýle bolsa, mesihiligiň manysy nämede?» - diýip soradym. Jogap eglenmän geldi: «Meni ýakyndan tanamakda!». Şonda men Pawlusyň «Ony tanamak üçin» (Filipililer 3:8-10) hemme zady syr-süplük hasap edýänini aýdany ýadyma düşdi. Reb meniň ýüregime: «Şu ýakyn gatnaşyklardan hakyky gulluk ösüp çykýar» - diýip, çawuş çakdy. Danyýel pygamber: «emma öz Hudaýyna wepaly adamlar bolsa berk durup, hereket ederler» (Danyýel 11:32) – diýen sözler bilen muny tassyklapdyr.

Isa, eger kör köri itse, onda olaryň ikisiniň hem çukura düşjekdiklerini aýdýar (Matta 15:14-e seret). Bu ilki Rebbiň häsiýetini bilmän, adamlary azatlyga tarap alyp gitmek isleýänlere degişli. Pawlus hut şunuň üçin Özüni tanamagymyz üçin Hudaýyň ýüreklerimiziň gözlerini açmagy üçin gyzgyn doga-dileg edipdir (Efesliler 1:18-e seret). Biz hut Onuň nurunda nur görýäris (Zebur 35:10-a seret). Onuň aýan etmesi bolmasa biz kördüris.

Hudaý bilen ýakyn gatnaşyklara golaý gelmedik adamlar, gowy niýeti bilen ýagşy maksady bolsa-da, Hudaýyň aýan etmesi bolmasa, ahyr netijesinde, başgalary-da özleriniň düşýän çukuryna alyp gidýärler.

Bu meniň irki mesihilik ýyllarymda bolup geçipdi. Meniň gatnaýan ýygnagymyň ruhy çopany, ak pata Berýäne seredende, Hudaýyň Ähtiniň ak patalaryna köp üns berýärdi. Ol Mukaddes Kitap kanunlaryny diýseň ürç edip berjaý edýärdi, emma oňa Hudaýyň häsiýeti baradaky aýan etmeler ýetmezçilik edýärdi, şonuň üçin ol gitdigiçe örän erbet ýalňyşlyga ýakyn gelýärdi. Bir gezek ol ýygnagyň öňünde durup, özüne çagalar dogrup beren aýalyndan aýrylyşma kararyna gelendigini aýtdy. Ol, eger bu iş kimdir birine ýaramasa, onda şol adamyň özüne başga

ýygnak gözläp bilýändigini aýdyp, sözüniň üstüni ýetirdi. Soňrak ol ýaş, gujurly we şöhratparazlygy söýýän, ýygnagyň gullugyna gatnaşýan bir aýala öýlendi. Ol aýal bilen bolan gatnaşyklar ruhy çopan üçin diýseň gorkunç duzak bolup çykdy. Onuň ýygnagy birnäçe müňlüginden birnäçe ýüz agza çenli kemeldi, köp imanlylaryň durmuşy bozuldy, adamlar ýygnakdan hemişelik gitdiler. Ahyrsoňy ol ýene aýalyndan aýrylyşdy we ýygnak binasyny şäher häkimlerine satdy.

Musa öz durmuşyny nämäniň üýtgedenini bilýärdi – ony Hudaý bilen bolan janly duşuşyk hem-de Onuň bilen saklan ýakyn gatnaşyklary üýtgedipdi. Ol halky nirä alyp barmalydygyny bilýärdi. Ýol göni ak patalara alyp barmaýardy-da, ak patalary berýän Birine alyp barýardy. Musa özüniň näme maksat bilen ýaradylandygyna düşünýärdi we ilki bilen Hudaýyň ýüregini tanamagyň zerurdygyna akyl ýetirýärdi. Musa Rebbiň ak pata beriji elinden aýanlyk almady-da, eýsem, Hudaýyň özüne ýüzbe-ýüz bolanda aýdan zadyndan aldy.

3-NJI BAP

# MÜSÜRDEN ÇYKYŞ

***Soňky iki müň ýylyň dowamynda, Onuň ikinji gezek gelmegine taýýarlanmakda ähli tagallalary jemleme jogapkärçiligi, ýygnak hökmünde, biziň üstümize düşdi we düşýär!***

Hudaý Ysraýyl çagalaryny Özüniň ýanyna gelmekleri we Özüniň hem olaryň arasynda ýaşap bilmegi üçin, müsür ýesirliginden halas etdi. Biz muny Onuň Musa aýdan sözlerinde görüp bilýäris: «Aralarynda ýaşamak üçin olary Müsürden alyp çykan olaryň Hudaýy Rebbiň Mendigimi bilerler» (Müsürden çykyş 29:46). Ýatda saklaň, Ol gelip gitmek däl-de, aralarynda bolmak isledi.

Indi, geliň, Petrusyň Täze Ähtde aýdýan zatlaryna seredeliň (örän ünsli okaň): «Oňa, ynsanlar tarapyndan taşlanan, Hudaýyň ýanynda bolsa saýlanan, gymmatly diri Daşa ýakynlap, siz-de Isa Mesih arkaly Hudaýyň halaýan ruhy gurbanlaryny hödürlemek üçin, diri daşlar kimin, ruhy öý, mukaddes ruhanylyk hökmünde

bina edilýärsiňiz» (1 Petrus 2:4, 5). Hudaý ýaşar ýaly jaý gözleýär, resul ony «ruhy öý», bizi bolsa, Hudaýyň ýaşamak isleýän öýüniň «diri daşlary» diýip atlandyrýar.

Petrus Hudaýyň öýüni gurmakdaky biziň rolumyzy ruhanylyga meňzedýär. Näme üçin ol bu iki düşünjäni birikdirýär? Adamlaryň hemmesiniň arasynda diňe ruhanylar, ýazgarylma astyna düşmezden, Hudaýa golaýlaşyp bilýärler. Ruhanylyga berilýän köp kesgitlemeleriň içinde şu kesgitleme birinji ýerde durýar: ruhany Hudaýa gulluk etmek üçin Oňa golaýlaşyp bilýär (Ezekiýel 44:13, 15). Hudaýyň ýanyna gelmeklik biziň Onuň öýi bolmalydygymyzy aňladýar. Bize Onuň mukaddes, titremeli gorkyny döredýän barlygyna döz gelme mümkinçiligini edinmek zerurdyr.

Ýene bir gezek Petrusyň birinji hatyny açýarys:

> Mukaddes Ýazgylarda şeýle diýilýär: «Ine, Men Sionda bina daşyny, saýlama we gymmatbaha burç daşyny goýýaryn. Oňa bil baglan asla utandyrylmaz». Hawa, iman eden siziň üçin bu daş gymmatlydyr. Emma iman etmedikler (Mukaddes Kitabyň iňlis dilindäki terjimesinde «disobedient» — «tabyn bolmadyklar» ulanylýar. — Terjimeçiniň belligi) üçin, «Ussalaryň ret eden daşy, binýadyň burç daşy boldy». Şeýle hem bu «büdreme daşy, ýykýan gaýa». Olar öňden bellenişi ýaly, bu söze tabyn bolmansoňlar büdreýärler. (1 Petrus 2:6–8)

Biz bu ýerde täsin sözleri görýäris. Petrus: «...iman eden siziň üçin ... emma iman etmedikler üçin» - diýýär. Ol *iman* sözüni *tabyn bolmazlyga* garşy goýýar. Häzirki zaman dilde biz muny edip bilmeýäris. Biziň günlerimizde *iman* sözi «tabynlygyň» ýa-da «tabyn bolmazlygyň» hiç hili umumylygy ýok. Şeýle-de bolsa, Täze Äht ýazylan döwründe bu sözler öz aralarynda berk baglanyşykly bolupdyr. Ynanmaklyk diňe bir Hudaýyň barlygyny aňlatman, eýsem, Oňa tabyn bolmagy hem aňladypdyr. Başga

sözler bilen aýtsak, eger sen ynanan bolsaň, onda Hudaýa tabyn bolupsyň, tabyn bolmazlyk durmuşda ýaşamaklyk bolsa, imansyzlyga şaýatlyk edipdir. Pawlus Isanyň «Kämilleşdirilip... Sözüne gulak asanlaryň hemmesi üçin baky gutulyş çeşmesi bolandygyny» (Ýewreýler 5:10) aýdýar.

Tabynlyk — halas bolmanyň iň esasy elementidir. Isa köpleriň Özüne iman etjekdiklerini, Özüne Reb diýjekdiklerini, hatda Öz ady bilen gudratlar hem görkezjekdiklerini, şeýle-de bolsa, Hudaýyň Patyşalygyna girmejekdiklerini, sebäbi olaryň Özüne tabyn bolmandyklaryny ýa-da Özüniň islegi boýunça hereket etmändiklerini aýdýar (Matta 7:21-e seret).

## PATYŞANYŇ AJAÝYP NURUNA ÇAGYRYLAN RUHANYLARY

Ysraýyl ogullary kä ýykylýardylar, kä-de özleriniň çagyrylan zadyna büdreýärdiler. Olar özlerine niýetlenilen sözlere gulak asmaýardylar. Petrus biz barada gürlemegini dowam etdirýär: «Emma siz beýle dälsiňiz, çünki siz saýlanyp-seçilen halksyňyz. Siz patyşanyň ruhanylary, mukaddes millet, Hudaýa degişli halksyňyz. Hudaý sizi garaňkylykdan Özüniň ajaýyp nuruna çagyrdy. Siz Onuň şan-şöhratyny yglan etmek üçin saýlanyp-seçilensiňiz...» (1 Petrus 2:9).

Biz Patyşanyň mukaddesleri we mukaddes halkdyrys. Hudaý Patyşadyr, Onda patyşalyk ygtyýary bar. Şoňa görä-de gulluk etmek üçin Onuň ýanyna gelýänler Patyşanyň ruhanylary bolmalydyrlar, sebäbi diňe Patyşanyňkylar Oňa gulluk edip we Patyşa bilen gatnaşykda bolup bilýär!

Hudaýyň ruhanylary bolan biz Onuň ajaýyp nuruna – onda-da ýöne bir nura däl-de, eýsem ajaýyp nura – çagyryldyk! Hudaýyň beýikligini suratlandyrýan, manysy biz üçin adaty bir zada öwrülen, birnäçe sözler bar. *Ajaýyp* – şolaryň biridir.

*Ajaýyp, täsin, haýran galdyryjy* sözleriniň ulanylyşy meniň ünsümi özüne çekdi. Hudaýy, Onuň häsiýetlerini we işlerini suratlandyrmak üçin olar örän ýygy-ýygydan ulanylýar. Olaryň manysynyň üstünde pikirleniň: *ajaýyp* – gudratdan doly, *täsin* hem *haýran galdyryjy* – haýran galmany döredýär. Isanyň Özüne Ajaýyp ady berlen (Işaýa 9:6). Emma häzirki döwürde adamlar bu sözleri adaty hadysalary we wakalary suratlandyrmak üçin ulanýarlar. Olar haýsydyr bir filmi halasalar oňa: «Ajaýyp film!» - diýýärler. Eger bir basketbolçynyň oýnaýşy kimdir biriniň göwnüne ýarasa, onda ol oňa: «Ajaýyp oýunçy!» - diýýär. Indi bolsa, ýekşenbe günki ýygnanyşykda wagyzçynyň ýygnananlaryň öňlerinde: «Hudaý ajaýypdyr» - diýenini göz öňüne getiriň. Olar bu sözi her gün, mysal üçin, telegepleşigi alyp baryjy haýsydyr bir aňrybaş basketbolçynyň oýnuny suratlandyranda, eşidýändikleri sebäpli, wagyzçynyň aýdan bu sözüniň manysyna doly düşünip bilmeýärler. Men öz habarymyň bu ulgama özgeriş getirmegi üçin Hudaýa doga edýärin.

Biziň garaňkylykdan Onuň ajaýyp nuruna çagyrylandygymyzy aýdanda, Petrus Hudaýyň häsiýetiniň beýikligini suratlandyrmak üçin örän güýçli sözi ulanýar. Reb – durky bilen nurdur, şoňa görä Onda hiç hili garaňkylyk ýokdur. Şol beýik nur Onuň şöhratynyň içinde ýanýandyr, oňa ynsan bedeni golaýlaşyp bilýän däldir.

2 Korintoslylaryň 6-njy babynda ýazylyşy ýaly, biz bu sözleriň manysyna doly akyl ýetirip bilmeýäris, sebäbi olaryň kontekstine düşünmeýäris. Geliň, Müsürden çykyşa dolanalyň we Hudaýyň – Öz halkynyň arasynda bolma wadasynyň göwrümini kesgitlemäge synanyşalyň.

## BIZ ÖZ GEÝIMLERIMIZI ÝUWMALYDYRYS

Ýokarky bapda biz Musanyň Ysraýyl ogullaryny Müsür ýurdundan alyp çykyşyny, bu keşbiň häzirki döwürde biziň bu

dünýäden azat edilişimiziň keşbi bolup durýandygyny gördük. Musa olary Müsürden çykaryp, Hudaýyň Sinaý diýilýän dagynyň etegine alyp bardy. Musa halky dagyň eteginde goýup, ýokary, Hudaýyň barlygyna gidýär we ol ýerde Rebbiň sözlerini eşidýär.

> «Müsürlilere näme edendigimi siz gördüňiz, bürgüdiň öz çagasyny ganatynda göterip gelşi ýaly, Men hem sizi ýanyma şeýdip alyp geldim. Şonuň üçin hem indi siz Meniň sözüme boýun bolup, Meniň ähtimi saklasaňyz, ähli halklaryň arasynda siz Meniň Öz saýlan halkym bolarsyňyz, çünki tutuş zemin Meniňkidir. Siz Meniň üçin ruhanylar bolup hyzmat edýän, Maňa bagyş edilen mukaddes millet bolarsyňyz. Ine, seniň ysraýyllara aýtmaly sözleriň şudur» (Müsürden çykyş 19:4-6).

Indi biz Petrusyň bu sözleri nireden alandygyny bilýäris. Ilki başda ol tutuş Ysraýyla aýdylan eken. Hudaý bu sözleri diňe Harun we onuň ogullary ýa-da Lewi tiresi üçin aýtmady. Ol bütin halka we erkek bolsun, aýal ýa-da çaga bolsun, her bir adama aýratynlykda: «Siz Mende ruhanylar patyşalygy we mukaddes halk bolarsyňyz» - diýip ýüzlenip aýtdy. Musanyň edişi ýaly, olaryň hemmesiniň Öz barlygyna girmegini Hudaýyň isländigini siz görýärsiňizmi?

> Reb Musa şeýle diýdi: «Adamlaryň ýanyna bar, şu gün we ertir olary päkläp mukaddes et, goý, olar üçünji güne taýýar bolmak üçin geýimlerini ýuwsunlar. Sebäbi üçünji gün Men bütin halkyň gözüniň alnynda Sinaý dagynyň üstüne injek» (Müsürden çykyş 19:10, 11).

Bu iki aýadyň manysyny jikme-jik seljermek gerek. Hemme zatdan öňürti suratlandyrylýan wakalar pygamberlik wakalarydyr. Bu sözler diňe Ysraýyl halkyna däl-de, eýsem bize-de degişlidir. Hudaý iki günden soň halkyň ýanyna injekdigini Musa aýtdy.

Bu wagtyň dowamynda Musa olary mukaddes etmelidi, bu iş geýimleri ýuwmaklygy hem öz içine alýardy.

Petrusyň ikinji hatynda (3:8) biz şeýle sözleri okaýarys: «Eý, söýgüli doganlar, bir zady unutmaň: Rebbiň nazarynda bir gün müň ýyl, müň ýyl bolsa bir gün ýalydyr». Ine-de mezmurçynyň sözleri: «Çünki Seniň gözüňe müň ýyl geçen düýnki gün ýaly ...» (Zebur 89:5). Hudaýyň ýanynda bir gün biziň ýanymyzdaky müň ýyl ýalydyr. Indi şeýle sorag: Isa ölümden haçan direlipdi? Jogap: iki gün mundan ozal diýen ýaly. Biz ikinji günüň ahyrynda ýaşaýarys. Taryhçylar Isanyň biziň eramyzyň takmynan 28-29-njy ýyllarynda direlendigine şaýatlyk edýärler. bu pygamberlige laýyklykda biz Onuň gaýdyp geljek pursatyna golaýda! Hudaýyň Ysraýyla aýdan zady bilen bize aýdýan zadynyň arasyndaky baglanyşyk derrew göze ilýär. Soňky iki müň ýylyň dowamynda, Onuň ikinji gezek gelmegine taýýarlanmakda ähli tagallalary jemleme jogapkärçiligi, ýygnak hökmünde, biziň üstümize düşdi we düşýär! *Mukaddes etmek* nämäni aňladýar? Mukaddes etmek – «aýra goýmagy» aňladýar.

Patyşanyň aýaly bolmak üçin saýlanylan gyz munuň gowy mysaly bolup biler. Gyzy köşge alyp gelýärler, ol ýerde oňa patyşanyň agtalary hyzmat edýärler. Patyşanyň saýlan gyzyny taýýarlama jogapkärçiligi olaryň üstlerine ýüklenilen. Indi gyz beýleki zenanlar ýaly, adaty durmuşda ýaşamaýar, sebäbi mukaddes edilip, hökümdar üçin aýrylyp goýuldy. Eger ol gulak asyjy bolsa, onda onuň mukaddes edilmesi, mundan soň aljak ägirt artykmaçlyklary bilen deňeşdireniňde, ujypsyzja baha bolýar. Ol patyşa bilen, başga hiç kimiň hukugy bolmadyk ýakyn gatnaşyklardan peýdalanma artykmaçlygyna eýe bolýar. Patyşa degişli bolan zatlar, oňa-da degişli bolýar. Munuň deregine patyşa ondan nämä garaşýar? Gyz onuňky, diňe onuňky bolmaly. Hudaýyň: «Meniň öňümde mukaddes boluň, çünki Men

mukaddes Rebdirin we Men sizi beýleki halklardan Özümiňki bolmagyňyz üçin saýlap aldym» (Lewiler 20:26) – diýmegi bu mysaly diýseň gowy suratlandyrýar.

Hudaý Ysraýyla mukaddes bolmagy buýranda, aslynda olara: «Men sizi Müsürden halas etdim, indi siz özüňizden Müsüri kowuň. Şeýle etmek bilen siz özüňizi Meniň üçünji gün säher bilen injek wagtyma taýýar edýärsiňiz» - diýdi. Ol Musa: «Goý, geýimlerini ýuwsunlar» - diýip tabşyrdy. Sebäbi olaryň üstlerinde müsür topragynyň hapasy entegem bardy ahyry.

Reb bu gün bize-de: «Men seni bu dünýäden halas etdim, indi senem dünýewi zatlaryň hemmesini özüňden kow! Bu saňa Meniň üçünji müňýyllygyň säherinde geljek wagtyma taýýarlanmaga mümkinçilik berer» - diýip ýüzlenýär. Geýimlerimizi ýuwma ýoly bilen bize dünýäniň hapasyndan saplanmak zerurdyr. Pawlusyň sözlerini ýada salyň: «Eý, söýgüli doganlar, bu wadalarymyzyň barlygyna görä, her hili ten we ruh pisliginden tämizlenip, Hudaýdan gorkmakda mukaddesligi kämilleşdireliň» (2 Кor. 7:1).

Musa Ysraýyl ogullaryna fiziki geýimlerini ýuwmagy buýurýar, Pawlus bolsa, teni hem ruhy arassalama barada gürrüň edýär. Bu ýerde men özümizi özümiziň ýuwmalydygymyza siziň ünsüňizi çekmek isleýärin. Muny Rebbiň garamagyna goýmaly däldiris! Pawlus: «Isanyň gany sizi her hili ten we ruh pisliginden saplar, ýöne bir Onuň söýgüsine ynanyň» - diýmeýär. Mesihiň gany günäni hem pisligi ýuwýarmy? Jogap şeýle: gürrüňsiz hawa! Şeýle-de bolsa, Mukaddes Ýazgyda görşümiz ýaly, bu arassalanyş prosesine özümizem gatnaşýarys.

## IKI SANY ÝALAN SOŇKY DEREJE

Soňky ýüz ýyllaryň dowamynda ýygnak, mukaddes bolma we mukaddeslik meselesinde käbir soňky derejä, käte beýleki soňky

derejä bökdi. Birinji soňky derejäniň tarapdarlary daşky alamatlar boýunça mukaddeslige baha berýärler. Eger aýal kosmetika ulanýan bolsa, onda ol mukaddes däl. Eger ol köýnegi dyzyndan ýokary edip geýse, ol arassa däl. Ýöne haýsydyr bir zenan ýere ýetip duran köýnek geýip, saçyny ýygnabam, kosmetika ulanman ýa-da şaý-sep dakynmanam, şol bir wagtyň özünde-de durşuna azgynlyk ruhundan püre-pür bolup biler ahyry! Erkek ýekeje gezek hem zyna etmändigini ýa-da aýrylyşmandygyny aýdyp öwünse-de, deňinden geçýän aýallaryň hemmesini azgyn garaýyş bilen ugradyp biler. Bu mukaddeslik däl. Munuň ýaly soňky dereje durşuna bedende jemlenen, mukaddeslik bolsa, diňe bedene dahylly däldir. Bu sebäpli mesihileriň köpüsi kanunçylyga baş urdular.

Ikinji soňky dereje ýigriminji asyryň ikinji ýarymynda peýda boldy. Ol adamlaryň özlerini bu dünýäden aýra etme jogapkärçiliginiň özleriniň üstlerinde ýatandygyna we bagyşlanan diýmeseň, mesihileriň adaty butparazlardan tapawutlanmaýandygyna ynanýandyklarynda jemlenen. Ýaňy-ýakynda bir meşhur mesihi suratkeşi şeýle diýip belledi: «Mesihiler psihologlaryň ýanyna barýarlar, mesihilerde maşgala meseleleri bar, mesihiler arakhor bolýarlar, imanly adam bilen imansyz adamyň arasyndaky ýeke-täk tapawut biz mesihilerde özümizi söýýän we bize her gün kömek edýän Ýaradyjymyzyň barlygyndadyr». Şunuň ýaly garaýyş biziň özümizi bu dünýäden arassalama jogapkärçiliginden azatdygymyz baradaky taglymatymyz sebäpli döredi. Ýöne bu Mukaddes Kitabyň öwredýän zadyna garşy çykýar. Petrus: «Özüňizi çagyran Hudaýyň mukaddes bolşy ýaly, siz hem ähli edýän işleriňizde mukaddes boluň ...» (1 Petrus 1:15) – diýip nygtaýar.

Hakykat hut şu iki soňky derejäniň arasynda ýerleşýär. Adam tebigaty bilen Hudaýyň tebigatynyň arasynda aragatnaşyk peýda

bolanda, mukaddeslik gelýär. Isa – biziň mukaddes edilmämizdir (1 Кor. 1:30-a seret). «Hudaýyň isleýäni, mukaddes bolmagyňyz üçin, zynadan saklanmagyňyz, her kişiniň... öz bedenine mukaddeslik we hormat bilen eýelik etmegidir... Çünki ...Hudaý bizi hapalyga däl-de, mukaddeslige çagyrdy» (1 Salonikliler 4:3–7). Mukaddes bolmagymyz üçin Isa bize merhemet berýär, ýöne Onuň merhemetiniň güýji arkaly özümizi arassalamak bilen Oňa ýagşylygyna ýagşylyk bilen jogap bermelidiris. Şeýle etmek bilen biz bu dünýäde ýaşasagam, oňa meňzemän bileris.

## ŞEÝDIP, ONUŇ HUZURYNDA ÝAŞARYS

Hudaý Musa halky mukaddes etmegi buýurdy. Hemmeler taýýarlanmalydylar, sebäbi üçünji gün Reb, edil olaryň ýanyna, Sinaý dagyna inmelidi! Hudaý Öz halkynyň ýanyna barmak bilen Özüniň şöhratyny görkezmegiň arasynda deňlik alamatyny goýdy! Hoşeýa pygamberde hem biz Onuň şöhratynyň görünmegine taýýarlanmak üçin bize goýlan iki müň ýyly görýäris. Ol halka ýüzlenip:

> «Geliň, Rebbe dolanalyň. Ol bizi parçalady. Özi şypa berer. Bizi ýaralady. Indi ýaramyzy daňar. Iki günden soňra bizi direlder, Has takygy — üçünji güni Ol bizi aýaga galdyrar. Onuň huzurynda ýaşarys» diýdi.(Hoşeýa 6:1, 2, TRT)

Iki gün, iki müňýyllyk geçenden soň, Ol bizi direldýär, üçünji müňýyllykda bolsa, Öz huzurynda ýaşamagymyz üçin, bizi dikelder. Üçünji müňýyllyk – bu Mesihiň müňýyllyk Patyşalygynyň gelmegidir (bu Onuň ýere gelip, Özüniň şöhratlanan teninde, müň ýyllap hökümdarlyk etjek wagtydyr (Aýanlyk 20:4-e seret)). Hoşeýa Onuň geljegi barada gürlemegi dowam etdirýär:

> Geliň, Rebbi tanalyň, tanamaga dyrjaşalyň. Onuň edil Günüň dogşy ýaly bolup geljekdigini bileliň. (Hoşeýa 6:3, TRT)

Onuň gelmesi daň şapagy kimin. Daň şapagy, ýa-da Günüň dogmasy, her gün belli bir wagtda bolýar. Bu ýerde nämedir bir zady üýtgetmäge biziň asla güýjümiz ýetmeýär! Biz islesek islemesek-de, Gün dogýar, Isa Öz şöhraty içinde gelýär, bu hakykat, Onuň gelmesini hiç zadam saklap bilmez. Mesele başga zatda: BIZ taýýar bolarysmy? Ysraýyl ogullary özleriniň hemme zady gowudyr, hemme zada taýýardyrys öýtdüler, ýöne aslynda şonuň ýaly boldumy? Şol güne çenli olar Onuň şöhratyny ýekeje gezegem görmändiler. Olar Onuň gudratlaryny hem alamatlaryny görüpdiler, olardan özlerine peýda almak olaryň göwünlerine ýarapdy, ýöne Onuň şöhratynda hem edil şonuň ýaly zat bolarmy? Şol gudratlaryň hemmesiniň arasynda özüňi oňaýly duýup, şol bir wagtyň özünde-de Onuň şöhratyna taýýar bolman bolarmy? Geliň, bu meselä seredip geçeliň.

4-NJI BAP

# REBBIŇ ŞÖHRATY

*Rebbiň şöhraty – bu Hudaýy Hudaý edýän hemme zatdyr. Özüniň häsiýeti, ygtyýary, güýji hem akyldarlygy Onuň ölçäp bolmajak agramyny we beýikligini düzýändir.*

Hudaýyň Ysraýyl halkyna görünmegine iki gün galdy. Olar taýýardylarmy? Olar Hudaýyň taýýar bolma baradaky duýduryşyna çynlakaý garaýardylarmy ýa-da eger Hudaý Özüniň gudratly halas ediji güýjüni olara mydama görkezen bolsa, onda indi hem Onuň gelmegi öňkülerinden beýle bir tapawutlanyp durmaz diýip pikir edipdilermi? Başga näme bolup biler? Mundan başga-da, Onuň aýan bolmalarynyň hemmesi olara diňe peýda getiripdi. Näme üçin bu gezek hemme zat başgaça bolmalymyşyn? Wagt görkezer. Musanyň töweregindäkilerden kimdir biri Mukaddes Perwerdigär bilen özlerini juda özüne göwni ýetýän we edepsiz ýagdaýda alyp barýan bolmaklarynyň mümkindigi barada pikir etdimikä?

Iki gün geçdi. Üçünji günüň daňy atdy. Töwerekdäki zatlaryň

hemmesi adaty bolmadyk asudalykda ýaly bolup göründi. Gudratygüýçliniň inmeginiň öň ýanyndaky ümsümlik sustuňy basyjy bolup täsir etdi. Adamlar özlerine bolan ynamsyzlygy gitdigiçe köp duýup başladylar. Hatda töwerekdäki tebigatam, Hudaýyň geljeginiň ýakynlygyna Onuň halkyndan gowy akyl ýetirýärdi we duýýardy.

Günüň ilkinji şöhleleri gözýetimi kesip geçdi, ýöne bu çykyşda adaty bolmadyk bir zat bardy. Birden, nireden geleni belli bolmadyk gara bulut ýere düşdi. Bu buludyň özüniň görnüşi ol ýerde duranlarda gorky döretdi, ýöne onuň öň ýanynda gulagyňy gapdyryjy surnaý sesi ýaňlandy. Bu ses gitdigiçe gataldy! Munuň ýaly kuwwatly ses nämäni emele getirip biljekdi?

Bulut dagyň üstüne düşen badyna, onuň içinde, gorkunç gök gümmürdilerine goşulyp, sansyz-sajaksyz ýagty uçgunlar peýda bolýar. Halk munuň ýaly zady entek görmändi: yzy üzülmeýän gök gümmürdisi bilen şeýle ýagty uçgunlar çykýardy welin, onuň ýagtysynyň öňünde Gün garalan ýalydy. Ysraýyl ogullary gorkudan ýaňa titreşdiler: «Görnüş şeýle gorkunçdy welin, Musa: “Men gaty gorkýaryn, sandyraýaryn” diýipdi» (Ýewreýler 12:21).

Musa gorkýandygyna garamazdan, ýolbaşçylygy öz eline aldy:

> Musa halky düşelgeden çykaryp, Hudaýyň öňüne alyp bardy, şeýdip, olar dagyň eteginde durdular. Sinaý dagy tüssä büreldi, sebäbi Reb onuň üstüne ot içinde inipdi. Dagyň üstünden, edil tamdyrdan çykýan ýaly, tüsse göterildi. Tutuş dag güýçli titredi, surnaýyň sesi gitdigiçe gataldy. Musa gürledi, Hudaý hem oňa gök gümmürdili ses bilen jogap berdi (Müsürden çykyş 19:17–19, TRT).

# TUTUŞ ÝARADYLYŞ ONUŇ BEÝIKLIGI HAKDA GÜRLEÝÄR

Sinaý dagynyň üstüne inende, Ol älemi Ýaradan Biri bolup inipdi. Älemdäki ýyldyzlaryň hemmesini oňa Ol Öz barmaklary bilen goýupdy. Ýeri we ondaky zatlaryň hemmesini Ol Öz bilimi hem akyldarlygy bilen ýaradypdy. Ol ilki başdan bakyýetde bolup ýör.

Özümiziň gulluk Edýänimiziň beýikligine akyl ýetirmegi bes edendigimiz meni eýýäm birnäçe ýyllardan bäri biynjalyk edip gelýär. Işaýa pygamber bu tema ýygy-ýygydan ýüzlenýär:

Eýsem siz bilmeýärsiňizmi? Eýsem siz eşitmediňizmi? Eýsem size ilki başdan aýdylmadymy?

Pygamber alada galýar, ol Ysraýylyň Hudaýyň beýikligine näme sebäpden haýran galmagy bes edendigine düşünip bilmeýär. Ol şeýle diýip yglan edýär:

> Ol ýer töwereginiň üstünde oturýandyr, onuň içindäki ýaşaýjylar Onuň öňünde çekirtgeler kimindir, Ol gökleri ýuka mata kimin gerdi, ýaşamak üçin çadyr kimin ýazdy. ... Meni kime meňzedersiňiz? Meni kim bilen deňeşdirýärsiňiz? Muny Mukaddes Bolan diýýär. Gözleriňizi göge galdyryp görüň, Bulary ýaradan kim? Reb gökdäki goşunlary hasaby bilen çykarýan Kim? Onuň Özi olaryň hersine at berýär, Onuň kuwwatynyň köplüginden, güýjüniň beýikliginden hiç zady kemelmeýär (Işaýa 40:22–26 ).

Hudaý gögi, perde kimin gerip, Öz elleri bilen ýaratdy. Ol ony Öz seresi bilen ölçemäge ukyplydyr! (Işaýa 40:12) Iň bolmanda ýekeje minut oýlanmaga çalşyň: sere – bu başam barmak bilen süýem barmagyň aralygy! Şol ölçeg bilen hem Ol älemiň uzynlygyny, beýikligini we çuňlugyny ölçeýär!

Älemiň hakyky ölçegini siz göz öňüne getirmäge haçan hem

bolsa bir wagt synanyşyp görüpdiňizmi? Bu adam düşünjesiniň çäklerinden daşdadyr. Belki, älemiň masştaby bilen ýüzleý tanyşmaga, iň bolmanda, synanyşyp görsek-de, Hudaýyň beýikligine düşünmeklige golaýlaşarys. Alymlar älemde milliardlarça galaktikalar bar, olaryň her birinde milliardlarça ýyldyzlar bar diýip hasap edýärler. Şol galaktikalaryň ölçegleri olaryň aralarynda duran aralyklar bilen deňeşdireniňde, eslije kiçidir.

Gün şonuň ýaly galaktikalaryň birinde ýerleşýär. Gije asmana seredeniňde, bütin älemi görüp bilmeýärsiň. Ýeke-täk görünýän zat – Akmaýanyň Ýoludyr, onuňam diňe kiçijik bölejigi bize görünýär, sebäbi ýyldyzlaryň köpüsi bizden şeýle uzakda bolany sebäpli, olary ýönekeý göz bilen görmek mümkin däl.

Şeýlelikde, geliň, öz ýaşaýan galaktikamyzdan başlalyň. Eger Güni hasap etmesek, onda bize iň ýakyn bolan ýyldyz 4,3 ýagtylyk ýyly aralygynda bizden uzakdadyr. Belki, sizde: “*Ýagtylygyň ýyl hasaby näme*?” – diýen soragyň ýüze çykmagy mümkin. Hemmesi örän ýönekeý: bu ýagtynyň bir ýylyň dowamynda geçýän aralygydyr. Ýagtynyň tizligi takmynan sekuntda 300 000 kilometr sagat. Bu sagatda takmynan 1 milliard kilometr sagady aňladýar. Muny sagatda takmynan 800 kilometri geçýän uçaryň tizligi bilen deňeşdiriň. Biziň görşümiz ýaly, ýagtylygyň tizligi juda ýokary eken!

Bu tizlige siziň has gowy düşünip bilmegiňiz üçin, geliň, aýdalyň, biz ýolagçy awialaýnerinde Güne uçýarys. Ýer şarynyň meniň öýümden beýleki tarapynda ýerleşýän Aziýa tarap uçmaklyk meniň takmynan 23 sagadymy alýar. Eger şol uçarda men Güne tarap ugrasam, onda oňa barmak üçin maňa 21 ýyl gerek bolardy! Indi 21 ýyly yzyna hasaplaň, şol wagtyň aralygynyň uzynlygyny göz öňüne getiriň we bütin bu ýyllaryň dowamynda uçarda bary-ýogy diňe Güne tarap uçandygyňyza düşüniň. Ulagda syýahat etmegi gowy görýänler üçin men şuny aýdýaryn, ulaga benzin

guýmalaryny we dynç almalaryny hasaba almanymyzda, munuň ýaly syýahata olaryň 200 ýyla golaý wagty gidýär. Şonuň ýaly aralygy geçmek üçin ýagta näçe wagt gerek bolýar? Jogap ýönekeý: bary-ýogy sekiz minut bilen ýigrimi sekunt.

Geliň, Güni goýalyň-da, iň golaýdaky ýyldyza seredeliň. Onuň Ýerden 4,3 ýagtylyk ýyly aralykda ýerleşýändigini biz eýýäm bilýäris. Eger biz Ýeriň, Günüň we iň golaýdaky ýyldyzyň masştabyny hasaba alyp, kiçeldilen modelini gursak we Ýerimiz gorçisa dänesi ýaly ululykda diýip hasap etsek, onda Gün 20 santimetr diametrli şaryň göwrüminde bolýar. Şu masştaba laýyklykda, Ýerden Güne çenli aralyk takmynan 24 metr bolýar. Uçaryň şu masştaba laýyklykda gurlan modeline 24 metr aralygy geçmek üçin 21 ýyl gerek bolýar.

Eger Ýeriň Güne bolan gatnaşygy şunuň ýaly bolsa, onda biziň kiçijik Ýerimizden iň golaý ýyldyza çenli aralygy siz göz öňüne getirýärsiňizmi? Ol müň metrmikä, iki müň metrmikä, belki-de bir kilometrdir? Asla beýle däl! Iň golaýdaky ýyldyz, biziň gorçisa dänesi bilen deňeşdirilýän Ýerimizden 6,5 müň kilometrde ýerleşer! Bu bolsa, eger gorçisa dänesini Florida ştatynyň Maýami şäheriniň bir ýerinde goýsak, Günüň ondan 24 metr aralykda boljakdygyny, iň golaýdaky ýyldyzyň, biziň saýlan masştabymyza laýyklykda, Ýuwaş ummanyň içinde, kenardan müňlerçe kilometr içde ýerleşjekdigini aňladýar! Uçarda şol ýyldyza çenli uçup barmagymyz üçin bize elli bir milliard ýyl gerek bolýar! Ýagtylyk bolsa, bu aralygy bary-ýogy 4,3 ýylda geçýär!

Gijelerine ýönekeý göz bilen görüp bolýan ýyldyzlaryň köpüsi ýüzden müňe çenli ýagtylyk ýyly aralykda ýerleşýär. Bizden dört müň ýagtylyk ýyly aralykda ýerleşýän ýyldyzlaryň hem birnäçesini görüp bolýar (olaryň biziň Galaktikamyza diňe ýakynlarydygyny ýatda saklamak gerek). Olaryň her birine uçarda baryp ýetmek üçin näçe wagtyň gerek boljakdygyny men

hasaplajak däl. Ýöne siz bizden dört müň ýagtylyk ýyly aralykda ýerleşýän ýyldyzy göreniňizde, aslynda Ybraýym Sara öýlenen wagtynda ýyldyzy terk edip giden we saklanman hem eglenmän sagatda bir milliard kilometr tizlik bilen öňe süýşen, şu wagtjyk hem, Ýere gelip ýeten ýagtyny görýärsiňiz!

Biz Akmaýanyň Ýolunda ýerleşýän Galaktikamyzdaky ýyldyzlar hakda gürrüň etdik. Biz aralygy mundan-da uzak bolan milliardlarça beýleki galaktikalara degip geçmedik. Mysal üçin, biziň bilen goňşuçylykda ýerleşýän galaktika Andromeda. Onuň arasy 2,3 million ýagtylyk ýylyna golaýdyr. Bu barada pikir ediň. Şonuň ýaly aralygy geçmek üçin, onuň ägirt ýokary tizligine, iki million ýyldan gowrak wagt gerek bolýar! Gürrüň şu wagt bize iň golaý galaktika barada barýar. Bütin älemde olaryň sany milliardlarça. Biziň aklymyz bu zatlaryň hemmesine ýetip bilermi?

Işaýa Hudaýyň şeýle uly älemi seresi bilen ölçändigini aýdýar! Hudaýyň Ruhy arkaly sözlän Süleýman: «Emma Hudaý ýerde mesgen tutarmy? Seni hatda gök-de, gökleriň gögi-de içine sygdyryp bilmeýär. ...» (1 Patyşalar 8:27) – diýýär. Indi siz şol daga Kimiň inendigini göz öňüne getirýärsiňizmi?

## «SIZ MENI KIME MEŇZEDÝÄRSIŇIZ?»

Reb üçin kiçijik zat bolup durýan beýleki zatlara-da seretmek bolar. Işaýa Onuň daglary terezide ölçändigini, depeleri tereziniň jamyna salandygyny aýdýar. Ol ummanlardaky, deňizlerdäki, köllerdäki, derýalardaky we howuzlardaky suwlary gysymynda ölçedi. Ol deňizlere kenaryndan çykmazlygy buýruk berdi (Işaýa 40:12).

Siz deňizleriň kuwwatyny dolulygyna göz öňüne getirip bilýärsiňizmi? Eger diametri 2 kilometre ýetýän haýsydyr bir meteorit, Ýuwaş ummanyň Kaliforniýadaky Los-Anjelesden birnäçe müň kilometr uzaklykdaky bir ýerine gaçsa, onda onuň ýokary göterýän tolkuny Meksikadan başlap, Alýaska çenli bütin

Günbatar kenardaky tutuş janly zatlary ýok etmäge we binalaryň hemmesini ýeriň ýüzünden süpürip aýyrmaga ukyply bolýar!

Tolkun bütin ummanyň içinden geçip, Aziýanyň hem birnäçe ýurduny ýuwup äkider. Şeýle-de bolsa, tolkun özüniň beýikliginde ummanyň çuňlugy bilen deňeşip bilmeýär. Eger ummanyň bütin kuwwaty we agramy adamzadyň üstüne inse näme bolar? Dünýäniň ummanynda ägirt uly güýç gizlenip ýatyr, şeýle-de bolsa, Hudaý onuň ähli suwuny, ýekeje damjasyny hem aýyrman, gysymynda ölçedi!

## MIKROSKOP ASTYNDAKY GUDRATLAR

Hudaý ummasyz ölçegdäki we proporsiýadaky predmetleri ýaratdy, ýöne Ol kiçi zatlarda-da beýikdir. Janly we jansyz materiýanyň ýaşaýyş ýörelgelerine düşünmek üçin alymlar köp ýyllary we ondan-da köp pullary sarp etdiler. Şeýle-de bolsa, olar barybir Hudaýyň ýaradan ýaşaýşyna akyl ýetirmäniň iň başynda durlar. Köp soraglara entek jogap ýok.

Janly ýaradylyşyň ähli görnüşleri öýjüklerden durýar. Öýjükler – bu adam organizminiň, ösümlikleriň, haýwanlaryň we beýleki jandarlaryň hemmesiniň organizmleriniň janly kerpiçjikleridir. Öz bolşunda inženerlik pikiriniň gudraty bolup durýan, şeýle-de ummasyz möçberde dürli funksiýalary bolan, adam organizmi takmynan 100 000 000 000 000 janly öýjüklerden durýar (bu sany siz göz öňüne getirip bilýärsiňizmi?). Ýaradan Öz akyldarlygy bilen şol öýjükleriň hemmesine özleriniň özboluşly wezipesini kesgitledi. Olar ulalýarlar, köpelýärler we ahyrsoňunda ölýärler, bu zatlaryň hemmesi biologiki reje boýunça bolup geçýär.

Ýönekeý göz bilen görüp bolmaýan öýjükler, barybir, adama mälim bolan iň kiçi bölejikler däldir. Olar köp sanly ownujak strukturalardan, ýagny molekulalardan durýarlar. Molekulalar hem öz gezeginde has-da ownuk strukturalardan, ýagny atomlardan

durýar. Atomlar hem, ondan-da ownuk bölejiklerden durýar.

Atomyň ölçegi şeýle kiçi bolup, bu sözlemiň soňunda goýlan nokat onuň ýanynda milliardlarça esse uludyr. Atomyň özi boşlukdan durýar. Protonlar, neýtronlar we elektronlar onuň esasyny düzýär. Protonlar bilen neýtronlar biri-biri bilen şeýle berk ýapyşan bolup, mikroskoptik, şonuň bilen birlikde hem, atomyň merkezinde duran örän dykyz ýadrony düzýär. Energiýanyň kiçijik lagtalary ýadronyň daşynda ýagtynyň tizliginde aýlanýar. Şu mikroskoptik elementler hem, janly we jansyz materiýany emele getirip, olaryň dargamagyna ýol bermeýär.

Atom özi üçin energiýany nireden alýar? Onuň içindäki zatlaryň hemmesini haýsy güýç saklaýar? Alymlar ony energiýa atomy diýip atlandyrýarlar. Bu ylmy jümle olaryň özleriniň düşündirip bilmejek zadyny suratlandyrýar. Hudaý hemme zady Özüniň Öz sözüniň güýji bilen saklaýandygyny aýdýar (Ýewreýler1:3). Bizem «hemme zadyň Ol arkaly durandygyny» (Kol. 1:17) – okaýarys.

Indi bolsa, ýekeje pursatlyk bu zatlaryň hemmesiniň üstünde pikirleniň. Biz älemiň içine ýerleşip bilmeýän gudratly Ýaradyjysyny görýäris. Ýaradan ony özüniň seresi bilen ölçeýär, şol bir wagtyň özünde-de Ol ýeri we ondaky ýaşaýjylaryň hemmesini şeýle utgaşykly ýaradypdyr welin, häzirki zaman ylmy indi köp ýyllardan bäri onuň syrlarynyň azajyk bölegini hem açyp bilenok.

Onuň ýaradylyşynyň gudratlary hem akyldarlygy barada köp sanly kitaplary ýazyp boljakdygy şübhesizdir. Men bu bapda şeýle maksada eýeremok. Meniň maksadym okyjyda Onuň elleriniň ýaradan zatlaryna haýran galmany oýarmakdyr, sebäbi ýaradylyş Onuň beýik şöhratyny yglan edýär!

# «NADAN SÖZLERIŇ BILEN NESIHATYMY GARALAR ÝALY SEN KIM BOLUPSYŇ?»

Harasadyň içinde Rebbiň Özi ýanyna inip, aşaky sözleri aýdanda, Rebbe birgiden bolgusyz zatlary aýdan Eýýubyň nähili duýgyny duýanyna düşünmek indi size aňsat bolar:

> Nadan sözleriň bilen nesihatymy garalar ýaly sen kim bolupsyň? Erkek kimin biliňi berk guşa, seni sorag etjek, Maňa jogap ber! Men ýeriň düýbüni tutanymda, sen niredediň? Bilýän bolsaň, aýt hany! Ýeriň ölçegini kesgitlän kim? Sen bulary bilýändirin öýdýäňmi? Onuň üstünden ýüp çeken kim? Ýer sütünlerini saklaýan diregler nämä berkidilen? Onuň burç daşyny kim goýdy? Şonda daň ýyldyzlary aýdym aýdyşdylar, ähli ylahy barlyklar begenjinden gygyryşdylar. Deňiz ýeri böwsüp çykanda, onuň öňüne böwet basan kim? Deňzi bulutlar bilen örtüp, ony tüm garaňkylyga gaplan Mendirin. Deňze gözenekdir gapy goýup, oňa çäk çekende Mendirin. Deňze: “Şu ýere çenli akyp, mundan aňryk geçmersiň, güýçli tolkunlaryň şu ýerde togtasyn!” diýdim. Şöhlesini ýer ýüzüniň dört künjegine ýaýradar ýaly, erbetleri gizlenen ýerinden silterläp çykarar ýaly, ömrüňde ir sähere buýruk berdiňmi? Daň şapagyna ýerini görkezdiňmi? Ýer ýüzi möhür basylan toýun, lybas kimin göze görünýär. Erbetler nurdan mahrum edilýär, ýokary galdyrylan gol döwülýär. Deňziň gözbaşlaryna baryp gördüňmi? Çuňluklaryň düýplerine gezelenç etdiňmi? Saňa ölüler dünýäsiniň gapylary görkezildimi? Tüm garaňkylygyň derwezelerini gördüňmi? Dünýä giňişligine ser saldyňmy? Aýt, onda şularyň baryny bilýän bolsaň. Ýagtylygyň mesgenine gidýän ýol nirede? Garaňkylygyň mekany nirede? Olary ýerli-ýerine äkidip bilermiň? Olaryň mesgenlerine gidýän ýodalary bilýäňmi? Sen bulary bilýändirin öýdýäňmi? Sen näme şol döwürde

> doguldyňmy?! Şonça ýyllar ýaşadyňmy? Garyň ammarlaryna girip gördüňmi? Doly ammarlaryna ser saldyňmy? Olary betbagtly günler üçin, gowga we söweş günleri üçin saklaýaryn. Ýyldyrymyň nireden gelýänini, gündogar ýeliniň nireden başlaýanyny bilýäňmi? Ynsanyň aýak basmadyk ýerine, ýaşalmaýan çöle ýagyş ýagsyn, haraba öwrülen çöl suwdan ganyp, ol ýerde ot bitsin diýip, ýagyş akymlary üçin ýaby, ýyldyrymlara ýol açan kim? Ýagşyň atasy barmy? Çyg damjalaryny ýaradan kim? Buz kimiň ýatgysyndan çykdy? Göklerden düşen gyrawy kim dogurdy? Suwlar gaty daşa dönýär, deňziň ýüzi doňýar. Ülker ýyldyzlarynyň zynjyrlaryny baglap bilermiň? Orionyň baglaryny çözüp bilermiň? Ýyldyzlar toplumyny öz möwsümlerinde çykaryp bilermiň? Uly, Kiçi Ýedigene ýol görkezip bilermiň? Gögüň kanunlaryny bilýäňmi sen? Ýerde olaryň hökümini ýöredip bilermiň? Başyňa bol ýagyş ýagsyn diýip, bulutlara buýruk berip bilermiň? Saňa: “Biz seniň hyzmatyňda” diýer ýaly, ýyldyrym çakdyryp bilermiň? (Eýýup 38:2–35, TRT)

Hudaý sözüni tamamlanynda, aňk bolup galan Eýýup şeýle diýdi:

> Sen hakda gulagym bilen eşidipdim, Indi Seni öz gözlerim bilen gördüm. Munuň üçin özümi ýigrenip, başymdan gumdur kül sowrup toba edýärin (Eýýup 42:5, 6).

Eýýubyň başyna bu synaglaryň hemmesi inmezinden öň Hudaý bütin ýer ýüzünde onuň ýaly başga adamyň ýokdugyny aýdypdy. Reb bu adamyň çirksizdigini, adalatlydygyny, Hudaýdan gorkýandygyny we ýamanlykdan daşda durýandygyny aýdypdy. Eýýup Hudaýyň sözüni diňe bir diňlemän, eýsem ony maşgalasyna hem dostlaryna-da öwredýärdi. Şeýle-de bolsa, Rebbi görende, rehim etmegini ýalbaryp sorady, sebäbi

mukaddes Hudaýyň ýanynda ol özüni bary-ýogy heläk bolup barýan bir adam ýaly duýdy.

Işaýa dogry hem takwa adamdy, emma görnüşde Rebbi görende, ol: «Meniň halyma waý! Men heläk boldum, çünki men agzy murdar adamdyryn…» (Işaýa 6:5) – diýip gygyrdy. Hudaýyň şöhraty Öz merhemetine bolan içki mätäçligimiziň üstüni açýar, onsuz biz heläkçilige duçar edilendiris. Onuň beýikligi biziň Ol baradaky düşünjelerimizden has uludyr.

Ol şeýle beýik bolany üçin, bakyýetde Onuň tagtynyň ýanynda duran perişdeler takwa titreme bilen: «Mukaddes, Mukaddes, Mukaddes!» - diýip gygyrmagy bes etmeýärler. Bu Şol Sinaý dagynyň üstünde Ysraýyl halkynyň öňüne inen Rebdir.

## GÖZ GAPDYRÝAN ÝAGTYLYK

Indi, geliň, Hudaýyň şöhratynyň nämede jemlenendigine düşüneliň.

Käbir mesihiler ony nähilidir bir ümür, bulut ýa-da şoňa meňzeş bir görnüş hökmünde suratlandyrýarlar. Olar: «Hudaýyň şöhraty bu ýygnagyň üstüne indi» - diýýärler. Ýöne munuň ýaly tassyklama Onuň maksadyny çäklendirýär we manysyz sözler hökmünde, oňa päsgel berýär (Eýýup 38:2-ä seret).

Birinjiden, Hudaýyň şöhraty nähilidir bir bulut däl. Siziň: «Beýle bolsa, näme üçin Mukaddes Ýazgynyň Hudaýyň şöhraty hakda gürrüň berýän hemme ýerinde diýen ýaly, bulut bar?» - diýip sorag bermegiňiz mümkin.  Hudaý şeýle beýik bolandygy üçin, Onuň öňünde hiç kimiň durup bilmeýändigi üçin Oňa buludyň içinde gizlenmek gerek bolýar. Eger Ol Öz ýüzüni açsa, töweregindäki jandarlaryň hemmesi şobada gyrylýar. Musa Onuň şöhratyny görmek islände, Reb: «...sen Meniň ýüzümi görmeli dälsiň, çünki Meni gören kişi diri galmaz» (Müsürden çykyş 33:20) – diýip, berk jogap berdi.

Mukaddes Rebbiň, Onuň şöhratynyň barlygynda ölümli beden döz gelip durup bilmeýär. Ol içinde hiç hili garaňkylygy bolmadyk iýiji otdur (Ýewreýler 12:29-a; 1 Ýohanna 1:5-e seret). Pawlus Isa barada şeýle ýazýar: «...päk, ýeke-täk güýçli patyşalar Patyşasy, rebler Rebbi, ölümsizligiň ýeke-täk eýesi, ýetdirmez nurda ýaşaýan, hiç bir ynsanyň görmedik hem görüp bilmejek Hudaýy...» (1 Timoteos 6:15, 16) – diýip atlandyrýar.

Ýerdäki hiç bir ýagtylyk hem bu nur bilen deňeşip bilmez.

Meniň bir dostum Alabama ştatynda ruhy çopan bolup gulluk edýär. Birnäçe ýyl mundan ozal ol bir ýygnak binasynyň gurluşygyna baranda, ol ýerde betbagtçylyga uçraýar. Ýokardan ullakan konstruksiýanyň bir bölegi onuň üstüne gaçyp, kellesini ýarýar, boýnuny hem oňurgasyny döwýär. Wakanyň bolan ýerine gelen Tiz kömegiň lukmanlary onuň ölendigini aýdyp, jesedini prostyn bilen örtüp goýýarlar.

Bu wakany men onuň bilen golf oýnap otyrkam, Isa bilen bolan duşuşygy jikme-jik gürrüň bermegini soranymda, onuň özünden eşitdim. Onuň bar oýny oýna meňzemedi, sebäbi gürrüň bermäge başlandan aglap başlady-da, oýnuň ahyryna çenli saklanyp bilmedi. Ine, ol näme gürrüň berdi:

> Jon, men uzakda bir güýçli ýagty gördüm-de, oňa basymjak golaýlaşyp başladym. Men ýakynlaşdygymça, onuň güýji artdy. Ýagty şeýle ýitidi welin, men ony ýerdäki hiç zat bilen deňeşdirip biljek däl. Men Isa kynlyk bilen seredip bildim. Ýagtynyň güýjünden ýaňa men Isanyň ýüzüniň keşbini görüp bilmedim, ýöne Onuň Şoldugyny bildim.
>
> Men diňe diýseň ýiti, göz açyp bolmaýan diýen ýaly, ýagtyny görüp bildim. Onuň üstünde Hudaýyň mukaddesligi bardy, göwnüme bolmasa, bu hakda ot gürrüň berýän ýaly boldy. Men Isanyň öňünde öz bedenimiň her bir öýjüginiň açyk bolandygyny duýdum. Özümde arassalanma bolup geçdigiçe,

men Onuň keşbini mese-mälim görüp başladym. Ilki men Onuň gözlerini gördüm. Onuň nazary içiňden geçýärdi, sandyrama döredýärdi, şol bir wagtyň özünde-de söýgüden doludy.

Mundan soň Isa meniň dostuma onuň ýerdäki işiniň gutarmandygyny, oňa yzyna dolanmanyň zerurdygyny görkezipdir. Ýerde lukmanlar eýýäm onuň ölendigini aýdypdylar, şonuň üçin ol prostynyň aşagynda ýatypdyr. Ol tenine gaýdyp gelende we gymyldanynda töwereginde duran adamlary nähili gorkynyň gurşap alandygyny göz öňüne getirmek kyn däl. Bu gün ol güýçli, çuň doga-dileg edýän adam we Hudaý bilen juda gowy gatnaşykda ýaşaýar.

Pawlus Isanyň göz gapdyrýan nuruň içinde ýaşaýandygyny we Ony adamlaryň hijisiniň görmeýändigini we görüp hem bilmejekdigini ýazýar. Mezmurçy Rebbiň nury don kimin geýýändigini yglan edýär (Zebur 103:2-ä seret). Meniň dostum Rebbi görüp bildi, sebäbi şol pursatda ol özüniň fiziki teninde däldi. Pawlus şol göz gapdyrýan nuruň güýjüni Damaska barýan ýolda başdan geçirýär. Ine, ol bu barada Agrippa patyşa nähili gürrüň berýär: «Eý patyşa, günortanlar ýolda Gökden meniň we meniň bilen barýanlaryň daş-töweregini ýagtyldan, Günüň şöhlesinden hem güýçli bir nur gördüm» (Resullaryň işleri 26:13).

Pawlus Isanyň ýüzüni görmedi, ol diňe Ondan çykýan Ýakyn Gündogaryň günortanky Günüň şöhlesinden hem güýçli bir nury gördi. Men Florida ştatynda 12 ýyl ýaşadym, ony ýene Güneşli ştat diýip hem atlandyrýarlar. Men Güne şeýle bir öwrenişipdirin welin, maňa hatda Günden goraýan äýnek hem gerek däl. Ýöne ýol ugruna Ýakyn Gündogardan geçmeli bolanymda, men äýneksiz gezip bilmedim. Gury çöl klimaty sebäpli ol ýerlerde Gün has-da ýagtyly bolýar. Oňa ertirine sagat sekiz on aralygynda çydap bolýar, emma on birden gündiz ikä çenli ol çendenaşa ýagtyly bolýar. Şeýle-de bolsa, Pawlus Isadan çykan

ýagtynyň ondan-da ýiti bolandygyny aýdýar! Göreçlerimiziň Günüň ýagtysyna döz gelip bilmeýändigi, oňa seretseň, gözüň zaýalanmagynyň mümkindigi sebäpli, biz çagalara Güne seretmeli däldigini öwredýäris. Şeýle-de bolsa, öz ýaşaýan ýeriňizde günortanky Güne seretjek bolýandygyňyzy göz öňüne getiriň. Bulut öňüni tutýança, oňa seretmek aslynda mümkin däl. Hudaýyň şöhraty Günüň ýagtysyndan köp esse artykmaçdyr.

Ýowel bilen Işaýa, soňky günlerde Rebbiň şöhraty görnende, onuň bilen deňeşdireniňde Günüň garaňky boljakdygyny bellediler.

> Ine, Rebbiň güni... gelýär, ... asmanyň ýyzldyzlary, olaryň toplumy yşyk bermezler; Gün dogsa-da garalar, Aý nuruny saçmaz (Işaýa 13:9, 10)

Biz bulutsyz gijede gezelenç edenimizde, asmanda näme görýäris? Kän ýyldyzlary. Ýöne ertir bilen Gün doganda näme bolýar? Ýyldyzlar bolmaýar! Näme, Gün doganda ýyldyzlar nirädir bir ýere gaçyp gidýärlermi, ol batandan soň hem, yzlaryna ýene gaýdyp gelýärlermi? Ýok. Ýyldyzlaryň ýagtysy – bu bir derejedir, Günüň ýagtysy bolsa başgaça, has ýokary derejedir. Gün doganda onuň öwüşgini ýyldyzlaryň hemmesini garaldýar. Isa ýere gaýdyp gelende, Onuň şöhraty Günüň ýagtysyny garaldar, Gün şöhle saçmagyny dowam edip duran bolsa-da, asla görünmez! Haleluýa! ,

Rebbiň şöhraty islendik ýagtydan üstün bolar. Ol kämil hem hemme zady ýuwudyjy nurdur. Ine, näme üçin Onuň ikinji gezek gelmesi bütin ýer ýüzünde bolýan eken.

> Ynsanlar Rebden gorkusyna, Onuň beýik şöhratyndan ýaňa, gaýalardaky jaýryklara, ýerdäki uçutlara girerler (Işaýa 2:19).

# HUDAÝY HUDAÝ EDÝÄN ZATLARYŇ HEMMESI

Hudaýyň şöhraty näme? Bu soraga jogap bermek üçin Musanyň Hudaýa Öz şöhratyny görkezmegini haýyş edip ýüzlenişine seredeliň: Musa: «Ýalbarýan, maňa şöhratyňy görkez» diýdi (Müsürden çykyş 33:18).

Iwrit dilinde «*kawod*» sözi ulanylan. Strongyň Mukaddes Kitap sözlüginde oňa «nämedir bir zadyň agramy, ýöne diňe göçme we položitel manysynda» diýlip kesgitleme berilýär. Bu kesgitlemä *ajaýyplyk, bolçulyk we hormat* hem girýär. Musa: «Maňa Özüňi Özüňiň bar ajaýyplygyňda görkez» - diýip, haýyş etdi. Hudaýyň jogabyny ünsli okaň: Reb oňa şeýle diýdi: «Men siziň öňüňizden ähli ajaýyplygym (iňlis dilinde «merhemet». — *Terjimeçiniň belligi*.) bilen geçerin we siziň öňüňizde Reb adymy jar ederin» (Müsürden çykyş 33:19, TRT).

Musa Hudaýdan bütin şöhratyny görkezmegini haýyş edeninden soň, Reb «Özüniň bütin ýagşylygyny» görkezjekdigini aýdyp jogap berýär. Iwrit dilinde *ýagşylyk* «*tow*» sözi bilen aňladylan. Ol «ýagşylygy, iň giň manysyndaky gowulygy» aňladýar. Başga sözler bilen aýtsak, bizden hiç zat gizlenilmeýär.

Hudaý: «Reb adymy jar ederin» - diýip, sözüniň üstüni ýetirdi. Ýerdäki patyşa özüniň tagtly zalyna girende, jarçy onuň adyny yglan edýär. Surnaýlar ýaňlanýar, ondan soň ol özüniň bar ajaýyplygynda zala girýär. Patyşanyň ajaýyplygy görkezildi, onuň köşgündäkileriň hemmesi hökümdaryň kimdigini gürrüňsiz bilýärler. Şeýle-de bolsa, şol monarh adaty geými geýip, ýanyna wezirlerini alman, şäheriň köçelerine aýlansa, töwereginäki adamlaryň ony tanaman we oňa üns bermän, deňinden geçip gitmekleri-de mümkin. Düýp manysynda bu Rebbiň Musa üçin eden zady boldy. Ol: «Men adymy jar ederin we Özümiň bütin ajaýyplygymda seniň ýanyňda giderin» - diýdi.

Rebbiň şöhraty Isa Mesihde açylýar (2 Kor. 4:6). Köpler

özleriniň görnüş görendiklerini, özlerine Isanyň görnendigini we Isanyň ýüzüni görendiklerini aýdýarlar. Bolup biler. Ýöne Ol doly şöhratynda görünmedi. Pawlus: «Şindi her zady öçügsi aýnada gören ýaly görýäris, ýöne soňra ýüzbe-ýüz göreris» (1 Kor. 13:12) – diýip ýazýar. Ol bizden öçügsi aýnanyň aňyrsynda gizlenen ýalydyr, sebäbi adamlaryň hiç biri-de Ony doly şöhratynda görüp, diri galyp bilmeýär.

Şägirtler Isa ölümden direleninden soň, Onuň ýüzüne seretdiler, ýöne Ol Özüniň doly şöhratynda açylmady. Hatda köneäht döwründe-de käbir adamlar Rebbi gördüler, emma Ol olara Özüniň doly ajaýyplygynda görünmedi. Reb Mamräniň dub tokaýjygynyň ýanynda Ybraýyma göründi, ýöne doly şöhratynda görünmedi (Gelip çykyş 18:1, 2-ä seret). Ýakup Hudaý bilen göreşdi, ýöne Ol oňa doly ajaýyplygynda görünmedi (Gelip çykyş 32:24-30-a seret).

Ýeşuwa Ýerihony almazyndan öň Rebbiň ýüzüne seretdi (Ýeşuwa 5:13-15-e seret). Reb oňa esger geýminde göründi. Ýeşuwa öz öňünde kimiň durandygyna düşünmedi, şonuň üçin: «Sen hem biziňkileriň birimiň ýa-da duşmanmysyň?» - diýip sorady. Hudaý oňa Özüniň Rebbiň goşunynyň serkerdesidigini we Ýeşuwanyň köwşüni çykarmalydygyny, sebäbi onuň mukaddes ýerde durandygyny aýdyp jogap berýär. Meniň «şöhraty içinde bolman», adaty adam ýaly geýnip, öz patyşalygynyň köçelerinde aýlanyp ýören patyşa baradaky mysalymy ýada salyň. Adamlaryň ony tanaman deňinden geçip gitmekleri-de mümkin. Bu Ýeşuwada bolan ýagdaýy takyk suratlandyrýar.

Rebbiň ölümden direleninden soňky wagt babatda şeýledir. Magdalaly Merýem Isanyň direleninden soň ilkinji gürleşen adamy bolupdy, şeýle-de bolsa ol bagban bilen gürleşýändirin öýtdi (Ýohanna 20:15, 16-a seret). Resullar deňziň kenarynda Isa bilen balyk iýdiler (Ýohanna 21:9-13-e seret). Iki şägirt Isa bilen

Emmausa gitdiler, «ýöne olaryň gözleri baglanandy» (Luka. 24:16-a seret). Bu adamlaryň hemmesi Onuň barlygyna döz geldiler, sebäbi Ol Öz şöhratyny dolulygyna açmady.

Ylahyýetçi Ýohannanyň Rebbi ruhda görşi muňa doly garşydaş zat boldy we Onuň bilen deňziň kenarynda naharlanan wagtyndakysyndan tapawutlanýan düýbünden başgaça duýgyny duýdy, sebäbi ol Rebbi doly şöhraty içinde gördi. Ol Ony şeýle suratlandyrdy:

> Men özüm bilen gepleşýäni görjek bolup, ses gelen tarapa öwrüldim. Öwrülenimde, ýedi altyn çyradany, olaryň arasynda bolsa ynsan ogluna meňzeş Birini gördüm. Onuň egnindäki lybasy topugyna düşüp durdy, bilinde bolsa altyndan guşagy bardy. Onuň saçlary ýüň ýaly, gar ýaly ap-akdy, gözleri alawlaýan ot ýalydy, aýaklary kürede gyzardylan mis ýaly ýalpyldaýardy, sesi ägirt ummanyň güwwüldisi ýalydy. Sag elinde ýedi ýyldyz bardy, agzyndan iki ýüzli kesgir gylyç çykyp durdy. Onuň ýüzi süýrgünortanyň Güni kimin parlaýardy. Men Ony gören badyma öli kimin aýaklaryna ýykyldym... (Aýanlyk 1:12-17)

Onuň ýüzi bar güýji bilen ýaldyrap duran Gün ýalydy. Ýohanna nädip Oňa seredip bildikä? Ol ruhdady.

*Rebbiň şöhraty* — bu Hudaýy Hudaý edýän zatdyr. Onuň gylyklary: ygtyýar, güýç we akyldarlyk – bu zatlaryň hemmesi Hudaýyň ölçäp bolmajak ajaýyplygyny düzýär. Hiç zat gizlenilmedi we hiç zat saklanylyp galmady! Ol şol üçünji gün Sinaý dagynyň üstüne inen Biridir.

Ysraýyl taýýardymy? Adamlar Onuň şöhratyna nähili jogap berdiler? Biz taýýar bolarysmy? Onuň geljek şöhratyna biz nähili jogap bereris?

5-NJI BAP

# DAGA TARAP BARÝAN ÝOL

***Biz Özüni ýakyndan tanar ýaly, Hudaý bizi Özüniň dagyna çagyrýar. Şol daga barýan ýol – bu Rebden gorkýan ýürekden dörän mukaddeslikdir.***

Ysraýyl ogullarynyň köpüsi üçünji güne doly taýýardyrys öýden bolmaklary mümkin. Şoňa çenli olar Hudaýyň halk üçin görkezen beýik halas ediji gudratlaryna ençeme gezek şaýat bolupdylar. Şeýle-de bolsa, olar Onuň şöhratynyň aýan bolmasyny görmändiler. Halk özüniň jogapkärçiligine dogry düşündimi?

> Bütin halk gök gümmürdisini, ýalny, surnaý sesini hem-de dagyň tüsseleýänini gördi we olar bu zatlary görende yza çekildiler-de, uzakda durdylar. Soňra olar Musa: «Bize sen geple, biz diňläris, ýöne biz ölmez ýaly, Hudaý bize geplemesin» diýdiler (Müsürden çykyş 20:18, 19).

Adamlar gorkdular-da, yza çekildiler. Olar Hudaýyň fiziki

dünýäde ýaňlanan sesini eşitmek islemediler hem-de Onuň şöhratdan doly barlygynda bolmagy höwes etmediler. Ysraýyl ogullary şu wagta çenli başga halklaryň görmedik beýik gudratlarynyň şaýatlary boldular. Siz, tutuş deňiz beýlede dursun, iň bolmanda köli ikä bölen wagyzçylary tanaýarsyňyzmy? Millionlarça adamy naharlamaga ýeter ýaly çöregi gökden ýagdyrmak üçin näçe gullukçy doga edýär? Ysraýylyň üstüne her gün 110 wagondan ybarat bolan iki ýük otlusyny dolduryp biljek mannanyň ýagandygyny hünärmenler hasapladylar!

## ONUŇ ŞÖHRATYNDAN YZA ÇEKILMEK

Şol halk häzirki ýygnakdan köp tapawutlanmaýar. Eger halas bolma hakda gürrüň etsek, onda olar ýokardan dogulmanyň alamaty bolan Müsürden çykdylar. Eger azatlyk hakda gürrüň etsek, onda olar özlerini ezijilerden azat edilipdiler. Biz Täze Ähtde şu barada okaýarys: «Ol bizi garaňkylygyň ygtyýaryndan halas edip, Özüniň söýgüli Oglunyň Patyşalygyna alyp girdi» (Kol. 1:13, TRT). Hudaýyň gudratlary barada aýtsak, onda olar gudratlary ýeterlik derejede başdan geçirdiler, häzirki zaman ýygnagynda hem, köp mesihiler şonuň ýaly zady başdan geçirýärler.

Üstünlik gazanma babatda näme? Olar günäkärleriň baýlygyny aldylar, ony Hudaý dogry adamlaryň aýaklarynyň astyna goýupdy: «Ysraýyllary altyn hem kümüş bilen alyp çykdy» (Zebur 104:37).

Şypa alma bolupdymy? Mukaddes Ýazgyda: «tireleriň arasynda syrkawlan bolmady» (Zebur 104:37) – diýilýär. Musa Müsürden üç million sany güýçli, sagdyn adam bilen çykdy. Siz içinde üç million halky bolsa-da, ýekeje syrkawy bolmadyk, keselhanalarynyň hemmesi boş duran şäheri göz öňüne getirip bilýärsiňizmi? Ysraýyllar dört ýüz ýylyň dowamynda gulçulykda boldular. Olar Pesah guzusynyň etini iýenlerinde nähili

gudratlaryň we şypa almanyň bolandygyny göz öňüne getirip bir görüň!

Ol adamlar şypaly gutulyşy-da, gudratlary-da, Hudaýdan çykýan azat ediji güýji-de duýup gördüler. Her gezek Reb olaryň bähbidi üçin Özüniň gudratly güýjüni görkezende, olar begendiler. Olar tans etdiler we bu gün ýygnakda bolşy ýaly, Ony şöhratlandyrdylar (Müsürden çykyş 15:1, 20-ä seret). Rebbiň gudratly alamatlarynyň olary özüne çekenini, sebäbi olardan olaryň peýda alandyklaryny, ýöne Hudaýyň şöhraty aýan bolanda gorkup, olaryň şobada yza çekilendiklerini bellemek gyzyklydyr.

Görkezilen gudratlaryň atmosferasynda özlerini gowy duýan we begenç duýgusyna beslenen bu adamlar näme sebäpden Hudaýyň şöhraty peýda bolan wagtynda güýçli oňaýsyzlyk duýdular, hatda yza-da çekildiler? Olar gudratlar atmosferasynda özleriniň günälerini gizläp bildiler.

Şol günde köp adamlar: «Ýa Reb, ýa Reb, biz seniň adyň bilen pygamberlik etmedikmi? Seniň adyň bilen jynlary kowmadykmy? Seniň adyň bilen köp gudratlar görkezmedikmi?» diýerler. Ol bolsa olara: «Eý betkärler, Men sizi asla tanamaýaryn, ýanymdan aýrylyň!» (Matta 7:22, 23) – diýip, açyk aýdar. Mähelle Hudaýyň gudratlary hem alamatlary bilen tanyşdy, hatda adamlaryň käbirleri-de olary görkezip bilýärdiler, şeýle-de bolsa, olar durmuşynda günälerini gizleýärler. Ýöne Onuň şöhratly, mukaddes barlygynda ýekeje günäni hem gizläp bolýan däldir, sebäbi Hudaýyň nury gizlin zatlaryň hemmesiniň üstüni açýandyr.

Täze Ähtde Isa bize şeýle diýýär:

> Emma Men size, Öz dostlaryma aýdýaryn, teni öldürip, başga zat etmegi başarmaýanlardan gorkmaň. Kimden gorkmalydygyňyzy Men size aýdaýyn: öldürenden soň dowzaha zyňyp Bilýänden gorkuň. Hawa, size diýýärin, Ondan gorkuň! (Luka 12:4, 5)

Isa muny näme üçin aýdýar? Munuň ýaly sözlere esaslanma ondan öňki iki aýatda, Isanyň bize Hudaýdan gorkmalydygyny aýdýan ýerinde peýda bolýar: «Üsti açylmajak ýapyk zat, bilinmejek gizlin zat ýokdur. Şonuň üçin garaňkylykda aýdan zadyňyz ýagtylykda eşidiler» (Luka 12:2, 3).

Biz adatdan daşary gudratlaryň içinde ýaşasagam, içimizde günälerimizi gizläp bileris, ýöne Hudaýyň şöhratynyň nurunda günä gizlin galyp bilmez! Hudaýa gulak asmadyk Adam bilen How Erem bagynda Rebbiň şöhratyndan gizlendi. Olaryň Hudaý bilen bile gezelenç edýän salkyn wagty bardy (Gelip çykyş 2, 3). Isa şeýle düşündirýär: «Şer iş edýän nury ýigrenýändir, ol işleriniň äşgär bolmazlygy üçin nura gelýän däldir» (Ýohanna 3:20).

Musa öz halkyna göwünlik berdi: «Gorkmaň, çünki Hudaý sizi synamak üçin we Ondan gorkup, günä etmezligiňiz üçin geldi» diýdi. Musa Hudaýyň bolýan tüm garaňkylygyna girende, adamlar uzakda durdular» (Müsürden çykyş 20:20, 21).

Siziň şeýle pikir etmegiňiz mümkin: *eýsem, Musa ýagtylyga däl-de, garaňkylyga girdimi?!* Rebbiň şeýle göz gapdyryjydygyny, Onuň goýy, gara bulutda gizlenmäge mejbur bolanyny ýada salmak gerek. Musa Hudaýyň nuruna golaýlaşdy, şol wagtda beýleki adamlar ondan gaçdylar. Ysraýylyň Kanun taglymatyndaky jogaby has-da güýçli ýaňlanýar: «Ine, Hudaýymyz Reb bize Öz şöhratyny we beýikligini görkezdi. Biz Onuň ot içinden çykýan sesini eşitdik» (Kanun taglymaty 5:24). Eger bulut beýle goýy hem garaňky bolmadyk bolsa, näme boljakdygyny göz öňüne getirip bilýärsiňizmi? Onuň garaňky buludyň içinde durandygyna garamazdan, ýüzüniň titreme döredýändigi sebäpli, olar Ony iýiji oda deňediler!

Musa haýal etmän: «Gorkmaň!» - diýip, göwünlik berdi. Ol olaryň Hudaýyň barlygyna, hakyky ýaşaýyş çeşmesiniň çogup çykýan ýerine girmegini isledi. Ol bizi näme üçin synaýar? Belki,

Ol biziň ýüregimiziň içinde nämäniň gizlenýändigini görmek isleýändir?

Ýok, Ol eýýäm ony bilýär. Öz ýüregimizde nämäniň gizlenýändigini özümiziň bilmegimiz üçin Ol bizi synaýar. Ysraýyl ogullary özleriniň Rebden gorkýandyklaryny ýa gorkmaýandyklaryny bilmelidiler. Eger olarda Rebden gorkma bolan bolsa, onda olar şondan soň günä etmezdiler. Hudaýdan daşlaşanymyzda günä peýda bolýar.

Musa: «Gorkmaň» - diýdi, soň hem, «Ondan gorkup, günä etmezligiňiz üçin geldi» - diýip belledi. Ol Hudaýyň barlygynda gorkuda bolmak bilen Rebden gorkmanyň arasynda takyk serhet geçirdi. Musa Hudaýdan gorkýardy, adamlar bolsa, özlerini söýýärdiler.

Hudaýdan gorkmak — diýmek, dünýäde Ony hemme zatdan artyk söýmekdir! Bu hatda ýagdaýlar eglişik edeniň ýa-da Onuň Sözüne tabyn bolmazlygyň bähbitliräkdigini aýdýan ýagdaýynda-da, Oňa tabyn bolmaga taýýar bolmaklygy aňladýar. Kim öz-özüni söýýän bolsa, onda Hudaýdan gorkma ýokdur, şonuň üçin hakykat, ine, nämede jemlenýär, eger Hudaýdan gorkmaýan bolsak, onda Ol Öz şöhratyny görkezeninde gorkup gaçarys! Ýatda saklaň, ol adamlar Hudaýyň barlygynyň şöhratyndan gaçdylar, Musa bolsa, Oňa golaýlaşdy.

Kanun taglymaty kitaby Müsürden çykyş kitabyndan köp ýyllar geçenden soň ýazyldy we wada berlen ýurda girmäge taýýarlanýan täze nesile niýetlenildi. Şonuň üçin bize tanyş bolan geçmişdäki wakalar bu kitapda birneme başga görnüşde suratlandyrylan. Hudaýyň şöhraty gara buludyň içinde peýda bolanda, näme bolandygyny Musa adamlara ýatlatdy. Şonda olar Musa nalap: «Seniň özüň golaý bar-da, Hudaýymyz Rebbiň aýtjak zatlarynyň hemmesini diňle. Soňra Hudaýymyz Rebbiň aýdanlarynyň hemmesini bize gürrüň ber. Biz saňa gulak asarys

we berjaý ederis» (Kanun taglymaty 5:27) – diýdiler.

Olar özleriniň ýerine Rebbiň diýenlerini Musanyň diňlemegini islediler we ony diňlemäge hem-de Hudaýyň isleýän zatlarynyň hemmesini ýerine ýetirmäge söz berdiler. Eger olaryň içlerinde günä bilen garaňkylyk gizlenmedik bolsa, onda olar Hudaý bilen göni gürleşip bilerdiler. Gowy niýetler hemişe dogry netijelere alyp barmaýar. Ysraýyl ogullary birýarym müň ýylyň dowamynda şeýle etmäge synanyşdylar, beýle etmeklik bolsa, olara Hudaýyň ýollaryndan ýöremegi öwretmedi.

Näçe mesihiler olara meňzeş? Başgalardan Rebbiň sözüni kabul edýäris, özümiz bolsa, Hudaýyň dagyndan daşda durýarysmy? Hudaýyň öz ýüregimiziň ähli syrlaryny açyk aýdyň edýän sesini eşitmekden gorkýarysmy? Eger juda golaýlaşsak, onda gizlin saklamak isleýän zatlarymyzyň üsti açylar diýip gorkýarysmy? Eger nämedir bir zat gizlinlikde galsa, onda bizde oňa garşy durma zerurlygy peýda bolýar. Biz özümize ýakymsyz bolan zat bilen göreşmegi islemeýäris.

Ysraýylyň jogaby Musany gynandyrdy. Halkda näme sebäpden Hudaýyň barlygyna teşneligiň ýokdugyna ol düşünmedi. Olar nädip beýle nadan bolup bilýärkäler? Olar nädip beýle kör bolup bilýärkäler? Näme üçin olaryň hemmesi diri Hudaý bilen ýüzbe-ýüz duşuşmakdan ýüz öwürýärkäler?

Musa ýagdaýy düzetme umydy bilen öz howsalalarynyň hemmesini Rebbiň aýaklarynyň astyna getirdi. Ýöne ol şeýle edende, onuň bilen Hudaýyň arasynda näme bolandygyna serediň: «Meniň bilen gepleşen wagtyňyz, Reb siziň maňa aýdan sözleriňizi eşidip, maňa şeýle diýdi: “Men bu halkyň saňa aýdanlaryny eşitdim. Olaryň aýdan zatlarynyň hemmesi gowy”» (Kanun taglymaty 5:28).

Musanyň Hudaýyň jogabyna juda haýran galan bolmagy mümkin. Has takygy ol: *«Näme? Olar mamlamy? Iň bolmanda*

*ýekeje gezek, ýöne hakykatdan hem, mamla!»* - diýip pikir edendir. Belki, ol ýüreginde Hudaýa nalap ýüzlenendir: «Olar näme üçin Seniň barlygyňa girip bilmeýärler? Muny Seniň Özüň islediň ahyry». Oňa sözüni gutarmaga maý bermän, Reb jogap berendir, şonda Onuň sözlerinde gussa duýlandyr: «Käşgä olar diňe şu pikirde bolup, Menden gorkup, ähli buýruklarymy hemişe saklasadylar, onda olar we olaryň çagalary asyrlar boýy eşretde ýaşardylar!» (Kanun taglymaty 5:29).

Reb olaryň Özüniň mukaddes dagyna gelip, Özüni görmeklerini isledi. Ol olara Özüni açmak isledi, ýöne olara Onuň barlygyna döz gelmäge mümkinçilik berýän – mukaddes gorky – ýetmezçilik edýärdi. Şondan soň biz Rebbiň Musa aýdan sözlerinde gussany ýiti duýýarys: «Bar, git-de olara: “Çadyrlaryňyza dolanyň!” diý» (Kanun taglymaty 5:30).

Nähili çuň lapykeçlik! Bu olaryň iň gara güni bolupdy. Köpler Ysraýyl ogullarynyň gara güni wada berlen ýurda girmäge zeýrençleriniň päsgel beren güni ýa-da olaryň altyn göläniň şekilini ýasan günleri diýip çak edýärler. Ýok, dostlarym, olaryň gara güni hut şol ýerde, dagyň eteginde boldy. Eger şol gün olar ýüreklerini mukaddes eden bolsalar, onda Rebbiň şöhratly barlygyna girip bilerdiler. Şonda altyn göle-de, wada berlen ýurda girmäge päsgel beren zeýrenjem bolmazdy.

Bu gün hem şeýle ýagdaý edil şonuň ýaly aktual. Adamyň durmuşyndaky iň gara gün ol oýnaşy bilen düşege girende ýa-da öz başlygynyň puluny ogurlanynda bolmaýar. Ol gün adam Hudaýyň dünýewi islegleri goýup, Özi bilen gatnaşmak üçin patyşa köşgüne girmäge beren çakylygyny kabul etmekden ýüz öwreninde gelýär. Eger ol Onuň çakylygyny kabul etse, onda şonuň ýaly gara gün onuň durmuşynda hiç haçan bolmaýar.

Ýigit üçin iň erbet güni ol içip doýanda, neşeden sanjym edende ýa-da ogurlygy sebäpli tussag astyna alnanda gelmeýär.

Ol gün ýaş ýigit deň-duşlarynyň yzyna eýerip, Patyşanyň Öz ýanyna gelme çakylygyny äsgermezçilik edende gelýär. Daşyndan hiç zadam beýle bir gynandyryjy görünmeýär, ýöne Rebbiň çakylygy aňsatlyk bilen inkär edileninde, gökler gussa çekýär.

Hudaý Ysraýyl ogullaryna çadyrlaryna dolanmagy buýurdy, emma Özünden gorkýan adama Ol: «Sen bolsa bu ýerde Meniň ýanymda gal, Men saňa tabşyryklarymyň hemmesini aýtjak» (Kanun taglymaty 5:31) – diýdi.

Musa ýüreginde ýaşaýan Hudaýdan gorkmanyň arkasyndan Hudaýyň öňünde durup, Onuň sözlerini eşidip bildi. Eger beýlekilerem Rebden gorkma bilen özlerini Müsüriň hapasyndan arassalan bolsalar, onda Musa bilen bile durup bilerdiler. Soňrak Musa olara: «Reb dagda ot içinden siziň bilen ýüzbe-ýüz durup gepleşdi. Şol wagt Rebbiň sözlerini size ýetirmek üçin, Reb bilen siziň araňyzda men durdum, çünki siz otdan gorkup, daga çykmadyňyz» (Kanun taglymaty 5:4, 5) – diýdi.

Ysraýyl ogullary Rebbiň şöhratynyň nurunda ýüreklerini açmaga ýagdaýymyz ýokdur diýip pikir etdiler, şonuň üçin olar yza çekilip, özlerini howpsuzlykda duýan ýerlerinde durdular. Eger olar ýüreklerini açan bolsalar, onda Hudaýyň nury olary, aýan bolaýjak islendik hapalykdan saplap bilerdi, emma olar özleriniň duran ýerlerinde galanyny gowy gördüler, özgermegi bolsa olar islemediler.

Geliň, birazrajyk yza çekilip, bolan zatlara Hudaýyň nukdaýnazarynda seredip göreliň. Öz halkyny gulçulykdan alyp çykmak üçin Reb alamatlar hem sandyrama döredýän gudratlar bilen utgaşdyryp, ummasyz işleri etdi. Mukaddes Ýazgy Onuň Özüniň güýçli elini uzadandygyna şaýatlyk edýär. Ol halky Özüniň gutarnykly maksadyna – Öz ýanyna – alyp gelmeklige takyk alyp bardy we taýýarlady. Hudaý Ysraýyl ogullarynyň hemmesine Özüniň ruhanylary boljakdyklaryny we olaryň

arasynda bolup, olaryň Hudaýy boljakdygyny, olaryň hem Onuň halky boljakdyklaryny aýtdy. Reb olar üçin nähili söýgi akymyny taýýarlapdy! Emma Ol olary alyp gelende bolsa, hemmesi gaçdy!

Hudaý haçan Ata boldy? Isa doglanynda boldumy? Ýok! Onda Ata ýüregi hemişe-de urýardy. Reb adamlara Özüni aladaçyllyk bilen açmak üçin olary Öz ýanyna alyp gelende, olar hem gaçanlarynda, Onuň ýüreginiň nähili duýgy duýanyny göz öňüne getirip bilýärsiňizmi? Olar Onuň ýüregini paraladylar.

## ŞÖHRATYŇ ÖWÜŞGINI

Indi halkyň näme sebäpden dagdan çekilendikleri bize Kanun taglymaty kitabyndan düşnükli bolandan soň, geliň, Hudaýyň daga inen ýerine gaýdyp baralyň. Halk Rebden daşlaşma kararyna gelende, Ol ruhanylygyň başlangyjyny goýdy. Reb olaryň arasyndan, bütin halkyň adyndan, Özüniň şöhratly barlygyna girer ýaly, adam saýlamalydy. Ol Haruny saýlady: «Aşak düş-de, Haruny özüň bilen alyp gel» (Müsürden çykyş 19:24) – diýdi. Emma Harun Hudaýyň barlygyna girmäge milt etmedi-de, beýlekiler bilen yza çekildi (Müsürden çykyş 20:21-e seret).

Hudaý ýene Musa gürledi: «Sen, Harun, Nadap, Abyhu we Ysraýylyň ýetmiş sany ýaşulusy Meniň ýanyma gelip, uzakdan sežde ediň. Musanyň ýeke özi Rebbe golaýlaşsyn, beýlekiler ýakynlaşmasynlar, hatda halk daga-da aýak basmasyn» (Müsürden çykyş 24:1, 2).

Hudaý Haruny, onuň ogullaryny we Ysraýyl ýaşulularyny saýlady, olaryň arasynda Ýeşuwa-da bardy. Reb Haruny iň beýik ýere çagyrmady, ol diňe düşelgäniň derejesinden ýokarrakda duran eňňide çykmalydy. Özünde Hudaýdan gorkmanyň ýoklugy sebäpli, ol Rebden eýýäm bir gezek gaçypdy, indi ol Oňa diňe uzakda durup tagzym edip bilýärdi. Bu gün hem köpler Hudaýa uzagrakdan tagzym edýärler, sebäbi bu howpsuz

bolýar. Gudratygüýçlä tagzym etmeklige bolan içki talaplaryny kanagatlandyranlaryndan soň olar ýürekleriniň mukaddes edilmesinden gaçýarlar.

Halk dagyň eňňidinde tagzym edýänleriň gözleri bilen Ysraýylyň Hudaýynyň keşbini gördi: «Onuň aýaklarynyň astynda edil ýakut daşyndan edilen ýaly meýdança bardy. Ol asman ýaly dup-durudy» (Müsürden çykyş 24:10). Metýu Genriniň teswirlemesinde, meniň pikirimçe, ol ýerde bolup geçen zadyň takyk suratlandyrylmasy berilýär:

> Olar Ysraýylyň Hudaýyny gördüler (10-njy aýat), aslynda olar Onuň nurdaky we otdaky şöhradynyň diňe öwüşginini gördüler, ýagny olar Rebbi däl-de, Onuň duran ýerini gördüler (Septuagintde şeýle ýazylan). Bu Hudaýa ýakyn bolan bir zatdy, emma Hudaýyň Özi däldi, olaryň gören zadyndan, hatda keşp ýasap ýa-da surat çekip hem bolmaýardy, şeýle-de bolsa, olar özleriniň ýanynda Rebbiň şeýle durandygy bilen hem kanagatlandylar.

Adamlar diňe öwüşgin gördüler, Onuň şöhratly barlygyna girelge bolsa, indi olar üçin ýapykdy. Reb bilen ýakyn gatnaşyklaryň açary Musanyň içinde ýaşaýan Hudaýdan gorkmadady. Hudaý ony Öz ýanyna çagyrdy: «Meniň ýanyma daga çykyp, ol ýerde garaş» (Müsürden çykyş 24:12).

Hudaýyň Musa diýen zady maňa nähili ýaraýar! Dag – bu Rebbiň Özüniň gizlin pikirlerini we Öz ýollaryny görkezýän gizlin ýeridir. Hut şol ýerden hem Onuň hazynalaryny tapyp bolýar. Işaýa bize şeýle diýýär:

> Ýokarda ýaşaýan Reb beýikdir, ... Seniň howpsuz döwürleriň geler, bol gutulyş, danalyk hem bilim bolar; Rebden gorky seniň hazynaň bolar (Işaýa 33:5, 6).

Rebden gorkma, edil açar ýaly bolup, Hudaýy tanamanyň hazynasyny açýar. Başga bir ýerde biz şeýle sözleri okaýarys: «Ol Öz ýollaryny Musa, Öz işlerini bolsa, Ysraýyl ogullaryna görkezdi» (Zebur 102:7). Musa Hudaýyň ýollaryny bilýärdi, ol olary dagyň üstünde açdy. Başgalar Hudaýy özleriniň durmuşynda görkezen gudratlary boýunça tanap bilýärdiler. Bu gün köp imanlylar Rebbi özleriniň durmuşynda görkezen gudratlary boýunça tanaýarlar! Olar fiziki taýdan şypa alyp, dürli mätäçlikleriniň kanagatlanmasyny we maddy taýdan öňe gitmäni, şeýle hem, başga meselelerine jogaplary alyp bilýärler. Şeýle-de bolsa, olar şu wagta çenli-de, Onuň ýollaryny bilmek üçin daga çykmadylar, sebäbi olaryň islegleri, ilkinji nobatda, dünýewi zatlarda jemlenen. Olarda Rebden gorkmaklyk ýok.

Hudaý Özi bilen ýakyn gatnaşykda bolmagymyz üçin bizi dagyň üstüne çykmaklyga çagyrýar. Şol daga barýan ýol – Hudaýdan gorkýan ýürekden çykýan mukaddeslikdir. Ol: «Rebbiň syry Ondan gorkýanlara aýan edilýändir. Ol olara ähtini bildirer» (Zebur 24:14) – diýip, bize anyk aýdýar.

6-NJY BAP

# GULAK ASÝAN HUDAÝ

***Eger sen dagyň ýanyna barýan bolsaň, onda özgerersiň. Eger sen, Harun ýaly, dagyň eteginde galsaň, onda seniň Hudaý baradaky düşünjäň üýtgär.***

Hudaýyň bu dünýäden halas eden halky, Onuň barlygyndan daşda, özüne daýanyp ýaşamaga başlasa, näme bolýar? Bu bapda biz munuň nähili pajygaly netijä alyp barýandygyny göreris.

## ÝANYŇYZA GAÝDYP GELÝÄNÇÄK, ŞU ÝERDE BOLUŇ

Hudaý halky özleriniň dagyň etegindäki çadyrlaryna goýberdi. Musa, Harun, we ýene ýetmiş sany ýaşuly, Hudaýa uzakdan tagzym etmek üçin, belli bir beýiklige çykdylar. Birazrajyk wagt geçenden soň, olar eýýäm tagzym edip durkalar, Hudaý diňe Musanyň ýeke özüne ýüzlenip, oňa ýokary, Özüniň barlygyna, çykmagy buýurdy. Eňňitden ýokarlygyna birneme aralygy bile ýöremegi üçin Musa Ýeşuwany saýlap aldy, Haruna we beýlekilere: «...ýanyňyza gaýdyp gelýänçäk, şu ýerde boluň»

(Müsürden çykyş 24:14) – diýip, gysgajyk buýruk berdi. Soň Musa ýokaryk, goýy buludyň içine girip gitdi-de, ol ýerde kyrk gije-gündiz boldy. Bu wagtyň dowamynda Ýeşuwa ýaşulular bilen Musanyň çykan beýikliginiň arasynda boldy. Halkyň galan bölegi aşakda dagyň etegindäki düşelgede boldy.

Biziň öň görşümiz ýaly, Harun ilki Musa bilen ýokary galmaklyga çagyryldy. Näme üçin ol şol ýere gitmedi? Ol Hudaýyň barlygynda bolanyndan, adamlaryň arasynda özüni arkaýynrak duýdy. Men muny nireden bilýärin? Onuň Rebbiň şöhratyndan ençeme gezek gaçmagy muňa şaýatlyk edýär. Mundan soň Musa kyrk günüň dowamynda ýokarda bolanda, Harunyň düşelgä gaýdyp barandygy hakda gürrüň berilýär. Ýaşulularyň galanlary hem onuň yzyna düşdüler!

Şol düşelge nämedir bir zady meniň ýadyma salýar. Müsürden (dünýäden) azat edilen we Rebbiň dagynyň eteginde duran, ýöne Onuň barlygyndan juda uzakda bolup, ýüregi-de Ondan gizlenen ýygnagy onuň bilen deňeşdirip bolar. Men *«ýatladýar»* diýýärin, sebäbi bu zatlaryň hemmesi gadym döwürdäki müsür gulçulygy wagtynda däl-de, häzir biziň aramyzda, ýygnakda gulluklaryň ähli görnüşleri we Hudaý bilen bilelikdäki işiň bar wagtynda, aslynda biziň Onuň ýüreginden uzakda duran wagtymyzda bolup geçýär. Harunyň yzyna gidesi gelýärdi. Biziň şeýle edýänlerimiz bu gün näçe sany?

## HUDAÝYŇ KEŞBINI ÇALYŞMAK

Harunyň mysalynda biz Hudaýyň güýji bilen dünýäniň ýesirliginden azat edilse-de, Onuň barlygynda bolmakdan ýüz öwürýänlere näme bolýandygyny gördük. Şol pajygaly wakalaryň nähili ýaýbaňlanandygyna seredeliň.

> Halk Musanyň dagdan yzyna dolanman, ol ýerde köp eglenenini görüp, Harunyň daşyna üýşdüler we oňa:

> «Öňümizden ýol görkezip ýörär ýaly, tur, bize bir hudaý ýasa, çünki bizi Müsürden çykaryp getiren Musa diýen adama näme bolanyny biz bilemzok» diýdiler (Müsürden çykyş 32:1)

Ine, Musa eýýäm köp günden bäri dagdady. Dagyň eteginde hiç zat bolmaýardy, şonuň üçin halk, Hudaý işjeňligini görkezmedik wagtynda dindar adamlaryň hemmesiniň edýän zatlaryny edip başlady – olar bir ýere üýşdüler. Munuň ýaly üýşmeleňler hemişe Rebbiň hormatyna geçirilýän bolsa-da, olar Hudaýyň ýüregine ýaramaýan miwäni getirýär, biz muny bu kitapda mundan beýläk göreris.

Adamlar Musa bilen ilki daga çykmaga çagyrylan, ýöne ol ýere çykmadyk adamyň, Harunyň daşyna üýşdüler. Şonda ol dagyň belli bir belentligine çenli çykma we şol ýerde Musa garaşma buýrugyny alypdy, emma ol muny-da etmändi. Näme üçin halk onuň ýanyna bardy? Sebäbi ol olara özleriniň isleýän zadyny berip bilýärdi.

Harunda liderlik sylagy bardy. Liderlik – bu Hudaý tarapyndan berilýän zatdyr (Rimliler 12:8). Şonuň ýaly sylagy bolan adamlara käbir gylyklar mahsus bolýar. Şonuň ýaly gylyklaryň biri-de, başgalary magnit ýaly özüňe çekme ukybydyr. Seniň dagda bolanyňa ýa bolmanyňa garamazdan, adamlar ýanyňa gelýärler! Bu içinde Hudaýyň barlygy bolmasa-da, adamyň nädip bäş müň adamly ýygnagy döredip bilýändigini düşündirýär. Şonuň ýaly adam, Hudaýyň däl-de, ynsan isleglerini ýerine ýetirmek üçin Hudaýdan berlen ukyby ulanýar. Ol Rebbiň islegini eşitmek üçin, şeýdip, dagyň ýokarsyna çykmady, ýöne özüne berlen sylagyň arkasyndan köp sanly yzyna eýerijileri gazandy. Huşa getiriji pikir, şeýle dälmi?

Adamlar Harundan talap edip: «Öňümizden ýol görkezip ýörär ýaly, tur, bize bir hudaý ýasa, çünki bizi Müsürden çykaryp getiren Musa diýen adama näme bolanyny biz bilemzok» - diýdiler.

Olar: «Hudaý babatda aýtsak, Oňa näme bolanyny bilmeýäris» - diýmediler. Olar Musany abraýdan düşürmek we aradan aýyrmak islediler.

Olaryň sözleriniň asyl nusganyň tekstinde nähili aýdylýanyny görenimde men, terjimeçiler olaryň manysyny berenlerinde birneme gaharlanandyrlar we *hudaýlar* (kiçi harp bilen) sözüni ulanandyrlar diýip pikir etdim. Gadymy iwrit dilinde biziň *hudaýlar* sözümiz *elohim* sözi bilen aňladylan. Köne Ähtde ol takmynan 2250 gezek ulanylýar. 2000 gezeginde ol biziň gullugyny edýän Gudratygüýçli Hudaýymyza aýdylýar. Gelip çykyş kitabynyň birinji babynda ol 32 gezek duş gelýär. Birinji aýady alalyň: «Ilki başda Hudaý (*elohim*) gögi hem ýeri ýaratdy» (1:1). Bu ýerde *elohim* Hudaý hökmünde terjime edilipdir. Bu babyň beýleki ýerleriniň hemmesinde, biziň terjimämizde Hudaý sözi ulanylan ýerlerde, asyl nusgada *elohim* sözi ulanylypdyr.

Köne Ähtiň takmynan 250 ýerinde *elohim* ýalan hudaýlary aňlatmak üçin ulanylypdyr. Şeýlelikde, bu sözüň manysyna dogry düşünmek üçin ony kontekstinde okamagymyz zerur.

Harun haýyş edýänlere: «Aýallaryňyzyň, ogullaryňyzyň we gyzlaryňyzyň gulaklaryndaky altyn halkalary aýryp, maňa getirip beriň» (Müsürden çykyş 32:2) diýdi. Bütin halk gulaklaryndaky altyn halkalary çykaryp, olary Harunyň ýanyna alyp geldiler. «Harun galyp edip, olaryň altynlaryny eredip, ondan göläniň heýkelini ýasady...» (Müsürden çykyş 32:4). Bu aýatdaky *ýasady* sözüni aňlatmak üçin asyl nusgada, «galyba guýmany» (Strongyň sözlügi) aňladýan *ýasar* sözi ulanylan.

Ol altyn göläni guýanda, adamlar bir ýere ýygnanyşyp: «Eý Ysraýyl, ynha, sizi Müsürden çykaran hudaýyňyz şudur» diýip gygyryşdylar (Müsürden çykyş 32:4). Bu ýerde-de *hudaý* sözi ulanylan ýerde ýewreý dilindäki *elohim* sözi dur. Belki, siz nämäniň bolýanyna düşünip başlansyňyz. Harun muny görende,

onuň öňünde gurbanlyk sypasyny gurdy we jar edip: «Ertir Rebbiň şanyna baýramçylyk ederis» diýdi (Müsürden çykyş 32:5).

Bu aýatda *Reb* sözüni aňlatmak üçin başga – *Iýegowa* ýa-da *Ýahwe* sözi ulanylypdyr. *Ýahwe* Köne Ähtde iň mukaddes söz bolup, ol ýeke-täk hak Hudaýyň şahsy ady bolup durýar. Ol hiç haçan ýalan hudaýlary aňlatmak üçin ulanylmandyr we şeýle bir mukaddes bolany üçin ýewreý kitapçylary hiç haçan ony doly ýazmandyrlar-da, ondan diňe çekimli harplary aýrypdyrlar. Latynçada bu YHWH görnüşinde bolupdyr. Oňa mukaddes tetragrammaton – aýdylmaýan dört harp – hem diýýärler. Bu ady ýöne ýere aýtmak bolmandyr. Ysraýylyň durmuşynda ol mukaddeslikde saklanylypdyr we her hili dil ýetirmelerden goralypdyr.

Aslynda Harun bilen Ysraýyl ogullary altyn öküzi ýasadylar we ony görkezip: «Ine Ýahwe, bizi Müsürden çykaran ýeke-täk hak Hudaýyňyz şudur!» - diýip yglan etdiler. Olar: «Ine, Bagal — bizi Müsürden alyp çykan şudur» - diýmediler. Olar özleriniň azat edilmesini başga ýalan hudaýlara degişli etmediler. Şol göläni Rebbiň ady bilen atlandyryp, olar Onuň şöhratyny altyn butuň derejesine çenli peseltdiler. Olar özlerini Ýahweniň halas edendigini we müsür ýesirliginden azat edendigini boýun aldylar we Onuň şypa beriji güýjüne garşy çykmadylar, ýöne Onuň şöhratyny kiçeltdiler!

## ŞEÝDIP, ŞU GÖLE EMELE GELDI!

Bütin bu wagtyň dowamynda Musa dagyň üstünde boldy we adamlaryň aşakda edýän zatlaryndan onuň hiç hili habary ýokdy. Hudaý oňa: «...aşak düşmäge howluk! Seniň Müsürden çykaran halkyň azdy» (Müsürden çykyş 32:7) – diýdi. Hudaý olara örän güýçli gaharlandy. Ol olara «Meniň halkym» diýmedi-de, «seniň halkyň» - diýdi.

Hudaý olar «azdy» diýdi. Bu sözüň sinonimi hökmünde başga – çüýredi – işligi ulanyp bolýar. Biz Rebbiň dagynyň eteginde ýygnak oýnuny «oýnap» başlanymyzda çüýreýäris, sebäbi Onuň ýüreginden daşlaşýan zatlaryň hemmesi çüýremä sezewar edilendir.

Soňrak Hudaý Ysraýyl barada şeýle diýdi:

> Çünki Meniň halkym iki sany pis iş etdi: Dirilik suwunyň gözbaşy bolan Meni terk etdiler, özlerine... suw saklamaýan howuzlar gazdylar (Ýermeýa 2:13).

Ol ýaşaýyş çeşmesi. Eger Onuň özümize geçmişde beren zadyny saklamaga çalyşmak bilen bir wagtyň özünde, Onuň ýüreginden daşda bolup, ýygnak oýnuny oýnasak, onda aşak togalanyp gaýdarys. Ine, näme üçin Isa: «Kim Meniň yzyma eýermek isleýän bolsa, onda özüni inkär etsin-de, haçyny alyp yzyma düşsün» (Luka 9:23) – diýýän eken. Biz her gün Onuň dagynyň ýokarsyna çykmalydyrys!

Musa aşak düşüp, düşelgäniň içine girdi. Ol ýerdäki göläni görende, gahar-gazaby gaýnap joşdy. Ol Haruna: «Beýle uly günä alyp bararyň ýaly, bu halk saňa näme etdi?» - diýip, sorag berdi. Harun özüni aklamaga başlady: «Jenabym, maňa gaharyň gelmesin, bu halkyň göçgünlidigini özüň bilýärsiň-ä. Olar maňa: “Öňümizden ýörär ýaly, bize hudaý (*elohim*) ýasa, çünki bizi Müsürden çykaryp getiren Musa diýen adama näme bolanyny bilemzok” diýdiler». Harun olaryň aýdan zatlarynyň hemmesini jikme-jik aýtdy, soň hem sözüniň üstüni ýetirip: «Şeýdip, men olardan kimde altyn bar bolsa, maňa getirip bermegini soradym. Olary alyp, otda eretdim, şeýdip, şu göle emele geldi!» (Müsürden çykyş 32:21-24) diýdi.

«Şeýdip, şu göle emele geldi». Siz onuň sözlerine ynanyp bilýärsiňizmi? Öňräkde biz onuň galyby özüniň ýasandygyny

okapdyk ahyry! Indi bolsa ol ýalan sözleýärdi. Hudaý gaharlanmaýarka aldamak bir başga, ýöne Ol juda gaharlyka aldamak düýbünden başga zat.

Men bu ýere düşünmegim üçin Hudaýa doga etdim: “Rebbim, men bu adamyň ganyna suwsandyryn ýa-da şoňa meňzeş zady isleýändirin öýtme, ýöne men diňe düşünmek isleýärin. Munuň ýaly açyk, haýasyz ýalandan ol nädip sag-aman sypyp bildi we nädip ýer ýarylyp, ony ýuwutmady? Diýmek, Sen ýalany bilmän geçirip göýberen bolýarsyň».

Rebbiň beren jogaby juda tolgundyryjy tärde meniň durmuşyma täsir etdi-de, mende bu kitaby ýazma islegini döretdi. Hudaý häzirki zaman ýygnagynda bolup geçýän zatlar babatda maňa düýbünden täzeçe düşünjäni açdy. Ine, Onuň sözleri: «Jon, Harun ýokary çykmady. Ol maňa Musa ýaly ýakyn bolmady. Şonuň üçin onuň Men baradaky şahsy düşünjesi içinde ýaşan jemgyýetine laýyklykda emele gelipdi. Ondan hut şol hem çykdy».

Şoňa çenli Harun bütin ömrüni Müsürde geçirdi (ol 80 ýaşlaryndady). Ol şol ýerde doguldy we ulaldy, onuň ene-atasy-da şol ýerde doguldular we öldüler. Içi çokunylýan butlardan doly bolan müsür medeniýeti ony gurşap alypdy. Harunyň daga çykmandygynyň, Hudaý bilen gürleşmändigini̇ň we Onuň barlygynda Musa ýaly durup bilmändigini̇ň sebäbi, onuň Ýahwe baradaky düşünjesi içinde ýaşan jemgyýetiniň täsiri astynda emele gelipdi. Harun Rebbe uzakdan seretdi we Onuň aýaklarynyň dabanyny gördi, emma, Musanyň edişi ýaly, ol Hudaýyň barlygyna ýekeje gezek hem girmedi.

Isa Patyşalygy görme we Patyşalyga girme mümkinçiligi hakda gürrüň edýär (Ýohanna 3:3,5). Patyşalygy görmek üçin bize ýokardan dogulmak we durmuşymyzdaky dünýewi zatlardan saplanmak zerurdyr. Ýöne bu entek hemmesi däl, bizi onuň içine girmeklige çagyrýarlar. Pawlus Listrada, Konýada

we Antakiýada ýaşaýan halas bolan aýallara we erkeklere: «Biz Hudaýyň Patyşalygyna köp muşakgatlar bilen girmelidiris» (Res. işl. 14:22) – diýip öwretdi. Hudaý halas bolan adamlary Özüniň Patyşalygyna girmek üçin görmeli boljak görgülerine taýýarlaýar.

Harun Müsürden azat edilipdi, bu bolsa ýokardan dogulmanyň keşbidi, ýöne ol Hudaýy ýakyndan tanamaýardy. Ol dagyň eteginde ýygnak oýnuny oýnady, munuň netijesinde hem, onuň Reb baradaky düşünjesi, içinde ulalan jemgyýetiniň butparazlyk düşünjesine çenli aşak düşdi.

## BAŞGA ISA?

Pawlus Täze Ähtde bu barada şeýle ýazýar:

> Onuň göze görünmeýän zatlary, ebedi güýji, Hudaýlygy dünýä döredilenden bäri ýaradylan zatlar arkaly görülýär, şonuň üçin olar jogapsyzdyrlar. Ýöne olar Hudaýy tanasalar-da, Ony Hudaý hökmünde şöhratlandyrmadylar we Oňa minnetdar bolmadylar (Rimliler 1:20, 21).

Olar Ony Hudaý hökmünde şöhratlandyrmaýarlar. Başga sözler bilen aýtsak, olar Rebbi tanaýarlar, ýöne Oňa hormaty mynasyp bolanyndan köp esse az goýýarlar. Ysraýyl ogullary Ýahweniň azat Edijidigini ykrar etdiler, emma Oňa mynasyp bolan hormatyny, öwgüsini we şöhratyny görkezmediler. Şol wagtdan bäri köp zat üýtgemedi. Pawlus täzeäht döwründe ýaşan adamlar hakda gürrüň etmegini dowam etdirýär:

> Pany däl Hudaýyň şöhratyny pany adamyň, guşlaryň, dört aýaklylaryň we süýreniji haýwanlaryň suratyna meňzeş zatlara öwürdiler (Rimliler 1:23 ).

Ýeke-täk hak Hudaýyň şöhratly keşbini olar mör-möjekleriň,

guşlaryň, haýwanlaryň we ölümli adamyň keşplerine öwürdiler. Häzirki zaman günbatar medeniýeti guşlara, dört aýaklylara ýa-da süýrenijilere tagzym edýärlermi? Elbetde, ýok. Eger biz altyndan nähilidir bir öküz ýasap, jaýymyzyň öňünde bir ýerde goýsak, onda adamlar üstümizden eslije gülerdiler, soň hem: «Siz gowusy ony eredip, şaý-sep baryny ýasap satyň!» - diýip, teklip ederdiler. Biziň jemgyýetimiz nämä tagzym edýär? Jogap ýönekeý – özüne, has takygy – ölümli adama. Ysraýyl haýwanlaryň we mör-möjekleriň altyn şekillerine tagzym edilýän jemgyýetinde ýaşady. Häzirki zaman ýygnak özüne, ýagny ölümli adama tagzym edilýän jemgyýetde ýaşaýar. Harun bilen ýaşulular Hudaýyň şöhratly barlygyndan yza çekilenlerinde, haýwanlaryň şekillerine tagzym edýän müsür jemgyýetiniň täsiriniň möhürini göterýän Hudaýyň keşbini göz öňüne getirdiler. Imanlylaryň Hudaýyň dagyndan yza çekilýän bu gününde, ölümsiz Hudaýyň keşbi olarda biziň häzirki zaman jemgyýetimiziň tagzym edýän zadynyň – ölümli adamyň – täsiri astynda emele gelýär.

Ine, eýýäm birnäçe ýyllardan bäri, ruhda peýda bolan bir pikir meni yzarlap ýör. Ol şu aşakyda jemlenen: biz hakyky Isa däl-de, özümiziň ýasan keşbimize gulluk edýäris. Biz Oňa Reb diýýäris we Onuň halas ediji, şypa beriji we azatlyga çykaryjy güýjüni ykrar edýäris. Ýöne ol göklerde Atasynyň sag tarapyndan oturan Isamy ýa-da ol öz keşbimizde we sypatymyzda ýasan we Reb adyny beren Isamyzmy?

## GULAK ASÝAN HUDAÝ

Butparazlyk — tagzym etmäniň örän oňaýly görnüşidir. But özüni döredenlere isleýän zatlaryny – olaryň ýürekleriniň isleglerini berýär, sebäbi olary olaryň özleri oýlap tapýarlar. Şol bir wagtyň özünde-de ol adamyň nähilidir bir ýokary zada bolan dogabitdi ymtylyşyny kanagatlandyrýar. Eger butuň

awtorlary seksual isleglerden doly bolsa, onda but olara özleriniň talaplaryna laýyk gelýän buýruklary berýär. Işaýa pygamberiň üsti bilen Reb bu barada örän aýdyň aýdýar: «Derde ýarawsyz hudaýy, ýa guýma buty kim ýasaýar?» (Işaýa 44:10).

Geliň, Harunyň altyn göläni ýasan ýerine dolanalyň we bu meselä Ysraýylyň mysalynda düşüneliň. Harun bilen bütin halk altyn göläni özlerini Müsürden alyp çykan Ýahwe diýip kabul etdiler. «Ertesi gün halk irden turup, ýakma gurbanlygyny we salamatlyk sadakasyny berdi. Adamlar iýip-içmäge oturdylar, soňra turup oýnaşmaga başladylar» (Müsürden çykyş 32:6).

Indiki gün olar turup, özleriniň Hudaýyň dagynyň etegindäki ýygnagyna gitdiler. Olar söýgi we Ýahweniň beýikligi hakda gürrüň etdiler. Olar zekat berdiler, aýdym aýtdylar we wagyz etdiler. Olaryň Ýahwesi göwünlerine ýaraýan, isleglerine gabat gelýän habary olara berdi. Mundan soň olar iýdiler we içdiler, soň hem oýnaşyp başladylar. Olaryň oýny özleriniň ten isleglerini kanagatlandyrmakda jemlenendi. Musa düşüp, olaryň ýanlaryna gelýänçe, olar halys başlaryna gidipdiler (Müsürden çykyş 32:25).

Munuň ýaly ýagdaý bize butparazlygyň köküne seretmäge mümkinçilik berýär. Bu gozgalaňdyr, muny Hudaýyň Sözi-de tassyklaýar: «...garşy çykmaklyk hem butparazlykdyr» (1 Şamuwel 15:23).

Müsürliler göle ýasaýardylar, oňa at dakýardylar, ol bolsa olaryň isleglerini ýerine ýetirýärdi. Olar ýürekleriniň jümmüşinde şol islegleriň Hudaýyň islegine garşydygyny bilýärdiler. (Hudaýyň islegini adamlaryň hemmesi ilki başdan bilýärler. Pawlus şeýle ýazýar: «Sebäbi hakykaty ýalan bilen basyp ýatyrýan adamlaryň edýän hudaýsyzlygynyň we ýalanynyň üstüne Hudaýyň gazaby Gökden aýan bolýandyr. Çünki Hudaý hakdaky mälim zatlar olara bellidir, muny Hudaý olara belli edendir» (Riml. 1:18, 19)).

Müsürden çykan ysraýyllar butparazlardan köp

tapawutlanmaýardylar, ýöne biziň hemmämiz käbir bellikleri etmelidiris. Ysraýyl ogullary Ýahweniň adyny bilýärdiler we Onuň güýjüniň galtaşmasyny özlerinde eýýäm duýup görüpdiler. Eger olar özleriniň gozgalaňçy ýollaryny goýmak we Rebbiň ýollaryny kabul etmek islemeýän bolsalar, onda olar üçin özleriniň wyždanyny köşeşdirmegiň we ten isleglerini gandyrmagyň iň gowy usuly – bu olaryň isleglerini goldajak Ýahweniň şekilini ýasamak bolýardy. Manipulýasiýa şeýle inçe hem ussatlyk bilen edilipdi welin, olary eden adamlar öz eden zatlaryna-da düşünmeýärdiler.

Pawlus Korintosdaky ýygnaga şeýle duýduryş berýär:

> Ýöne ýylanyň How enäni kezzaplyk bilen aldaýşy ýaly, siziň-de aldanmagyňyzdan gorkýaryn. Men pikirleriňiziň bulaşdyrylyp, Mesihe bolan päk sadyklygyňyzdan aýrylarmykaňyz diýip gorkýaryn. Çünki kimdir biri gelip, biziň wagyz edenimizden başga Isany wagyz edende, siz oňa geçirimlilik edýäňiz-ä! Wah, siz kabul eden Mukaddes Ruhuňyzdan başga bir ruhy ýa-da başga «hoş habary» kabul etmäge-de taýýar ahyryn! (2 Korintoslylar 11:3, 4).

Iňlis dilindäki häzirki zaman terjimede dördünji aýadyň düşündirilişi maňa ýaraýar: «Biz size Isa hakda gürrüň berdik, sizem Mukaddes Ruhy kabul etdiňiz we biziň taglymatymyzy goldadyňyz. Ýöne siz käbirlerine başga Isa hakda wagyz etmäge ýol berdiňiz. Indi siz başga ruhy kabul etmäge we başga taglymaty goldamaga taýýar bolduňyz».

Eger Hudaýyň ygtyýaryna garşy çykýan bu dünýä öýkünmek isleýän bolsak, onda ten isleglerimiziň we höweslerimiziň hemmesine eglişik etjek «öz Isamyzy» aňymyzda döretmäge töwekgelçilik edýäris. Özümiz muňa akyl ýetirmezden, nähilidir bir gulak asyjy hudaýy döretme töwekgelçiligini edýäris! Munda göze

görnüp duran gödeksi ýalan däl-de, örän inçe aldaw gizlenip ýatyr.

Azaşmada ýaşap ýörşümize biz özümizi «Isa meniň Dostum» ýa-da «Hudaý meniň ýüregimi bilýär» - diýen sözler bilen özümizi köşeşdirýäris. Hudaýyň biziň ýüregimizi özümizden-de gowy bilýändigi we oňa düşünýändigi hakykat. Ýöne adatça munuň ýaly sözleri biz Onuň ähtine ters gelýän zady edenimizde, öz hereketlerimizi aklajak bolup aýdýarys. Aslynda bu biziň gozgalaňçydygymyzy aňladýar. Dilimiz entegem Oňa öwgi aýdýar, ýöne Rebden gorkmamyz adam tabşyryklaryndan gelip çykýar.

> Reb şeýle diýýär: «Çünki bu halk Maňa ýakynlaşyp, agzy, dodaklary bilen Meni hormatlaýar, ýöne ýürekleri Menden uzakdadyr, olar ynsan buýruklaryna görä Maňa ybadat edýärler» (Işaýa 29:13).

Biz Hudaýyň Sözüni we Onuň tabşyryklaryny dünýä medeniýeti tarapyndan emele gelen öz pikirlerimiziň filtrinden geçirýäris. Hudaýyň şöhraty baradaky düşünjämiz, dagda Onuň janly Sözi arkaly aýan edilen Öz hakykaty däl-de, çäkli ynsan düşünjesi tarapyndan emele gelýär.

## ÝYGNAKDAKY ADAMLARYŇ IKI DEREJESINIŇ ARASYNDAKY ÝITI GAPMA-GARŞYLYK

Birnäçe mysaly getirmäge maňa rugsat ediň. Bir gezek bir aýal maňa jaň edip, ýygnakdaky bir adam bilen söýgi gatnaşyklaryny saklaýandygyny boýun aldy. Onuň adamsy mesihi däldi, şonuň üçin ony imany üçin mydama kemsidip ýörýärdi. Başga sözler bilen aýtsak, ol oňa azar berýärdi.

Bu aýal bilen ol adam belli bir wagtlyk fiziki gatnaşyklaryny bes edýärler. Aýalyň «mesihi dostlary» oňa ärinden aýrylyşyp, özüni söýýän gowy adama durmuşa çykmagy maslahat

berýärler, sebäbi «Rebbiň aýaly asudalyga çagyrandygyny» aýdýarlar. Mende şeýle sorag bar: aýalyň dostlary haýsy «Isa» gulluk edýärkäler? Elbetde, Atasynyň sag tarapynda Oturana däl. Olaryň aňyndaky Hudaýyň keşbi aýrylyşmalara ýugrulan jemgyýet tarapyndan emele gelipdi. Aýrylyşan adamlaryň köpüsi aýrylyşmany başdan meýilleşdirmändi.

Olar egoistik bähbitlere esaslanan bagtly durmuşy isläpdiler. Olaryň öz partnýorlary bilen baglaşan ähti, olar üçin özleriniň şahsy bagtyna päsgel bermeýän wagtyna çenli güýjüni saklaýar.

Aýal öz ýagdaýy babatda maslahat bermegimi haýyş etdi. Aslynda ol diňe niýetine düwen zadyny soňuna çenli alyp gitmäge liderden rugsat almak isleýärdi. Ahlak taýdan onuň adamsy dönük däldi. Men oňa Hudaýyň aýrylyşmany ýigrenýändigini, sebäbi onuň adamlaryň ruhuny weýran edýändigini we olary zorlukdan doldurýandygyny aýtdym (Malaky 2:16, häzirki zaman terjime). Täze Ähte laýyklykda Hudaý aýala ärinden aýrylmazlygy, eger aýrylyşaýsa, onda nikasyz galmagy buýurýar (1 Кor. 7:10, 11-e seret). Aýal meni ünsli diňledi, ýöne onuň barybir adamsyndan aýrylyşanyny we başga birine durmuşa çykanyny men soňrak eşitdim. Belki, ol aýal bagtlydyr, ýöne Musa dagdan düşüp, ýanlaryna gelýänçä, dagyň etegindäki adamlar hem özlerini edil şonuň ýaly duýýardylar!

Hudaýdan gorkýan aýallaryň, özlerinde Hudaýyň ýüregi bolandygy sebäpli, imansyz ärleri bilen nikada galandyklary baradaky köp mysallary bilýärin. Olar durmuşdan diňe lezzet gözlemediler-de, gulluk etmek islediler. Netijede, özleriniň aýallaryna seredip, köp ärler toba edip, imana geldiler. Käbir ärleriň, olar üçin köp ýylyň dowamynda aýalynyň Hudaýa doga edendigi we päk ahlaklylygyň göreldesi bolandygy sebäpli, halas bolandyklaryny aýdyp, sözümiň üstüni ýetirip biljek.

Ýüregi Hudaý üçin açyk bolan bir aýalyň durmuş ýagdaýy

düýbünden başgaça boldy. Maşgala bolup birnäçe ýyl ýaşanlaryndan soň, ol adamsynyň gomoseksual ekendigini bildi. Şondan soň onuň durmuşy on ýylyň dowamynda aýylgançlygy ýatlatdy durdy. Bir gezek onuň adamsyny gorag astyndaky poliseýe seksual niýet bilen süýkeneni sebäpli tussag edýärler. Uly ogly kakasynyň tutulanyny telefon üsti bilen bilýär.

Aýal dynman adamsy üçin Hudaýa doga edýär. Ýagdaý juda çydardan çökder gelende aýal Hudaýdan aýrylyşmalymydygyny ýa däldigini soraýar. Reb: «Sende onuň bilen aýrylyşmaga Mukaddes Kitap boýunça esas bar, şoňa görä-de, eger sen aýrylyşsaň, Men saňa ak pata bererin. Ýöne sen onuň bilen galyp, dilegleriň bilen onuň üçin göreşseň, onda Men ony azat ederin, şonda sen iki esse ak pata alarsyň» - diýip jogap berýär. (Reb är-aýallyk biwepalygy bolan ýagdaýlaryň hemmesinde mydama şeýle diýmeýär). Aýal äri bilen galyp, onuň üçin göreşenini gowy gördi, muňa wagt gerek boldy. Netijede onuň adamsy gudrat bilen azat boldy we eýýäm on bäş ýyldan bäri şol azatlygyň içinde ýaşap ýör. Häzir ol adamlara bolan söýgüden we duýgudaşlykdan doly uly ruhy çopan. Men onuň ýygnagynda wagyz etdim, onuň aýalynyň bolsa, meniň bütin ömrüme duş gelen gullukçylaryň, Hudaýyň gullukçylarynyň, iň güýçli mesh edilenleriniň biridigini aýtmalydyryn.

Haýsy aýal daga çykdy we özgerdi? Mukaddes Ýazgy Hudaýyň erki – ärinden gitmeli däldigi barada açyk aýdanda-da, özüne Isanyň rahatlyk bermäge ukyplydygyna ynanman, äri bilen aýrylyşan aýalmy? Beýlekide aýrylyşmaga degerli Mukaddes Kitap esasy bardy, ýöne ol öz hukugyndan peýdalanman, äriniň jany ugrunda söweşenini ileri tutdy. Isa ýere gelmek we biziň ugrumyzda ölmek üçin Özüniň ähli hukuklaryny ýatyrdy! Bu aýallaryň ikisinden haýsysy Hudaýa ýakyndy? Näme üçin? Ikinjisi hakykatdan hem, Hudaýyň dagyna çykypdy!

Imanly adamyň durmuşynda iki zat bolup bilýär: ol Rebbiň barlygynda aýdylan Hudaýyň Sözüniň özüni üýtgetmegine ýol berip, durmuşyny Isanyň keşbine gabat getirip gurýar ýa-da Isany özüniň islegine, ýürek isleglerine laýyk gelýän edýär. Eger sen daga çyksaň, onda özgerersiň. Eger Harun ýaly, dagyň eteginde galsaň, onda seniň Hudaý baradaky düşünjäň üýtgeýär.

Musa kyrk günläp Hudaý bilen bolanyndan soň dagdan düşende, ol başgaça adam bolupdy, onuň ýüzi öwşün atýardy. «Musa eline Äht ýazylan iki sany ýasy daş bölegini alyp, Sinaý dagyndan aşak düşdi. Ol dagdan aşak inip gelýärkä, Hudaý bilen gepleşendigi üçin, onuň ýüzi nur saçýardy. Mundan onuň özi hem bihabardy» (Müsürden çykyş 34:29).

Äri üçin söweşen aýal Rebbiň öňünde özüniň näderejede päkdigini bilmeýär. Her gezek men onuň bilen gürleşenimde, Hudaýyň ony gitdigiçe köp üýtgedýändigini görýärin. Özünde öwüşginiň şöhle saçýandygyny onuň özem bilmeýär. Bu hakykatdan hem mukaddeslikde ýörýänleriň hemmesine degişlidir. Mukaddes Ýazgynyň aýdyşy ýaly «Oňa bakanlar nurana bolarlar» (Zebur 33:6). Oňa nazaryny dikmäge ukyply bolan adamlar ýüregiň Müsürden alan isleglerinden azat edilendir. Şonuň ýaly adamda diňe ýekeje isleg – Hudaýyň şöhratyny tanama islegi bolýar.

Şeýlelikde, biz özümize bir wajyp sorag bermelidiris: biz göklerde Atasynyň sag tarapynda oturan Isa gulluk edýärismi ýa-da öz jemgyýetimiziň ýollarynyň we islegleirniň keşbindäki başgasyna gulluk edýärismi?

7-NJI BAP

# NIÝETMI ÝA-DA ISLEG?

***Biz öz isleglerimiziň hemmesini Haça tabyn etmelidiris.***

Biziň şu wagta çenli gürrüňini eden zadymyz – diňe *meňzemeklik* sözüne uzyn sözbaşydyr. Uebsteriň sözlügi oňa şeýle kesgitleme berýär: «hereketleriňde, pikirleriňde ýa-da ahlak gylyklaryňda meňzeşlik gazanmak». Hudaýyň Sözi: «Bu dünýä meňzeş bolman...pikiriňiziň täzelenmegi bilen üýtgäň» diýýär (Riml. 12:2).

Mukaddes Ruhuň özümize näme diýmek isleýändigine has gowy düşünmek üçin asyl nusga ýüz tutalyň. *Meňzeş boluň* sözüni aňlatmak üçin bu aýatda grek dilindäki has «*suskematizo*» diýen giň manyly söz ulanylypdyr. Strongyň sözlügi oňa şeýle kesgitleme berýär: «şol bir hereketleri etmek, başga sözler bilen aýtsak, şol bir şablona gabat gelmek (göçme manysynda)». Waýnyň sözlügi şeýle kesgitleme berýär: «haýsydyr bir predmetiň görnüşini ýa-da şekilini başgasyna gabat getirmek». Sözlükleriň ikisinde-de nämedir bir zady başga bir zada

laýyklykda emele getirme pikiri bellenilýär.

Harun özüne getirilip berlen altyndan göläniň şekilini «emele getirdi». Daşky hereketler diňe onuň içki tebigatynyň şöhlelenmesi bolup gulluk etdi. Onuň kalby Müsüriň täsiri astynda kemala gelipdi, ol ondan saplanmandy, şeýdibem, içindäki zat ahyrsoňunda daşyna çykdy. Ol Müsüre meňzeş boldy hem-de biziň öňdäki bapda görşümiz ýaly, onuň üýtgemek, Musa ýaly, Hudaýyň gudratly barlygyna golaýlaşmagy islemändigi mese-mälim bildirip durdy. Halkam Harunyň göreldesine eýerdi. Hudaý olar hakda şeýle diýdi:

> (Ysraýyl) Müsürliler bilen hem zynagärligini goýmady; çünki ol ýaşka onuň bilen ýatdylar, onuň gyz göwüslerini gysymladylar we aýgyrlygyny onuň üstüne dökdüler (Ezekiýel 23:8).

Sözlüklere laýyklykda «aýgyrlyk» adaty islegdir. Mukaddes Kitabyň iňlis dilindäki giňeldilen terjimesi munuň: «özleriniň günäli islegini onuň üstüne dökdüler» diýmekdigini belleýär. Isleg – bu adamzady herekete getirýän güýçdür. Biz hemişe oňa eýereris.

## ISLEGLER BILEN NIÝETLER ŞOL BIR ZAT DÄLDIR

Islegler bilen niýetler – köpler bularyň şol bir zatdygyny aýdýan bolsalar-da, bu düýbünden dürli zatlardyr. Sizde örän gowy we Hudaýyň göwnünden turýan niýetiňiz bolup, ol özüňiziň hakyky islegiňize gabat gelmän biler. Käbir adamlar maňa bu dünýäniň täsiri astyndan çykmak we Hudaýa tarap doly öwrülmek isleýändiklerini aýtdylar, emma olar şu wagta çenli-de muny etmediler. Olaryň niýeti özleriniň hakyky isleglerine gabat gelmeýär. Ýakubyň aýdyşy ýaly, «her kes öz höwesleri tarapyndan çekilip, aldanan mahaly synalýandyr» (Ýakup 1:14). Isleg – bu öz niýetiniň näderejede gowudygyna garamazdan, adamyň saýlaýan

ýoludyr. Hut şonuň üçin hem Ýakup sözüni dowam etdirip: «Eý, söýgüli doganlarym, aldanmaň!» (Ýakup 1:16) – diýýär. (Elbetde, *isleg* sözüniň položitel manysy hem bar, ýöne bu ýerde diňe otrisatel manysyna seredýäris).

«Muny etmäge meni şeýtan mejbur etdi» - diýip, Hudaý dälde, diňe oýnatgy aýdyp biler. Imanly adamy nämedir bir zady etmäge şeýtan mejbur edip bilmeýär. Ol diňe synaga salyp biler, ýöne islemeýän zadyňda synaga düşüp bilmeýärsiň. Eger imanly adamlara kokainiň ýa-da başga neşäniň bir dozasyny hödür etseler, ol ýekeje sekunt hem ikirjiňlenip durman, ondan ýüz öwrer, sebäbi bu nejis zat olara gerek däl, şoňa görä-de, bu ulgamda olara synaga düşmeklik howp salmaýar. Şeýle-de bolsa, köp imanlylar, Ysraýyl ýaly, entek halas bolmankalar, dünýewi ulgamyň özlerinde döreden isleglerini taşlamadylar. Hut şonuň üçin olar özleriniň terk eden ulgamynda synaga aňsatlyk bilen düşýärler.

Biz öz isleglerimizi Haça tabyn etmelidiris. «Mesih Isa degişli bolanlar bedeni hyjuw hem höwesleri bilen birlikde haça çüýländir» (Galatýalylar 5:24). Hudaý biziň ýerimize hiç zadam etmeýär, hemme zady biziň özümiz etmelidiris. Onuň merhemeti bolmasa, biz hiç zadam edip bilmeýäris, emma barybir hereketi özümiz etmelidiris! Biz Haçyň astyna goýulmadyk nädogry isleglerIň islendigi bilen synaga düşüp bileris. Bu dünýäniň kanunlaryna eýerme islegini taşlamasak, onda Ysraýylyň bolşy ýaly, bu dünýäniň içine aňsatlyk bilen togalanyp gideris. Hut şonuň üçin Pawlus: «Men Rebbimiz Isa Mesihiň haçyndan başga bir zat bilen öwünmek islemeýärin. Ol haç arkaly dünýä meniň üçin haça çüýlenendir, men hem dünýä üçin haça çüýlenendirin» diýýär (Galatýalylar 6:14).

Bir gezek Kaliforniýadaky bir ýygnakda toba etmek barada wagyz edenimden soň, ruhy çopan meni nahara çagyrdy we özüniň şahsy şaýatlygyny paýlaşdy. Gutulyş alanyndan soň ol

özüni öň baglan günäleriň köpüsinden el çekipdir. Ýöne ol her gün iki guty çilim çekme endigini goýup bilmändir. Ol maňa: «Jon, çilim çekmekden saplanjak bolup, men Mukaddes Ýazgy boýunça hemme zady etdim. Men doga-dileg etdim, agyz bekledim, Mukaddes Sözi yglan etdim we beýlekilerden meniň üçin Hudaýa doga etmeklerini haýyş etdim. Başga ýerden bize gelen wagyzçylar adamlary doga-dileg etmek üçin sahna çagyranlarynda, men hemişe çykdym. Men özümiň bu endigimiň bardygyny boýun aldym we şondan azat bolmagym üçin Hudaýa doga etmeklerini olardan haýyş etdim. Şeýle ýagdaý iki ýyllap dowam etdi».

Iki ýyllyk göreşden soň, bir gezek ol adam Hoş Habary ýaýratma baradaky ýygnanyşyga dostuny alyp geldi. Onuň dosty halas bolmadykdy, ol hem barypýatan çilimkeş bolup, günde iki guty çilim çekýärdi. Şol agşam ol toba etme çagyryşyna seslendi. Wagyzçy onuň üçin Hudaýa doga edende, ol gudrat bilen gutulyş aldy we şol pursatyň özünde çilime bolan isleginden azat boldy.

Ruhy çopan sözüni dowam etdirdi: «Jon, men öz dostum üçin şat, şol bir wagtyň özünde-de gynanýaryn. Men dostumy öýüne ugratdym we oňa halas bolany üçin ýürekden şatlanýandygymy beýan etdim. Soň öýe geldim-de, Hudaýa özümiň şeýle gaýgylanýandygymy aýtdym. Men öz otagymda oturyp, Oňa içimi dökdim: “Rebbim, men doga-dileg etdim, agyz bekledim, bütin ýygnagyň öňünde we bize gelen gullukçylaryň her biriniň öňünde özümi kiçeltdim, ýöne Sen meni barybir çilimden azat etmediň. Bu gün men dostumy alyp bardym welin, Sen ony dessine halas etdiň we çilimden azat etdiň. Sen näme üçin şu wagta çenli meni çilimden saplamadyň?”»

Soň ol şeýle diýdi: «Jon, men şeýle diýenimde, Hudaý maňa jogap berdi, şonda men Ony edil seni eşidişim ýaly eşitdim. Ony nähili, içki gulagym bilenmi ýa daşky gulagym bilen, eşidenimi

bilemok welin, ýöne onuň Şoldugyna men ynanýaryn. Ine, şeýle, men: “Hudaý, näme üçin Sen meni çilimden azat etmediň?” – diýip gygyranymda, men Onuň özüme: “Sebäbi sen entegem çilimi söýýärsiň!” – diýip, berk jogap berenini eşitdim».

Ruhy çopan sözüni şeýle tamamlady: «Men şol pursatda elimde tutup duran çilimime seretdim we ony bir gyrada goýdum. Şondan bäri oňa elimi-de degremok!»

Iki ýyldan gowrak wagtyň dowamynda ruhy çopan özüne we töweregindäkilere çilimi taşlamagy nähili güýçli isleýändigini aýdyp gelipdir, şeýle-de bolsa, bu onuň ýürekden çykýan islegi bolmandyr-da, bary-ýogy niýeti bolupdyr. Onuň sözünden çen tutsaň, ine, näme üçin özüniň islemedik zadyna ol şeýle güýçli ymtylýan eken. Soň Hudaý onuň çyn isleginiň üstüne ýagty saçýar. Ruhy çopan şeýle isleglerine toba edip, endigini Haçyň öňüne getireninde, Hudaýyň merhemeti ony dolduryp, ony azat edýär. Onuň azat bolmasy özi bilen Hudaýyň arasyndaky ikitaraplaýyn hereket etmäniň netijesinde bolup geçýär.

Bu mysal Ysraýyla bolşy ýaly, bu gün ýygnakda bar bolan dünýewi garaýyşlaryň we endikleriň hemmesine hem degişlidir. Ýatda saklaň: Ysraýyl – bu Ýygnagyň keşbidir

Hudaý onuň (Ysraýylyň) müsürliler bilen zyna etmegi bes etmändigini, «çünki ol ýaşka olaryň onuň bilen ýatandyklaryny, onuň gyz göwüslerini gysymlandyklaryny we aýgyrlygyny onuň üstüne dökendiklerini» aýtdy. Adamlar köne zatlaryň hemmesini taşlap bilýärdiler, emma beýle etmegi islemediler.

## BU DÜNÝÄNIŇ ISLEGI

Müsürden çykanlaryň içinde Musanyň durmuşy bu ýurduň jemgyýetçilik hem syýasy durmuşy bilen berk baglanyşykly bolan ýeke-täk adamdy. Ol faraonyň öýünde ulalypdy we müsür akyldarlygyny öwrenipdi, onuň dostlarynyň hemmesi müsürlidi.

Onuň beýleki tiredeşleri, Müsürde ýaşaýan bolsalar-da, öz halky bilen bilelikde aýrybaşga bolup saklanýardylar. Müsür jemgyýeti olara zalymlyk bilen sütem edýärdi, Musa bolsa şol wagt Müsüriň baýlygyndan we akyldarlygyndan peýdalanýardy. Ysraýyllarda Musanyň peýdalanan hukuklary we artykmaçlyklary ýokdy, olary olar edinip hem bilmeýärdiler. Şonuň üçin, eger biri Müsürden aýra düşmegiň özüne kyn bolandygyny aýtmaly bolsa, onda şol hem Musa bolmalydy. Ysraýyl ogullary yzlaryna Müsüre gitmek isleýän bolsalar-da, Musa ýekeje gezek hem, hatda çalaja-da, şol ýurdy küýsemäni duýmady.

Bu gün biz Golliwuddan, professional sportdan, syýasatdan ýa-da dünýewi ulgamdan çykan islendik ulgam bilen berk baglanyşykly bolanlar üçin Haç baradaky habaryň ýitiligini birazajyk ýylmamaga çalşarys. Biz olar üçin eglişik edip, dünýewi endiklere ýa-da ýollara aklama taparys. Biziň edýän zatlarymyzyň hemmesi olara hiç hili bähbit getirmeýär-de, diňe zyýan ýetirýär. Adamlar üçin has «ýumşak» Hoş Habary wagyz edenimizde, olaryň Rebbiň dagyna barýan ýolunda böwet bolýarys. Olar mesihilik durmuşyny şeýle ruhubelentlik bilen başlaýarlar, ýöne gutulgysyz ýagdaýda öňki durmuşyna gaýdyp barma bilen tamamlaýarlar. Olar hatda dünýä doly gaýdyp gitmeseler-de, özleri üçin Atasynyň sag tarapynda Oturan bilen hiç hili umumylygy bolmadyk «Isany» özleri üçin döredýärler. Adamlar halas bolmany wagyz edýän, Hudaýy tanamaga isleg bildirýän bolsalar-da, bu zatlaryň hemmesi olary yzlaryna dünýä çekýän içki höweslerine çapraz gelýär. Olar bu dünýä bilen birigýän dindar imanlylara öwrülýärler.

Ysraýyl Hudaýy tanamaga we Onuň bilen ýöremäge isleg bildirdi. Öňki baplardan ýadyňyzda galyşy ýaly, dagda halka Öz şöhratyny görkezmezinden öň Reb olary Öz ýanyna getirenini, eger Öz sesine gulak assalar we tabşyryklaryny ýerine ýetirseler,

onda olary ruhanylar patyşalygy etjekdigini aýtmagy Musa buýurdy.

Musa dagdan aşak düşüp, halka Hudaýyň şertlerini yglan etdi. Ine, olar nähili jogap berdiler:

> Şeýlelikde, Musa gelip, ysraýyllaryň ýaşulularyny çagyrdy we Rebbiň buýran sözleriniň hemmesini olara aýan etdi. Ähli adamlar birlikde: «Biz Rebbiň aýdanlarynyň barysyny ýerine ýetireris» diýip jogap berdiler. Musa hem halkyň jogabyny Rebbe ýetirdi (Müsürden çykyş 19:7, 8)

Olaryň jogaby ýürekden çykypdy, ýöne şondan soň näme bolanyny biz bilýäris. Olar yza çekildiler we Hudaýyň şöhraty olaryň ýüreklerinde hem aňlarynda üýtgedi. Olar diňe özleriniň niýetlerini beýan edipdiler, hakyky islegleri bolsa, öňküligine galypdy, Müsür hem şol isleglerde birinji orny eýeleýärdi. Islegleri olara Rebbe golaýlaşmaga päsgel berýärdi.

## ÝYGNAKDAKY IMANLYLARYŇ IKI GÖRNÜŞINIŇ KEŞBI

Müsür jemgyýeti bilen Musanyňky ýaly berk baglanyşygy bolmadyk Ysraýyl ogullary näme üçin yzyna Müsüre gitmek isleýärdikäler? Ýöne Musada ol ýer bilen nähilidir bir umumylygynyň bolmagyna kiçijik islegi hem ýokdy. Näme üçin bu dünýä bilen şeýle berk baglanyşykda bolan adam oňa hemme zatdan-da az bagly bolupdy?

Munuň tapawudyna düşünmek üçin biz iki mysaly öwrenmek bilen meşgullanarys. Biz häzirki zaman ýygnagynyň iki topardan durýanyny göreris: olaryň biri Musa meňzeýär, ikinjisini bolsa, Ysraýyl ogullary bilen deňeşdirip bolar. Biz köp imanlylaryň bir gün yzlaryna dünýä tarapa näme sebäpden okdurylýandyklaryna, beýlekileriň bolsa, dünýä hem onuň ulgamy bilen berk baglanyşykda bolandygyna garamazdan, yzlaryna gaýtmagy indi

islemeýändiklerine düşüneris.

Ysraýyl ýüz ýyllyklaryň dowamynda müsürli zalymlardan azat edilmegini sorap Hudaýa doga etdi we ýalbaryp ýördi. Olar wada berlen ýurdy küýsediler. Ahyrsoňy Hudaý olaryň ýanyna halas edijini – Musany – iberdi. Reb: «Men olary müsürlileriň elinden azat etmek we ol ýurtdan çykaryp, gowy hem giň, süýt bilen bal akýan ýurda äkitmek üçin barýaryn» (Müsürden çykyş 3:8) – diýdi. Soň Hudaý Öz halkyna söz berdi we ony goýbermäge yrmak üçin faraona alamatlar görkezdi.

Musa kyrk ýyllap gaçyp ýörenden soň, faraona Hudaýyň sözüni ýetirmek üçin, Müsüre gaýdyp bardy. Ýöne ilki ol taýpadaşlarynyň ýanlaryna baryp, olara Hudaýyň azat etme meýilnamasy hakda aýtdy. Mukaddes Ýazgyda olaryň bu täzeligi kabul edişleri suratlandyrylýar: «Adamlar oňa ynandylar. Ysraýyl halkyna Rebbiň nazar salandygyny we olaryň çekýän jebirlerini görendigini eşidenlerinde, olar dyza çöküp, başlaryny egip sežde etdiler» (Müsürden çykyş 4:31).

Şol wagt olary nähili duýgynyň gaplap alanyny siz göz öňüne getirip bilýärsiňizmi? Bütin ömürlerine olar gul boldular. Olaryň kakalary, atalary we garry atalary-da gul bolupdylar. Azat etme we özleriniň ýeriniň boljakdygy baradaky wada, dört ýüz ýylyň dowamynda, nesilme-nesil dile geçip gelýärdi. (Deňeşdirmek üçin, Birleşen Ştatlar iki ýüz elli ýyldan-da az wagt bäri ýaşap gelýär). Ine, indi olar özleriniň öňünde azat edijini görýärler.

Olaryň şatlygy diýseň uly boldy. Halk Musanyň nähili gudratlar gökezenini gördi, şonuň üçin onuň sözüne höwes bilen ynandylar. Olaryň nähili aglandyklaryny, gygyryşandyklaryny we: «Nähili ajaýyp habar! Ahyrsoňy bu amala aşdy! Hudaý bizi azat etmek üçin geldi!» - diýşip begenşip aýdyşlaryny göz öňüne getiryärin. Olar Hudaýy şöhratlandyryp we Oňa öwgi aýdyp başlaýarlar we ahyrsoňunda Onuň öňünde dyza çöküp, tagzym edip başladylar.

Musa öz halkynyň içinden çykyp, faraonyň ýanyna ugraýar we onuň öňünde-de, Rebbiň şol habaryny yglan edýär. Musa Hudaýyň adyndan oňa: «Meniň halkymy goýber» - diýip buýurýar. Emma faraon Hudaýyň halkyna edilýän basyşy agraltmak bilen jogap berýär. Ol olara gündelik öndürýän uly ägirt uly möçberdäki kerpiji üçin saman bermezligi buýurýar. Indi olar gündiz işlemeli, gije bolsa, saman ýygnamaly bolýardylar. Kerpijiň mukdaryny azaltmadylar, saman bermegi bolsa bes etdiler. Şeýlelikde, Hudaýyň azatlyk baradaky sözi olaryň kynçylyklaryny we görgülerini artdyrdy.

Ysraýyl ogullarynyň garaýyşlary kem-kemden üýtgäp başlaýar. Olar Musa nägilelik bildirip başlaýarlar: «Bizi günümize goý, faraonyň ýanyna barmagy bes et, sen bize diňe erbetlik edýärsiň». Olar bary-ýogy birnäçe gün mundan ozal, Musa azat etme baradaky habary ilki alyp gelende, Hudaýa tazgym eden adamlardylar.

Hudaý ahyrsoňy olary Müsürden alyp çykanyndan soň, faraonyň ýüregi ýene gatady. Ol Ysraýylyň yzyndan özüniň esgerlerini we iň gowy at arabalaryny goýberdi. Yzlaryndan bütin goşunyň ýetip gelýänini we gaçara ýerleriniň ýokdugyny görenlerinde (öňde Gyzyl deňiz bardy), olar ýene nalap başladylar: «Biz saňa Müsürde: “Bizi öz günümize goý, biz müsürlilere hyzmat edibereli” diýip aýtmanmydyk? Biz çölde ölenimizden, müsürlileriň guly bolup ýören bolsak, müň paý gowy bolardy» diýdiler (Müsürden çykyş 14:12). «Müň paý gowy bolardy». Olar göni manysynda: «Biz näme üçin, görgimiz öňküden-de beterleşende, seniň aýtmagyňa görä, Hudaýyň bize buýurýan zadyny etmelimişik?» - diýdiler. Olar özleiniň häzirki durmuşyny öňki durmuşy bilen deňeşdirip başladylar. Kynçylyklar ýüze çykan badyna, olar derrew yza gitmegi sorap başladylar. Olaryň şahsy bähbitleri Hudaýyň erkini ýerine ýetirmekden

ýokarda durýardy. Şahsy bähbidinden doly durmuşynda olara Hudaýa teşnelik nähili ýetmezçilik edýärdi!

Hudaý deňzi ikä böldi we Ysraýyl ogullary, edil gury ýerden geçýän ýaly edip, deňziň düýbünden ýöräp geçdiler hem-de olar kowup gelýänleriň deňizde gark bolanyny gördüler. Olar ýene Hudaýa ynandylar we tanslar hem öwgüler bilen Hudaýyň rehimini şöhratlandyryp başladylar. «Soňra Harunyň aýal dogany Merýem pygamber eline depregini aldy. Hemme aýallar hem depreklerini çalyp, tans edip şatlanyşyp, onuň yzyna düşdüler» (Müsürden çykyş 15:20). Million sany aýalyň tans edýänini we deprek çalýanyny göz öňüne getirip bilýärsiňmi? Ine, şöhratlandyrma diýip şuňa aýdaýsaň!

Ysraýyllar berk ynandylar, olary hiç zat hak ýolundan çykaryp bilmedi. Olar indi hiç haçan Onuň rehimlidigine şübhelenmäge ýol bermejekdiklerine ynanýardylar! Ýöne olar özleriniň ýüreklerini bilmeýärdiler: niýetler – hawa, bilýärdiler, hakyky islegler – ýokdy. Indiki synag gelende, ysraýyllar ýene nalarlar-da, özleriniň wepasyzlygyny görerler. Eýýäm üç günden soň olar çeşmäniň suwunyň süýji däl-de ajydygyndan arz edip başladylar (Müsürden çykyş 15:22–25-e seret). Olaryň pikirleri ýene Müsürde bolan we bu ýerde, Hudaýyň çölünde, bolmadyk zada şobada öwrüldi. Ýene birnäçe gün geçenden soň, Ysraýyl iýmit ýetmezçiliginden arz edip başlady: «Biz Rebbiň elinden Müsürde ölen bolsak gowy bolardy» (Müsürden çykyş 16:1-4-e seret). Olar Rebbiň erkine garşy edýän arzlarynda Onuň adyny agzaýarlar. Mundan diýseň diniň ysy gelýär! Olaryň ikiýüzlüligi size açyk görünýärmi?

Olar öz hüňürdileri kulminasiýa baryp ýetýänçä, özlerini şonuň ýaly alyp barmagy dowam etdirdiler. Reb olary Paran çölüne alyp bardy we her tireden bir adamy, Özüniň wada beren ýurduny baryp görmekleri üçin on iki lideri goýbermegi Musa buýurdy. Liderler Kengan ýurdunda kyrk gün boldular. Olaryň onusy

gaýgyly habar getirdi: «Biz ol halkyň garşysyna çykyp bilmeris, çünki olar bizden has güýçli» (Çölde 13:32) diýdiler.

Muňa garamazdan, on ikileriň biri bolan Kalep beýlekilere aýgytlylyk bilen garşy çykdy (Ýeşuwa oňa goşuldy), ýygnananlaryň hemmesi erbet habarlara üns berip, aglamaga we zeýrenmäge başlaýarlar. Bu ýagdaý uzak gije dowam edýär. «Näme sebäpden Reb bizi gylyçdan geçirtmek üçin, aýallarymyz bilen çagalarymyzy ýesir etmek üçin bu ýurda alyp barýarka? Müsüre dolansak, gaýtam, biziň üçin gowy bolmazmy?» (Çölde 14:1-3). Olar mydama göwünlerine ýaramaýan ýagdaýa duş gelenlerinde zeýrendiler. Hemme zat ýerbe-ýer bolan badyna, olar Hudaýyň Sözüni ýerine ýetirip başladylar we Ony isleýänsirän boldular. Eger tabyn bolmaklyk özlerinden ten höwesine garşy gelýän hereketleri etmegi talap etse, Ysraýyl zeýrenip başlaýardy. «Bize gowy dälmidi» - bu sözler olaryň ýürekleriniň hakyky ýagdaýyny açyp görkezýär, «çünki agyz ýüregiň dolulygyndan sözleýändir» (Matta 12:34). Olaryň hereketlerinde we ýagdaýlaryň basyşy astynda aýdýan sözlerinde durmuşynyň maksady anyk görünýärdi.

## BAŞGA ÜNS

Musa öz halkyndan tapawutlanýardy. Ol döwletde ýokary derejä, Müsüriň ähli artykmaçlyklaryna ýeten bolsa-da, Hudaýyň halky bilen bile synaglary çekenini gowy gördi. Ysraýyl ogullary özlerine kynçylyklary saýlamadylar. Olardan tapawutlylykda Musa adamyň bu dünýäde isleýän zatlarynyň hemmesine eýe bolan bolsa-da, ol zatlaryň hemmesinden ýüz öwürdi we «Mesih ugrunda çeken sütemini Müsüriň hazynalaryndan uly baýlyk saýdy. Çünki ol öz aljak sylagyna garaýardy» (Ýewreýler 11:26).

Berlen sütemleri derrew unudan Ysraýyl halky yzyna Müsüre (dünýä) gaýdyp gitmek isledi. Olar diňe şol ýerde bar bolan,

emma bu ýerde çölde, Hudaýyň synaglary wagtynda ýetmezçilik edýän lezzetleri ýatlaýardylar. Musa bolsa tersine, özüne kynçylyklary saýlapdy, «çünki ol öz aljak sylagyna garaýardy».

Sylag nämede jemlenendi? Hudaýyň olara eden teklibinde. Reb Ysraýyl ogullaryna dört ýüz ýyl mundan ozal beren wadasyny ýerine ýetirmelidi. Ol olara wada berlen ýurdy bermekçidi. (Bu Ysraýyl tirelerinden bolan on iki içaly ol ýurdy görmäge gitmezden öň bolup geçipdi. Adamlar entegem jan edip, şol ýurdy gözleýärdiler).

Reb Musa şeýle diýdi:

> Baryň, bu ýeri taşlap gidiň. Sen we Müsürden getiren halkyň Ybraýymyň, Yshagyň we Ýakubyň nesillerine Meniň söz beren ýerime gidiň. Men siziň öňüňizden perişde ibererin we kenganlary, amorlary, hetleri, perizleri, hiwileri we ýabuslary kowup çykararyn (Müsürden çykyş 33:1, 2).

Wadanyň ýerine ýetirilmesi eýýäm olaryň öňlerindedi. Ýat ýurtda dört ýüz ýyllap ýesirlikde bolanyndan soň, olaryň liderine baýlykdan doly bolan şol ýurda girmeklik teklip edilýär. Ýöne bu teklipde ýene bir zat bardy. Hudaý sözüni dowam etdirdi: «Ol sizi süýt we bal akýan baý toprakly ýurda alyp barar. Emma boýnyýogyn halk bolanyňyz üçin, ýolda sizi ýok edip taşlamazym ýaly, Men siziň bilen gitmeýärin» (Müsürden çykyş 33:3).

Ysraýyl ogullaryny Özüniň wada beren ýurduna, miras almak üçin halkyň ýüzlerçe ýyllardan bäri garaşyp gelýän ýurduna alyp barmalydygyny Hudaý Musa aýtdy. Hudaý, hatda, olar bilen bile gider ýaly, perişdeleriň birini hem goýbermäge söz berdi, emma Onuň Özi olar bilen gitmezlik kararyna geldi.

Musa muňa şobada baş galdyryp: «Eger Sen biziň bilen gitmeseň, onda bizi bu ýerden çykarma» diýdi (Müsürden çykyş 33:15). Musanyň jogabynda hiç hili şübhe ýa-da ikirjiňlenme

ýokdy. Ol Hudaýyň barlygynda bolmak üçin gury çölde, köp oňaýsyzlyklary getirýän ýerde, oýlanyp durmazdan galardy. Oňa üzümleriň bol hasyl berýän, çeşmeleriň joşup akýan we owadan jaýlaryň bar bolan ýerinde, emma Hudaýyň barlygy bolmadyk ýerde bolmak gerek däldi.

Ysraýyla wada berlen ýurda Hudaýsyz girmäge mümkinçiligiň berilmändigine men şat. Olar mydama ýolda duş gelen kynçylyklardan zeýrenýärdiler, yzlaryna Müsüre gitjekdiklerini aýdyp gorkuzjak bolýardylar. Eger olar Hudaýsyz Müsüri saýlap bilen bolsalar, onda bol hasylly ýurdy, üstesine-de perişde bilen, almaga höwes bilen razy bolardylar. Olar ten isleglerini hemme zatdan-da gowy kanagatlandyrýan zatlary özleri üçin sylag hasap edýärdiler. («Meniň üçin näme gowy bolar?» - bu häzirki zaman dünýäsiniň edýän zadydyr). Musa üçin Hudaýyň barlygy bolmadyk wada hiç zadam däldi.  Rebbiň bu teklibiniň has uly azatlygy berýändigine garamazdan, Musa ondan ýüz öwürdi, sebäbi bu wadada onuň ýüregi näme diýip urýan bolsa, şol zat ýokdy. Musa hemme zatdan-da beter Hudaýy tanamaklyga teşnedi: «Eger men dogrudan-da, Seniň göwnüňden turan bolsam, Seni tanarym ýaly, maňa Öz ýollaryňy aç» (Müsürden çykyş 33:13).

Ol ýer, baýlyk, hormat ýa-da başga bir dünýewi zatlary soramady. Müsürde bu zatlaryň hemmesi onda bardy, ýöne ol zatlaryň hakyky kanagatlanmany getirmeýändigine düşünýärdi. Musa Hudaýyň barlygy bolmadyk ýere, wada berlen ýurda gitmekden boýun towlan badyna, onuň ýüregi: «Maňa Öz şöhratyňy görkez» (Müsürden çykyş 33:18) – diýip nalady.

Musa berk karara geldi. Ol ýeke-täk sylaga – Hudaýy tanamaklyga – ymtylýardy. Ol dünýewi abadançylyklaryň hemmesinden saklanmagy, Hudaýyň şöhratynyň sylagy bilen deňeşdirmäge mynasyp baha diýip asla hasap etmedi. Musa bu

dünýäniň abadançylyklaryny terk etme kararyna geleni sebäpli şol ýerde, dagda, Hudaýa golaýlaşyp bildi. Galanlary beýle edip bilmediler: Müsüriň islegleri entegem olaryň içlerindedi. Ýüreklerinde olar özlerini dünýäden aýra goýmandylar, bu bolsa, olaryň Hudaýyňkyny dünýäňkiden tapawutlandyryp bilmezligi bilen tamamlandy.

Eger sen hem dünýäni, hem Hudaýy ýakyndan tanamaklygy isleseň, onda seniň Hudaý baradaky düşünjäň bozulýar. Sen şonda Hudaýy däl-de, başga Isany tanarsyň. Ysraýyl ogullary Hudaýyň azat etmegini islediler, ýöne olar özleriniň çykan ýurdunyň gowy zatlaryny hem islediler. Ine, näme üçin olar «özleriniň Müsürde başlanan zynahorlugyny goýmaýan» ekenler. Ysraýyllar bu dünýä degişlidiler, Müsüri islemeklik olaryň içlerinde döräpdi, şonuň üçin Hudaýyň Öz kuwwatly elleri bilen özlerini ol ýerden alyp çykandygyna garamazdan, olar özlerinden Müsüri kowma kararyna gelmeýärdiler.

## DURMUŞYŇ MAKSADY

Içki maksat, durmuşdaky maksat – ine, näme, Musa bilen Ysraýyl halkynyň arasyndaky bölüji faktor bolup durýan eken. Musa Hudaýa tarap ymtyldy we Ony tanamak üçin islendik bahany tölemäge taýýardy. Ysraýyl ogullary özleri üçin gowy zady gözleýärdiler. Eger Hudaýyň ýolundan ýöremäniň artykmaçlyklary göze görünýän bolsa, onda olar ony şatlyk bilen saýlardylar, ýöne ol beýle bolmandygy sebäpli, olary has bähbitli ýaly bolup görünýän zat özüne çekýärdi. Hudaýy tanamaklyk bizi mydama özümiziň isleýşimizden-de has gowy gowulyklara alyp barýar, sebäbi Hudaý kämil Söýgüdir. Ýöne bu bilim biziň tendäki aňymyz üçin mydama göze ilginç bolup durmaýar.

Musa Hudaýy Onuň Hudaý bolandygy üçin söýdi, Ysraýyl bolsa, Hudaýy özlerine bir zatlary berip bilýändigi üçin söýdi.

Eger Hudaýyň beren zady olaryň isleglerine gabat gelmese, onda olar özlerine has bähbitli ýaly bolup görnen zada tarap ymtylyp başlaýardylar. Ysraýylyň garaýyşlary bu dünýäniň garaýyşlaryndan we maksatlaryndan az tapawutlanýardy. Ýohanna: «Çünki dünýäde bolan ähli zatlary: ten höwesleri (islegleri), göz höwesi (islegi) we ýaşaýyş tekepbirligi Atadan däl-de, (bu) dünýädendir» (1 Ýohanna 2:16) – diýip ýazýar.

Dünýäde bolanlar özleriniň duýgularyny tolgundyrýan we kanagatlandyrýan ýa-da ýagdaýlary berkitmäge ýardam edýän zatlary gözleýärler. Ysraýyl hut şonuň ýaly ýaşady, şoňa görä-de, Hudaýa tabyn bolmaklyk şobada bähbit getirjek bolanda, olar şatlyk bilen Oňa tabyn boldular.

Musa bilen Ysraýyl bu günki ýygnakda bar bolan adamlaryň iki toparyny örän gowy suratlandyrýar. Olaryň arasyndaky ullakan tapawut ýygnakda bölüji çyzygy emele getirýär-de, çyzygyň bir tarapynda Hudaýa hakykatdan tagzym edijiler durýar, beýleki tarapynda bolsa, Isa Reb diýýänler, emma aslynda ilkinji orny özlerine berýänler durýar.

Indi biz Isanyň Täze Ähtde aýdan zadyna has aýdyň düşünip bilýäris:

> Isa märeke bilen Öz şägirtlerini ýanyna çagyryp, olara şeýle diýdi: «Kim Meniň yzyma eýermek isleýän bolsa, özüni inkär etsin-de, haçyny alyp yzyma düşsün. Çünki kim janyny halas etmek islese, ony ýitirer, ýöne kim janyny Meniň we Hoş Habaryň ugrunda ýitirse, ony halas eder» (Mark 8:34, 35).

Haç biziň isleglerimiziň we ten höweslerimiziň gutarnykly ölümini alamatlandyrýar. Haçy alýan adamlar Hudaýyň wepaly, adalatly hem söýýän Ýaradyjydygyna we Rebdigine ynanýarlar. Olar janly zatlaryň hemmesiniň Ondan gelip çykýandygyny, Onda bolmadyk zatlaryň hemmesiniň hakyky ýaşaýşynyň ýokdugyny bilýärler.

Musa şu ummasyz keşbi gördi, Ysraýyl bolsa, diňe özüni gördi. Musa Hudaýyň mukaddesdigine, Oňa golaýlaşmagyň bolsa, dünýewi zatlaryň hemmesinden doly ýüz öwürmegi talap edýändigine düşünýärdi. Ol özündäki «menden» ýüz öwürmek bilen Hudaýy tanamaklyga ýetendigine düşündi. Pawlus hem, bu keşbi göz öňüne getirdi, şonuň üçin onuň iki ýygnaga gönükdiren aşaky ýüzlenmelerinde öz durmuşynyň manysyny kesgitleýşini görüp bilýäris:

> Men hiç haçan Rebbimiz Isa Mesihiň haçyndan başga bir zat bilen öwünmek islemeýärin. Ol haç arkaly dünýädäki hemme zatlar meniň üçin haça çüýlenendir, men hem dünýä üçin haça çüýlenendirin (Galatýalylar 6:14).
>
> Ýöne gazanç hasap eden zatlarymyň hemmesini indi Mesihiň hatyrasyna ýitgi hasap edýärin. Diňe bu-da däl, Rebbim Mesih Isany tanamagyň bahasyna ýetip bolmajak gymmaty bilen deňeşdireniňde, beýleki zatlaryň hemmesini-de ýitgi hasap edýärin. Onuň hatyrasyna dünýädäki galan zatlaryň hemmesini süplük saýyp başladym hem-de Mesihi gazanmagyň hatyrasyna bar zady zyňyp goýberdim (Filipililer 3:7, 8, TRT)

Şeýle etmek bilen Pawlus aldanmady. Ol bu dünýäni islemedi, Mesih Isany tanamagyň bahasyna ýetip bolmajak gymmaty we Ýaşaýşyň özi bolup durýan Biriniň barlygynda bolmak bilen deňeşdireniňde dünýäniň wada berýän lezzetlerini we bähbitlerini terk etmek bilen onuň tölän tölegi hiç zat bolup çykdy.

8-NJI BAP

# GARŞYLYKLY MEDENIÝETMI ÝA-DA HUSUSY MEDENIÝET?

*Biz dünýewi adatlara we*
*düşünjelere eýermeli däldiris*
*ýa-da bu dünýädäki adamlaryň edişleri*
*ýaly hereket etmeli däldiris.*

Reb dagda Özüni görkezeninde, halk muňa döz gelip bilmedi. Ondan öň olar özleriniň Hudaýa tarap ymtylýandyklaryny aýdypdylar, emma hakykatynda bu onçakly beýle däldi. Olar ýüreklerinde Müsüri terk etmändiler we onuň ýollaryndan ýöreme islegini goýmandylar. Ýöne olara müsür däplerine we düşünjelerine meňzeş görnüşli hudaý teklip edileninde, olar bu örän gowy diýen netijä geldiler, sebäbi olaryň indi hem hudaýy, hem hakyky islegleri – Müsür bardy. Indi olar özleriniň geçmişinden aýrylman, şol bir wagtyň özünde-de, Ýahweniň howandarlygy astynda bolup bilýärdiler!

Bu dünýäniň ruhundan doglan däpleriň we düşünjeleriň

ençesini tapmak bolýar. (Şeýtany «howadaky höküm sürýän hökümdar» (Ef. 2:2), şeýle hem «bu dünýäniň taňrysy» diýip atlandyrýarlar (2 Кor. 4:4)). Eger Hudaýyň barlygyna golaýlaşmak üçin olary terk etmek islemesek, onda irde-giçde yzymyza, bu dünýäde hökümdarlyk edýän ruhuň täsiri astyna togalanyp gideris. Hudaý: «Siz ýaşan ýeriňiz bolan Müsür ýurdunyň işlerini etmäň ... adatlaryna eýermäň» (Lewiler 18:3) – diýip buýurdy.

Biz dünýewi däplere we düşünjelere eýermeli däldiris ýa-da bu dünýädäki adamlaryň edýän hereketlerini etmeli däldiris. Pawlus: «Bu dünýä meňzeş bolman, ... pikiriňiziň täzelenmegi bilen üýtgäň» (Rimliler 12:2) – diýip belleýär.

Hudaýyň Patyşalygynyň ýoly bilen bu dünýäniň ýollary diametral taýdan garşydaşdyr. Olaryň arasynda sazlaşygyň bolup bilmejekdigini Isanyň Özi aýdýar: «Dünýä sizi ýigrenýän bolsa, onuň sizden öň Meni ýigrenendigini biliň. Dünýäden bolan bolsaňyz, dünýä sizi özüniňkiler kimin söýerdi. Ýöne dünýäden däldigiňiz üçin, Meniň sizi dünýäden saýlap alandygym üçin dünýä sizi ýigrenýär» (Ýohanna 15:18, 19).

Isa bizi saýlady we dünýäden aýra edip goýdy, hut şonuň üçin hem, dünýäniň bizi ýigrenýändigini Ol bize düşündirýär. Bu hakykatdan hem şeýlemi? Käwagt soňky ýigrimi bäş ýyly ýygnak Mesihiň şu ýerdäki sözlerinde nätakyklygyň bardygyny subut etmeklige sarp eden ýaly bolup görünýär. Biz diňe özümiz üçin däl-de, eýsem Isa üçin hem, dünýäniň goldawyna mynasyp boljakdygymyza pikirimizde ynandyk! Emma Reb dünýäniň bizi diňe özüniňki bolanymyzda söýjekdigini açyk aýtdy. Beýle bolsa, näme biz asla meňzeş bolmaly däl zadymyza degişli bolmaga dyrjaşdykmykak?

# IRKI ÝYGNAK HÄZIRKI ZAMAN ÝYGNAGY BILEN DEŇEŞDIRENIŇDE

Irki Ýygnak, aýratynam, biziň eramyzyň ikinji we üçünji asyrlaryndaky ýygnak barada okanymda, onuň bilen biziň aramyzda ummasyz tapawudyň bardygyny özüm üçin açdym. Ol döwrüň mesihileriniň esasy aýratynlygy olaryň bu dünýäden aýra durmuşda ýaşandyklaryndadyr. Dünýäniň olara etdirjek bolan däplerini, usullaryny ýa-da ýöretjek bolan ýoluny olaryň arasynda hiç kim tapyp bilmändir. Olar töweregindäki jemgyýetden tapawutlanypdyrlar, sebäbi düýbünden başga ýörelgeleri we gymmatlyklary saklapdyrlar. Hudaýyň Sözi olaryň durmuşyny hakykatdan emele getiripdir.

Imansyz adamlar mesihiler hakda gürrüň edenlerinde, olaryň öz jemgyýetiniň içinde wagtlaýyn ýaşaýan adamlar hökmünde ýaşaýandyklaryny aýdypdyrlar. Tende ýaşaýandyklaryna garamazdan, olar öz tenlerine eýermändirler. Olar çykarylan kanunlara tabyn bolupdyrlar, ýöne şol bir wagtyň özünde-de, özleriniň şahsy durmuşlary bilen şol kanunlardan ýokary bolupdyrlar. Meşhur güýmenjeler, ullakan sport ýaryşlary, şeýle hem, jemgyýetde geçirilýän göwün açyjy başga çäreler olary az gyzyklandyrypdyr. Şol döwrüň mesihileri hemmeleri söýüpdirler, ýöne hemmeler tarapyndan olara azar berlipdir. Olary kemsidipdirler, ýöne özleriniň kemsidilmelerinde olar şöhrat alypdyrlar. Olary ýigrenýänler bolsa, öz ýigrenjiniň sebäbini düşündirip bilmändirler.

Biziň günlerimizde bizi ýigrenýänlere öz ýigrenjiniň degerli sebäplerini gözläp oturmak gerek däl. Şuňa çenli irki Ýygnak barada aýdylan sözler häzirki zaman mesihileriniň diňe bir bölegine degişlidir. Biz gullugyň ähli derejelerinde köp sanly dawalaryň şaýatlary bolýarys. Bu gaýgyly wakalar biziň ten

höwesli isleglerimiz sebäpli bolýar. Diňe liderler däl, eýsem ýönekeý mesihiler hem bu dünýäniň gyzyklanmalary bilen ýaşaýarlar we onuň hazynalaryny hem lezzetlerini gözlemek bilen başagaý bolýarlar. Biz bu dünýäniň gözleýän filmlerine, göwün açmalaryna we şady-horramlygyna petek almak üçin nobata durmagy özümiz üçin ýerlikli zat hasap edýäris.

Kyrk ýaşynda durmuşyny Isanyň eline beren Kiprian örän baý rimli adam bolupdyr. Ol özüniň Mesihi tapanyna şeýle güýçli begenipdir welin, hatda emlägini we pullaryny mätäçlere paýlapdyr. Soňrak ol ýygnakda gözegçi bolýar. Ine, ol näme ýazýar:

> Ýeke-täk ygtybarly rahatlyk we ýeke-täk berk, gaty we üýtgewsiz gorag diňe özüni bu dünýäden aýra edip bilýän, öz labyryny gutulyşyň berk topragyna taşlap we nazaryny ýerden aýryp, göklere (Hudaýyň dagyna) ... dikip bilýän adama gelip biler. Bu dünýäden uly Bolan bu dünýäden çykýan zady gözläp we isläp bilmez (Kiprian Donatunyň hatyndan, 14-nji bölüm).

Bu dünýäniň we özleriniň barjak dünýäsiniň biri-birine duşmandyklaryna, şonuň üçin birbada ikisine-de dost bolup bolmaýandygyna ilkinji mesihiler ynanýardylar. Ýakup: «Eý zynahorlar, dünýä dostlugynyň Hudaýa duşmançylykdygyny bilmeýärsiňizmi? Dünýäniň dosty bolmak isleýän adam özüni Hudaýa duşman edýändir» (Ýakup 4:4) – diýip, çürt-kesik aýdýar.

Näme üçin ol imanlylary bu dünýäniň keýpini gözleýän zynahorlar hökmünde atlandyrýar? Zynahorda biri bilen ähti bolýar, ýöne başgalar bilen gatnaşyklary gözleýär. Biz imanlylar hökmünde Hudaý bilen äht baglaşdyk, ýöne näme üçin biz bu dünýäniň dessurlaryna, däplerine we ýollaryna eýermek isleýäris? Şeýle edenimizde, Rebbe gelmegiň artykmaçlyklarynyň

hatyrasyna müsür isleglerini taşlamak islemeýän gadymky Ysraýyla doly meňzeş bolmaýarysmy?

## GARŞYLYKLY MEDENIÝET HUSUSY MEDENIÝETE GARŞY

Irki ýygnak garşylykly medeniýet bolup durýar. Häzirki döwürde ýygnagyň aglaba bölegi hususy medeniýetdedir. Mundaky tapawut nämede?

*Garşylykly medeniýet* — bu özüniň ýaşaýyş ýörelgeleri bilen jemgyýetiň esasy gymmatlyklaryny we durmuş kadalaryny inkär edýän ýa-da özlerini olara garşy goýýan adamlaryň toparydyr. Olaryň durmuşyny düýbünden başga ýörelgeler dolandyrýar. Irki Ýygnak munuň diýseň gowy mysaly bolup hyzmat edýär. Petrus täze imana gelen adamlara: «Özüňizi bu azgyn nesilden halas ediň!» (Res. iş. 2:40) – diýip ýüzlenýär. «Hatyň» terjimesinde onuň sözleri has-da güýçli ýaňlanýar «Bu syrkaw hem akmak medeniýetden güýjüňizde baryny edip gaçyň, gaçyň!» *Hususy medeniýet* munuň tersine – bu entegem ýaşap gelýän ähliumumy jemgyýetiň bir bölegi bolup durýan adamlaryň belli bir topary. Käbir tapawutlanýan taraplary bar bolsa-da, olar jemgyýetiň beýleki bölegi bilen berk baglanyşykly bolýar. Bu gün ýygnak şu kesgitlemä gabat gelýär. Biz özümize «ýokardan doglan» we «halas bolan» ýarlygyny dakýarys. Biz hoşhabar, doly Hoş Habar, harizmatik, donominasion we ş.m. toparlara ýa-da gurnaklara goşulýarys, ýöne dünýewi jemgyýet bilen juda berk baglanyşykly bolýarys.

Biziň jemgyýetimiz düýbünden dürli gyzyklanmalary bolan adamlary öz içine alýar. Eger amerikalylaryň durmuş ýörelgeleri we gyzyklanmalary çekilen grafigi çyzsak, onda bir tarapda aňrybaş liberallar, beýlekisinde konserwatorlar bolar, olaryň arasynda bolsa, köp dürli görnüşli garaýyşly toparlar durar. Aňrybaş liberallaryň duran ýerinde biz rok-ýyldyzlary,

meşhur adamlary we üns çekiji geýinýän, hatda garşydaş jynsy geýimlerini hem geýýän adamlary göreris. Beýle adamlar düýbünden adaty durmuşda ýaşamaýarlar, olar gizlinlikde ýa-da köpçüligiň arasynda haýasyz hereketleri edýärler. Olaryň käbirleri saçlaryny gara reňke boýaýarlar we derisini agardýarlar. Başga birleri durşuna azgynlyga ýüz urýarlar. Biz olary jemgyýetiň ekstremal bölegi hasap edýäris, ýöne imanlylaryň köpüsi olara öýkünmek hakda pikir hem etmeýärler.

Başga bir tarapda konserwatiw amerikalylar durýar. Ol erkekler we aýallar kadaly durmuşda ýaşaýar diýsegem bolýar. Jemgyýetiň bu bölegi doly derejede «edepli» görünýändigine garamazdan, ol bu dünýäniň hanynyň täsiri astynda bolan umumy medeniýet bilen barybir baglanyşyklydyr. Käwagt şonuň ýaly «edeplilik» Hudaýyň iň erbet duşmany bolýar. Howuň özüne gowy ýaly bolup görnen zady saýlandygyny, emma aslyýetinde ol zadyň Hudaýyň ýollaryna doly garşydaş bolup çykandygyny ýada salyň.

Durmuşy bu dünýäden aýra edilen we durmuşynyň merkezinde Hudaýyň Patyşalygy duran hakyky imanlylar ýaly bolup ýaşamagyň deregine, biziň köpimiz konserwatiw garaýyşly imansyzlara meňzäp ýaşaýarys. Biz özümiziň bu dünýäden däldigimizi aýdýarys, ýöne bu köpimiz üçin, hakykat däl-de, bary-ýogy teoriýa bolup galýar. Dünýä bilen şonuň ýaly baglanyşygymyzyň bolandygy sebäpli, biz onuň serhetleri bilen bilelikde hereket etmäge başlaýarys.

Hudaýyň Sözi imanlylara «her hili ýamanlykdan saklanmagy» (1 Salonikliler 5:22) öwredýär we: «Garaňkylygyň miwesiz işlerine gatnaşmaň, gaýtam, olary paş ediň. Şonuň ýaly adamlaryň ogrynça edýän zatlaryny aýtmak-da utançdyr» diýýär (Ef. 5:11, 12, TRT). Ýöne biz bu duýduryşlara üns berýärismi?

Bu gün kino senagaty filmleriň dürli derejelerini düzýär. Konserwatiw amerikalylar ýaly, köp imanlylar hem, PG-13

markirowkaly (bu diýildigi 13 ýaşdan kiçi çagalara seretmek bolmaýar diýmegi aňladýar – *Terjimeçiniň belligi*) adaty filmlere seretmekde hiç hili aýyp zat görmeýärler, ylaýta-da onda Hudaýa ysnat getirýän zat, seks ýok bolsa. Ýöne şol filmleriň köpüsinde Hudaýa dil ýetirme, seks ýok bolsa-da, olar sylamazlykdan, gahardan, ýigrençden, zorlukdan ýa-da nikadan daşarky gatnaşyklardan doly. Şeýle-de bolsa, imanlylaryň köpüsi bu dünýädäki şonuň ýaly görelde bolmalara seredýärler.

Indi şol PG-13 markirowkaly filmi alyp, ony şu ýurtdaky 1940-njy ýyllaryň tomaşaçylaryna görkezýändigimizi göz öňüne getireliň. Olaryň garaýyşlary nähili bolar? Olaryň köpüsi gören zatlaryna diňe gaharlanarlar! Näme boldy? Ortaça konserwatoryň rugsat edilme serhedi ýerinden süýşdi, onuň bilen bilelikde ýygnagyň serhetleri hem süýşdi. 1940-njy ýyllaryň imansyz ýaşaýjysyny şok ýagdaýyna salan zat häzirki zaman ýygnagyndaky imanlylaryň köp bölegi üçin kadaly zat hasap edilýär. Biz mydama Hudaýyň Patyşalygynyň ýollaryndan ýöreýärismi ýa-da Müsüriň isleglериniň täsiri astyna düşdükmi?

Hudaýyň Patyşalygynyň ýollary hem standartlary üýtgewsizdir, sebäbi Reb üýtgeýän däldir. Onda üýtgemäniň kölegesiniňem ýokdugyny Mukaddes Ýazgy aýdýar. Reb bize erbetligiň kölegesinden hem gaçmagy buýruk berýärkä, butparazlaryň edýän zatlaryny agzamagyň hem aýypdygyny aýdýarka, biz näme üçin içinde ýaşaýan azgyn neslimiziň döreden gatnaşyklaryny, düzgünlerini we adatlaryny görmek üçin nobata durýarys ýa-da bir zada ýazylýarys we pul töleýäris? Meniň bir dostum bir gezek güýçli doga-dileg edende, Rebbiň gahar bilen: «Näme üçin Meniň halkym çüýleriň Meniň ellerime uran zatlary bilen göwün açýarlar?» - diýip soranyny eşidýär.

Göwün açmalar senagatynda göwün açma ruhlary barmy? Ýolbaşçylar bilen jogapkär adamlar Hudaýyň Öz

adamlaryndan gözleýän miweleri barada bilýärlermi? Beýle bolsa näme üçin biz ruhlary tapawutlandyrma sylagyna däl-de, industriýanyň dürli filmlerine bil baglaýarys? Eýsem, bu nesliň ýykgyn edýän zatlaryna uýgunlaşmak üçin Hudaý üýtgäýdimikä? Elbetde, ýok! Eger Hudaýyň standartlary üýtgemedik bolsa, näme üçin ortaça statistik mesihiniň standartlary üýtgedi? Sebäbi biziň tutuş ýaşaýyş ýörelgämiz Hudaýyň Patyşalygyna däl-de, köpçüligiň medeniýetine ysnyşan. Biz Müsüriň isleglerini taşlamadyk. Bu durmuşyň ähli ulgamlarynda – eşigimizde, saçymyzy goýşumyzda, puly we telekeçiligi dolandyryşymyzda, syýasatçylaryň garaýyşlarynda we başga-da köp zatlarda – görünýär.

Irki Ýygnagyň mesihileri butparaz gatnaşyklary, endikleri we öz medeniýetiniň göwün açmalaryny inkär etmäge ukyply bolupdyrlar, sebäbi olar Hudaýyň Patyşalygynyň ýollaryndan ýöreýärdiler. Olar teşne ýygnakdy, şonuň üçin oňaýlygyň hem lezzetiň deregine öz Halasgärini tanamaga teşne bolmaklygy saýladylar. Olarda ýeke-täk yhlasyň – Hudaýa bolan yhlasyň – ýanyp durandygy sebäpli, özleriniň medeniýetini gurşap alan özüne çekiji zatlar olaryň köpüsine hökümini ýöredip bilmändir. Özlerine Halasgäri tanamaklygy bermek bilen edilen hormat bilen deňeşdireniňde hemme zatdan ýüz öwürmeklik ujypsyzja töleg bolýar. Olar diňe bir muny ykrar etmän, eýsem şonuň bilen ýaşadylaram. Olaryň ýaşaýyş ýörelgeleri öz aralarynda sagdyn tertip-düzgüni döretdi.

Soňrak peýda bolan denominasiýalardan ýa-da toparlardan tapawutlylykda irki Ýygnakdaky imanlylar kadalaryň, kararlaryň ýa-da düzgünleriň üsti bilen mukaddesligi kanunlaşdyrmaga, hatda synanyşmadylaram. Olar janly taglymata, Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasyna, takwalaryň göreldelerine we gulluk etmek üçin gelnen berk karara baglydylar. Mukaddesligi daşky

düzgünleri ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly bolan ýygnaklar, adatça kadalary ýerine ýetirýän köp sanly dindarlary döredýär. Ikri Ýygnak takwa ýaşaýşyň çeşmesi bolan üýtgän ýüregiň wajyplygyna üns berdi. Eger olar adamyň içki dünýäsiniň üýtgändigini görkezmeseler, onda gullugyň daşky tarapy peýdasyz hasap edilipdir.

## BIZ REBBI GABANMAGA MEJBUR EDÝÄRISMI?

Häzirki döwürde biz telewideniýäniň, wideonyň, žurnallaryň we ş.m. üsti bilen dünýäni öz öýümize salýarys. Imanlylaryň öýlerinde sportsmenleriň suratlary bolan plakatlary ýa-da çagalaryň otaglarynyň diwarlarynda kinoýyldyzlaryň suratlarynyny we golliwudly artistleriň suratlary, başga bir butlar bolan žurnallary görenimde örän gynanýaryn. Näme üçin biz häzirki zaman jemgyýet üçin but bolup durýan erkekleri we aýallary arşa çykarýarys?

Butlar barada gürrüň edende Pawlus: «Siz hem Rebbiň käsesinden, hem jynlaryň käsesinden içip bilmersiňiz. Siz hem Rebbiň saçagyna, hem jynlaryň saçagyna şärik bolup bilmersiňiz» diýdi. Biz näme üçin bu dünýäniň iýmitlenýän zatlaryndan iýmitlenmek isleýäris? Soň resul «Ýa-da biz Rebbiň gabanjaňlygyny oýarýarysmy? Biz Ondan güýçlümi?...» (1 Кor. 10:21, 22) – diýip, sözüniň üstüni ýetirýär. Näme üçin biz dünýäniň gyzyklanýan zady bilen şeýle güýçli gyzyklanýarys?

Meniň maşgalam eýýäm köp ýyllardan bäri reslingiň bir professional göreşijisi bilen gatnaşýar. Hudaý köp babatlarda onuň maşgalasyna täsir etdi. Onuň aýaly, çagalary, şeýle hem, garyndaşlarynyň biri eýýäm halas boldular. Göreşçiniň özi eýýäm Hoş Habary bizden eşitdi, Isanyň yzyna eýermek üçin töleg tölemegiň gerekdigini bilýär, ýöne ol muny etmek üçin hemme zady Isanyň aýaklarynyň astyna goýmaga entegem taýýar

däl. Belli bir derejede dogruçyllygy üçin men ony sylaýaryn, sebäbi ýygnakdaky adamlaryň köpüsi Isa üçin hemme zady taşlajakdyklaryny aýdýarlar, emma sözlerinde durmaýarlar.

Käwagt mesihilik konferensiýalarynda we ýurtdaky ýygnaklarda ruhy güýç hakda wagyz edenimde, allegoriýa hökmünde şol göreşijiniň keşbini ulanýaryn. Wagyzdan soň onuň nähili adamdygyny bilmek isläp, adamlar ruhlanma bilen meniň ýanyma gelenlerinde, ýüregim paralanýar. Men: «Siz näme üçin onuň bilen gyzyklanýarsyňyz? Näme üçin professional reslinge seredýärsiňiz?» - diýip gygyrasym gelýär. Kanunçy ýaly görünmekden çekinip, men sorag bermekden saklanýaryn. Belki, men beýle etmeli däldirin. Men ol göreşijini örän gowy görýärin, ýöne telewideniýede onuň gatnaşmagynda görkezilýän oýunlara seredip bilmeýärin, sebäbi şol oýun durky bilen garaňkylyk ruhundan doly. Men şeýle pikir edýärin: *imanlylar şol oýna nädip arkaýyn seredip bilýärkäler? Olaryň Hudaýyň barlygyna bolan teşneligi niredekä*?

## GALKYNYŞA ÇAGYRYŞ

Birnäçe wagt mundan ozal men galkynmaklyga çagyryş aldym, bu bolsa, meniň bu kitaby ýazmaga bolan yhlasymy berkitdi. Bir ýygnakda men Hudaýy gözlemek hakda wagyz etdim. Ýygnanyşyk güýçli boldy. Şol gün Hudaýyň güýji köplerde duýuldy.

Ertesi günüm dynç almaga niýetlenilipdi. Men ol ýere ýeke däl-de, aýalym hem çagalarym bilen gitdim, şonuň üçin uzak ýoldan soň bize dynç almak gerekdi. Şol ýygnagyň ruhy çopany liderleriň hemmesini gürleşmek üçin öz öýüne çagyrdy. Biz agşamlyk naharyny edindik we gürleşip oturdyk, şol söhbetdeşligiň esasy bölegi golaýda bolup geçen ýygnanyşyga we Hudaýyň güýjüniň olarda duýluşyna bagyş edildi. Gürrüňdeşlikden soň biz kino görme kararyna geldik. Kimdir

biri ýany bilen örän meşhur film ýazylan kassetany alyp gelipdi. Baş roly ýerine ýetiren aktýory men örän zehinli hasap edýärin. Kassetada PG-13 belligi goýlan bolsa-da, men şol filmi görmäge isleg bildirdim.

Film adam öldürmäniň zalym sahnasy bilen başlanýar. Bu meni birahat etdi, şeýle-de bolsa, men yzyny görme kararyna geldim. Ol ýerde başga ölüm ýok bolan bolsa-da, başga köp zatlardan – uruşdan, ýigrençden, gahardan, öýkeden hem aldawdan doludy. Men bu filmi görenimde, ýüregimde howsala duýgusy artyp başlady. Mundan öň Hudaýyň zatlary hakda gürrüň edendigimiz we ýaşaýşy hem nury duýandygymyz, indi bolsa, garaňkylyk üçin açylandygymyz hakda pikir etmegi bes etmedim. Men özümiň bu adamlar üçin örän erbet şaýatlyk bolandygyma düşündim.

Baş gahrymanyň adamyň öldürilişini ýada salyp duran ýerini görkezip başlanda, otaga ogullarymyň biri girdi. Ol örän gorkup, otagdan uly tolgunma bilen ylgap çykyp gitdi, soň hem, uly dogany bilen bile ejesinden teselli gözlemäge eňýärler (ejesi filmiň başynda gidipdi). Ol kakasynyň näme sebäpden munuň ýaly filmi görýändigine düşünip bilmeýär. Ol: «Eje, bu uruşly kino ahyry. Biziň kakamyz nädip oňa seredip bilýär?» - diýip soraýar.

Film gutaranyndan soň men özümi örän erbet duýdum. Men özümiň uly akmaklyk edendigime düşündim. Ondan soň men liderler bilen hoşlaşdym. Ertesi gün biz ugradyk. Ine, bu aýrylyşma bolupdy! Oglumyň teswirlemeleri hakda gürrüň berende, men aýalymdan ötünç soradym. Ertesi gün men ogullarymdan ötünç soradym we özümiň nädogry zat edendigimi aýtdym. Men Hudaýa, olara we liderlere garşy günä etdim. Olar örän mylakatlylyk bilen meni bagyşladylar, emma bu wakany şobada ýatdan çykarmadylar.

Başga bir şäherde biz bir är-aýalyň öýünde düşläp geçdik, bizi

olar bilen öňden gelýän we ýakyn dostluk baglanyşdyrýardy. Ýetmişinji ýyllaryň ahyrlarynda men ýaňy gökden doglanymda, olar meniň durmuşyma girip, halypalarym bolupdylar. Maşgalanyň başy ullakan uniwersitetleriň birinde derňewler bilen meşgullanýar. Öz ömrüniň dowamynda ol köp adamlary Hudaýa getiripdi we köp talyplara Rebde ösmäge ýardam edipdi. Ol Hudaýyň Patyşalygynyň gudratlary hakda gürrüň bermegi juda gowy görýär.

Ine, şeýle, meniň oglum bu är-aýala ruhy çopanyň öýünde öz kakasynyň näme görendigini gürrüň beripdir. Muny maňa azrak soňrak aýalym gürrüň berdi. Meniň köne dostlarym Hudaýyň öňünde mukaddeslikde ýaşaýar, şonuň üçin olaryň meniň eden zadym hakda bilendikleri üçin gaty utandym we gaýgylandym.

Men derrew Hudaýa doga etmäge ylgadym. Reb meniň bilen örän düşnükli gürleşdi we maňa galkynmaga çeniň bolandygyny görkezdi. Eger men özüm hakda şol är-aýalyň bilendigine juda gynanan bolsam, onda Öz ybadathanasyna, ýagny öz içime, garaňkylygy salanyma Hudaýyň nähili garaýandygyny göz öňüne getirip bilýärinmi? Çuň ötünç meni gurşap aldy. Merhemeti, rehimi we bagyşlamasy üçin Hudaýa şükürler bolsun!

## GÖZÜŇI AÇÝAN AÝANLYK

Reb bu wakany maňa, bu dünýäden aýra bolma baradaky üstümize ýüklenen jogapkärçiligiň hakykydygyny görkezmek üçin ulandy. Onuň beren aýanlygy, hemişe bolşy ýaly, meniň pikirlerimi we ýaşaýyş ýörelgämi doly üýtgetdi. Birneme soňrak, şol hepdede bu hakykaty has-da gowrak açyp görkezmek üçin Reb Ybraýymyň jigisi Lutuň durmuşyny ulandy.

Hudaý Ybraýyma öz ýurduny, garyndaşlaryny, atasy öýüni terk etmegi buýurdy we ondan beýik halk çykarjakdygyna hem-de ony bereketlejekdigine söz berdi. Ybraýym şeýle hem etdi.

Onuň bilen jigisi Lut hem ýola düşdi. Biri-birine ýakyn bolan bu iki adamyň ýurdundan çykmagyny, edil Ysraýylyň Müsürden çykmagy we halas bolmagy bilen deňeşdirip bolar. Ybraýym aýanlyga eýerip, öýünden gaýtdy, emma Luta aýanlyk berilmändi. Ybraýymda hem edil Musanyňky ýaly maksat bardy, Lut bolsa, Ysraýyl ogullaryna köpräk meňzeýär.

Lutuň Ybraýym bilen gaýtmagynyň netijesinde ol Hudaýyň ak patasynyň içine girdi. Ybraýym bereketlenip, altynda, kümüşde we mal-garada baýady (Gelip çykyş 13:2). «Ybraýym bilen ýören Lutda-da ownuk hem iri şahly mallary we çadyrlary bardy» (Gelip çykyş 13:5). Eger öz bähbidini gözleýän adam Hudaýy gözleýän adamyň ýanynda ýörese, şol iki adamyň gatnaşyklarynyň arasynda gutulgysyz ýagdaýda dawa üçin esas dörär, sebäbi ten mydama ruh bilen dawa edýär we göreşýär. Şeýlelikde, biz tizara «Ybraýymyň çopanlary bilen Lutuň çopanlarynyň arasynda dawanyň bolandygyny» (Gelip çykyş 13:7) görýäris. Hudaýyň ýüregini gözleýän adam hökmünde Ybraýym jigisine şeýle diýýär:

> Sen bilen meniň aramyzda-da, çopanlarymyzyň arasynda-da dawa-jenjel bolmasyn, çünki biz garyndaşdyrys. Tutuş ýurt seniň öňüňde ýaýylyp ýatyr dälmi? Menden aýra bol. Eger sen saga gitseň, men sola giderin, sen sola gitseň, men saga giderin (Gelip çykyş 13:8, 9).

Ybraýymyň ýüregi Hudaýa tarap gönügendi. Şahsy bähbit indi ony gyzyklandyrmaýardy. Dünýäniň ähli baýlyklary onuň üçin hiç zadam däldi, sebäbi «ol suratkeşi hem gurujysy Hudaý bolan berk esasly şähere garaşýardy» (Ýewreýler 11:10). Onuň gözleri ebedi zada gönükdirilendi, gowy ýeri saýlama meselesi ony gyzyklandyrmaýardy.

Emma biziň günlerimizde gutulyş alýan köp adamlara Hudaýa bolan teşnelik ýetmezçilik edýär. Ysraýyl ogullary ýaly, olar

dünýewi bähbidi gözleýärler, sebäbi onda özleriniň baýragyny görýärler. Ybraýym Luta ilki bolup ýeri saýlama hukugyny bermek bilen, oňa ýol berdi.

> Lut daş-töweregine göz aýlanda, Iordan jülgesiniň Sogara çenli edil Rebbiň bagy, Müsür topragy ýaly, bol suwdan ganandygyny gördi. Bu Rebbiň Sodomy we Gomorany weýran etmezinden öňdi. Lut özüne Iordan jülgesini saýlap alyp, gündogara tarap ýola rowana boldy. Şeýdip, olar aýrylyşdylar. Ybraýym Kenganda, Lut bolsa töwerekdäki şäherlerde ýaşap başlady we çadyrlaryny Sodoma çenli dikdi (Gelip çykyş 13:10–12).

Lutuň saýlan ýeri diýseň göze ýakymly görünýärdi. Onuň göz öňüne getirişi ýaly, bu ýeriň jülgelerinde oňa üstünlik hem kaşaň durmuş garaşýardy. Bu ýerler oňa tanyşdy, sebäbi ol ozal Ybraýym bilen bile onuň üstünden geçipdi (Gelip çykyş 13:3-e seret). Belki, ol «Sodomyň halkynyň erbetdiklerini we Rebbiň öňünde juda günälidiklerini» (Gelip çykyş 13:13) bilendir. Belki, bu onuň başda bu topraga «göz dikip seredendigini» (iňlis dilindäki NTL terjimede) düşündirýändir. Şol wagtda ol bu territoriýa degişli ähli «razy» we «garşy» zatlary (ähli bereketleri we gargyşlary) ölçerip dökendir diýip pikir edýärin. Ýöne owadan durmuşa bolan ymtylyş Ybraýymdaky Hudaýa bolan ymtylyşdan agyr gelýärdi. Ine, näme üçin Lut bu ýurtda höküm sürýän erbetlige üns bermän eken. Has dogrusy, ol şol erbetlik özüne täsirini ýetirmez öýdendir.

«Lutuň çadyrlaryny Sodoma çenli dikmeginiň» sebäbi onuň azgyn jemgyýetden daşda bolmak isländigindedir diýip çak edýärin. Ol özüni, edil biziň günlerimizdäki imanlylar ýaly alyp bardy. Olar şeýle pikir edýärler: *men dünýäni durmuşyma azajyk möçberde salyp bilýärin, ýöne şol bir wagtyň özünde-de onuň*

*erbet taraplaryndan saklanaryn, şeýdibem, ol meni ýuwdup bilmez*. Gowy bolan ýagdaýynda munuň ýaly pikir jemlemeleri akmaklyk diýip atlandyryp bolar! Dünýäniň azdyrma adyna eýe bolan çekiji güýji bar. Eger sizde nähili-de bolsa bir egoistik isleg bar bolsa, onda dünýä, diňe demri özüne çekýän, emma başga metallara täsir etmeýän, magnit ýaly sizi özüne hökman çeker.

Lutuň Sodomyň diwarlaryndan daşda bolup galma islegine gowy diýip bolar, ýöne ol soňrak barybir şäheriň içine göçýär! (Gelip çykyş 19:1-3-e seret) Şäher ony özüne çekdi. Luty şäher durmuşynyň artykmaçlyklary özüne çekendir diýip pikir edýärin. Şol bir wagtyň özünde-de biz Täze Ähtde, azgynlaryň edýän ýigrenji işlerini görende, onuň takwa ýüreginiň ejir çekendigini okaýarys: «olaryň arasynda ýaşan bu dogry adam (Lut) olaryň nähak işlerini görmek, eşitmek bilen, öz dogry janyna günsaýyn jebir ederdi» (2 Petrus 2:8).

Şol hepdede Hudaýyň özüme açan zatlaryny men hiç haçan ýatdan çykarmaryn. «...nähak işlerini görmek, eşitmek bilen» diýen sözler menden aýrylyp gitmedi. Lut olaryň nähak işlerini görmek, eşitmek bilen, öz dogry janyna jebir etdi.

Belki, siz: *«Men nähak işleri her gün görýärin we eşidýärin. Men olary işde, mekdepde, jemgyýetçilik ýerlerinde eşidýärin we görýärin. Şonda meniň ýüregim nädip jebir çekmesin?»* - diýip pikir edýänsiňiz. Reb maňa munuň jogabyny görkezdi. Siz işe, mekdebe ýa-da gündelik aladalaryňyz bilen baglanyşykly bolan ýeriňize gideniňizde, özüňiziň missionerçilik meýdanyňyza gidýärsiňiz. Hudaý sizi garaňkylykdaky nur edip ugradýar. Siz özleri hiç haçan mesihi ýygnaklaryna gitmejek adamlara Mesihiň ölümden direlmesi barada şaýatlyk bolýarsyňyz. Şonda sizi nähak işler mundan artyk gynap bilmez.

Lut özüniň lezzeti hem abadançylygy üçin azgyn adamlaryň ýanynda ýaşamagy makul bildi. Imanly adam bolubam, günäli

işlerden doly bolan wideolary göreniňizde, dünýewi ruhdan doly žurnallary okanyňyzda ýa-da nähak işler edilýän ýerlerde göwün açmalary gözläniňizde, özüňiziň takwa kalbyňyza görgüleri saýlaýarsyňyz. Iň erbedi-de, siz özüňizi Rebbiň dagyna gelme artykmaçlygyndan mahrum edýärsiňiz.

## BIZ KALBYMYZ ÜÇIN DYNÇ ALMANY NIREDEN TAPÝARYS?

Belki, siz: «Ýöne Isa günäkärler bilen iýip-içdi ahyry» - diýip, garşylyk görkezmegiňiz mümkin. Hawa, bu dogry. Ol olary gazanmak üçin olaryň jemgyýetinde ýöredi. Siz bilen bizem edil şonuň ýaly etmelidiris. Ýöne Isa ol ýere dynç almak ýa-da göwün açmak üçin gitmedi. Siziň: «Beýle bolsa, dogry adama nirede dynç almak bolýar?» - diýip soramagyňyz mümkin. Isa adamsyz ýerlerde ýöredi (Mark 6:31-e seret). Bu dünýewi ulgamdan uzakda bolan ýerleri aňladýar.

Öňler men suwa düşülýän ýerde dynç almagy gowy görýärdim. Indi ol ýerde ýekelikde bolmak kyn bolýar. Häzir suwa düşülýän ýerler, suwa düşülýän geýimleri içki eşiklerden-de beter bolan dynç alýanlardan hyryn-dykyn. Şonuň ýaly dynç alýanlaryň ýürekleri ten höwesinden doly. (Şonuň ýaly açyk eşiklere 1940-njy ýyllarda nähili serederdikäler? Imansyz konserwatorlar, belki, şoka düşerdiler! Men kanunçy ýa-da yzagalak zalym ýaly görünmek islemeýärin, ýöne hususy medeniýet hökmünde bu dünýä tabyn bolmamyzda nähili öte geçendigimize biz düşünýärismi?) Häzir dynç almak üçin suwa düşülýän ýeriň deregine daglarda, tokaýlarda ýa-da köllerde ýeke bolanymy gowy görýärin. Ol ýerlerde men dünýäden daşlaşyp, janym üçin gowy dynç alşy tapyp bilýärin.

Näme üçin käbir imanlylar göwün açma we dynç alma üçin bu dünýäniň adatlary has göze görünýän ýerleri gözleýärkäler?

Biz nämäni ileri tutýarys – dynç alýan wagtymyzda Hudaýdan daşlaşmagymy ýa-da Onuň asuda barlygynda duýulýan rahatlygymy? Belki, biz Onuň barlygy barada berlen wadanyň özüni dünýäden daşlaşdyrmaga we Oňa golaýlaşmaga ukyply bolanlara garaşýandygyna düşünen däldiris?[1]

1 Meniň bu bapdaky aýdan sözlerimiň käbirleri Dewid Berkotyň *«Goý, hakyky ýeretikler ýerlerinden galsynlar»* (Tyler, TX.: Scroll Publishing, 1989) atly kitabynyň 3-4-nji baplarynyň täsiri astynda döredi.

9-NJY BAP

# HALAS EDIJI MERHEMET

***Merhemet adalatsyzlykdan we dünýewi isleglerden azat bolup ýaşamaga ukyply bolma hökmünde suratlandyrylýar. Onda Hudaýyň öňünde mukaddeslikde bolan durmuşyň bar güýji jemlenilendir.***

Mukaddes Ýazgynyň bir bölegi Köne Äht diýlip atlandyrylýan bolsa-da, bu onuň könelendigini aňlatmaýar. Gaýtam, Isa: «Meni Mukaddes Kanuny ýa pygamberleriň ýazgylaryny bozmaga gelendir öýtmäň. Men bozmaga däl-de, olary berjaý etmäge geldim» (Matta 5:17) – diýdi. Eger Mukaddes Ýazga düşünmeýän bolsak, onda Onuň nämäni eýýäm berjaý edendigini, nämäni-de indi berjaý edýändigini biz nädip bilip bileris? Indi Köne Ähtdäki Hudaýyň adamlaryň arasynda ýaşamak isleýändigi baradaky öňki taryhyň üstüni açan bolsak, onda geliň, Pawlusyň Täze Äht barada aýdan sözüne dolanalyň:

> Iman etmedikler bilen bir boýuntyryga girmäň! Dogrulygyň pislik bilen näme şärikligi bar? Ýa-da nur bilen tümlügiň näme umumylygy bar? Isa Mesih bilen şeýtanyň arasynda ylalaşyk, heý-

> de, bolup biljek zatmy? Imanly bilen imansyzyň näme şärikligi bar? Hudaýyň ybadathanasy bilen butlaryň, heý-de, özara ylalaşygy bolarmy? Çünki biz diri Hudaýyň ybadathanasydyrys. Hudaý: «Men olaryň arasynda mesgen tutaryn we olaryň arasynda bolaryn. Men olaryň Hudaýy, olar hem Meniň halkym bolarlar» diýipdi ahyryn (2 Korintoslylar 6:14-16).

Hudaý takyk üç sany wadany berýär. Birinjisi: Ol bizde ýaşar we biziň aramyzda gezer. Ikinjisi: Ol biziň Hudaýymyz bolar. Üçünjisi: biz Onuň halky bolýarys. Bu Onuň Täze Ähtde ýazylan wadalary, ýöne olar öňden berlipdi. Pawlus Ysraýyla Hudaýyň birnäçe gezek aýdan zadyny ýöne bir gaýtalaýar. Hudaýyň biz babatdaky meýli üýtgewsizligine galýar. Onuň Ysraýyla aýdan sözleri şeýledi: «Men siziň araňyzda bolup, siziň Hudaýyňyz bolaryn, sizem Meniň halkym bolarsyňyz» (Lewiler 26:12). Ol muny ilki başdan isledi.

Biziň eýýäm düşünişimiz ýaly, Hudaý biziň aramyzda Özüniň şöhraty içinde bolma islegi hakda gürrüň edýär. Mukaddes Ruh resul Pawlus arkaly şol bir sözleri Täze Ähtiň imanlylaryna aýdýar. Edil Ysraýyl babatda bolşy ýaly, bu ýerde-de şert bar:

> “Şoňa görä-de, olaryň arasyndan çykyň-da olardan aýrylyň. Muny Reb diýýär. Haram zatlara el degirmäň, şonda Men sizi kabul ederin. Men size Ata bolaryn siz hem Meniň ogul-gyzlarym bolarsyňyz”. Muny Hökmürowan Reb diýýär (2 Korintoslylar 6:17, 18).

Bu şert Musa bilen Ysraýyl ogullarynyň öňünde goýlan şertden hiç hili tapawutlanmaýar. Biz dünýewi ulgamdan aýrylmaly. Eger Hudaýa tabyn bolsak, Ol bizi kabul eder we biziň öňümizde Özüni açar! Şeýle bolmadyk ýagdaýynda biziň geljegimiz gadymky Ysraýylyňkydan-da has pajygaly bolar.

Hudaý Musa halky mukaddes etmegi buýurdy. Eger olar Onuň üçin aýra bolsalar, onda Hudaýyň şöhratynda durup bilerler. Bu şert bize-de gönüden-göni degişlidir. Başga sözler bilen aýtsak, Hudaý bize: «Men sizi bu dünýäden halas etdim. Indi dünýäni öz araňyzdan kowuň» diýýär. Tabynlyk bizi Onuň şöhratyna taýýarlaýar.

Musa Ysraýyla «öz eşiklerini ýuwmagy» habar bermek barada buýruk aldy. Olar özlerinden Müsüriň ähli kirini ýuwup aýyrmalydylar. Bize-de edil şol zat aýdylýar: «Eý, söýgüli doganlarym, Hudaý bize, ine, şeýle wadalary beripdir! Şonuň üçin-de, geliň, bedenimizi we ruhumyzy murdar edýän ähli zatdan tämizläliň. Hudaýdan gorkup, bütinleý mukaddes bolmaga ymtylalyň» (2 Kor. 7:1).

Biz özümizi ten we ruhy eşigiň hapasyndan tämizläp, mukaddesligi kämilleşdirmelidiris. Edil Ysraýyl ýaly, bize-de dünýäniň özümizdäki murdarlyklaryny ýuwup aýyrmak gerek. Resul Pawlus Hudaýyň bizi ýuwjakdygy ýa-da Isanyň Ganynyň biziň arassalygymyzyň aladasyny etjekdigi hakda gürrüň etmeýär. Eger asyl nusganyň diline ýüzlensek, onuň sözleriniň manysy has düşnükli bolýar. *Kämillerşdirmek* sözi grek dilindäki *epitello* sözüne gabat gelýär. Teýeriň grek dili sözlüginde bu söze şeýle düşündiriş berilýär: «soňuna çenli alyp gitme borjuny öz üstüňe almak, tamamlamak, kämillige ýetirmek, ýerine ýetirmek ýa-da amala aşyrmak». Bu arassalanma prosesiniň başlamagy bolşy ýaly, ony tamamlama jogapkärçiligini-de biziň üstümize ýükleýär.

Elbetde, biz muny Hudaýyň merhemeti bolmasa, hiç haçan hem edip bilmeris, sebäbi merhemet – bu Onuň hakykatynyň talap edýän zadyny ýerine ýetirmegimiz üçin bize sowgat berlen ukypdyr. Ol bize Hudaýyň sözlerine tabyn bolmaklyga güýç berýär. Pawlusyň aşaky sözleri muny düşündirýär:

> Hudaýyň işdeşleri hökmünde size ýalbarýarys, siz tarapdan kabul edilen Hudaýyň merhemeti biderek ýere bolmasyn (2 Korintoslylar 6:1 TRT).

Bir zada perwaýsyz bolmaklyk – diýmek, şol zadyň güýjüni ulanmazlykdyr. Şeýle diýeli, men wulkan çogýan dagyň eteginde ýaşaýaryn we ajaýyp günleriň birinde golaýdaky 24 sagadyň dowamynda wulkanyň çogjakdygy hakdaky habary eşidýärin. Ulagsyz men hiç zadam edip bilmeýärin; pyýada bir gije-gündiziň dowamynda daşa gidip bilmeýärsiň. Meniň çykgynsyz ýagdaýym barada eşiden haýsydyr bir sahy hem rehimdar ýürekli bir adam gapymy kakýar-da, maňa öz ulagyny berýär, ol ulagyň açaryny maňa uzadyp: «Bu ulag seniňki. Indi sen halas bolduň» - diýýär.

Men halas bolanyma begenýärin. Meniň özüm ulagy hiç haçan hem satyn alyp bilmezdim, sebäbi gara şaýym hem ýok. Bu adam bolsa, maňa awtomobilini ýöne ýere sowgat berýär, onda men indi howpsyz ýere gidip bilýärin.

Men dostlaryma jaň edýärin-de, olara tolgunma bilen gürrüň berýärin: «Men halas edildim! Men ölmeýärin! Haýsydyr bir örän duýgudaş adam maňa awtomobil sowgat berdi, men oňa münüp, betbagtçylykdan uzaga gidip bilýärin! Diýseň gowy boldy, dogry dälmi?» Soň men özümdäki awtomobil ýollarynyň köne kartasyny gözläp tapýaryn, hatda awtomobili professionallarça sürmegi öwrenmek üçin ulag sürmek boýunça gollanma-da satyn alýaryn.

Şeýle-de bolsa, indiki 24 sagadyň dowamynda men öýde bolýaryn. Men, şeýdip, ulaga münüp, howpsyz ýere gitmeýärin. Wulkan partlap çykýar-da, meni öýüm hem ulag bilen bilelikde ýeriň ýüzünden süpürip alyp gidýär. Maňa halas bolmaga alyp barýan ýoly açar ýaly serişde berilýär, ýöne men oňa diňe begenýärin we hiç hili hereket etmeýärin. Şondan soň meniň ýagdaýymy we ulag alanymy bilýän adamlaryň hemmesi: «Ol ulag aldy, emma oňa perwaýsyz boldy» - diýerler.

Hudaý mukaddesligiň üsti bilen bu dünýäniň duzaklaryndan azat bolup ýörmäge güýç berende, biz edil şonuň ýaly, Onuň merhemetine perwaýsyz bolýarys.

# MUKADDES KITAP BOÝUNÇA BOLMADYK MERHEMET

Häzirki zaman ýygnakda merhemet baradaky bir gapdallaýyn taglymatyň imanlylaryň arasynda ýaýrandygy sebäpli, bir nädogry pikir bar. Köp ýagdaýlarda merhemeti dünýewi durmuş stilini aklamak ýa-da tutaryk edinmek üçin ulanyp başladylar. Gönüläp aýtsak, ol egoistik, ten höwesli ýaşaýyş ýörelgesini aklamak üçin ulanylýar. Hudaýyň merhemetiniň roluny ulaldýan we Onuň mukaddesligi bilen adalatly hökümini äsgermeýän mesihilik toparlary juda köp peýda boldy. Hakykatdan munuň ýaly çürt-kesik gyşarmalar Hudaýyň merhemetine nädogry düşünýän, şeýle etmek bilen hem, ony äsgermeýän imanlylaryň aýratyn görnüşini döretdi.

Merhemet — bu diňe bir tutaryk däl. Dogry, ol goraýar, ýöne şol bir wagtyň özünde-de ondan hem aňry gidýär: ol tabynlykda ýaşamaga güýç hem mümkinçilik berýär. Isa Özüniň Dagdaky wagzynda ençeme gezek gaýtalaýar (Matta 5): «Gadymkylara … diýlenini siz eşidensiňiz Men bolsa size diýýärin…» (21, 22 aýatlar). Babyň ahyryna çenli Ol bu sözleri ýene dört gezek gaýtalaýar (27, 28, 31, 32, 33, 34, 43, 44 aýatlar). Isa näme edýär? Ol Musanyň kanunynyň talaplaryny gaýtalaýar: «Siz … diýlenini eşidensiňiz». Soň Ol Hudaýyň täzeäht imanlysyndan nämä garaşýandygyny aýdýar: «Men bolsa size… diýýärin». Isa merhemet bilen hakykaty Musanyň kanunyna garşy goýýar.

Resul Ýohanna «Musa arkaly Mukaddes Kanun berildi, Isa Mesih arkaly bolsa merhemet we hakykat peýda boldy» (Ýohanna 1:17) – diýýär.

Isa bize Hudaý tarapyndan güýç berýän we kanunyň öli harpyndan azatlyk berýän merhemetiň wajypdygyny belleýär. Kanun – bu daşky çäklendirme, merhemet bolsa, içki taýdan üýtgemekdir.

Adaty imanlylaryň, şeýle hem, gullukçylaryň bir wagtlar kanunyň

ýowuz azaby astynda bolanlaryň durmuşy üçin aglaýanlaryny, soň hem, ýeňillik bilen dem alyp, merhemet astynda ýaşamagyň we özüňi şonuň ýaly zalym çarçuwanyň içinde saklamazlygyň nähili gowudygyny aýdýanlaryny ýygy-ýygydan eşidýärin. Dogry, indi kanun astynda däldigime menem begenýärin. Ýöne men Hudaýyň mukaddeslik standartlarynyň eslije ýumşandygy üçin begenmeýärin. Düýbünden tersine. Men Onuň standartlarynyň has ýokary hem berkiräk bolandygyny gördüm!

Geliň, Isanyň Dagdaky wagzynda ulanýan deňeşdirmelerini ürç edip seljereliň.

> Siz gadymkylara: "Adam öldürme, kim adam öldürse, höküme sezewar bolar" diýlenini eşidensiňiz. Emma Men size aýdýaryn: öz doganyna nähak gaharlanan kişi hökümine sezewar bolar. Kim öz doganyna "Raka" diýse, mejlisiň hökümine sezewar bolar. Kim "Samsyk" diýse, dowzahyň oduna sezewar bolar (Matta 5:21, 22).

*Raka* sözi «boş kelle» diýmegi aňladýar. Mesihiň döwründe bu söz ýigrenji beýan etmek üçin ýewreýleriň arasynda ýygy-ýygydan ulanylypdyr. Ýöne, eger adamyň gahary şeýle güýçli bolup, ol öz doganyny boş kelle diýip atlandyrsa, onda Isanyň sözlerine laýyklykda, ol dowzah oduna sezewar bolýar. Bu ýerdäki *akylsyz* sözi «hudaýsyz» diýmegi aňladýar. «Akylsyz adam ýüreginde:"Hudaý ýok" diýdi» (Zebur 13:1). Doganyňy munuň ýaly söz bilen atlandyrmak örän agyr aýyplama hasap edilipdir. Eger gahary ýigrenje öwrülmedik bolsa, onda hiç kim öz ýakyny barada munuň ýaly zady aýdyp bilmändir. «Raka» ýa-da «akylsyz» diýen sözleri häzirki döwürde bu sözleri aýdýan adamyň hakykatdan şeýle duýgulary duýanda, «men seni ýigrenýärin» diýen sözleri bilen deňeşdirip bolar.

Köne Ähtde, eger bir adam birini janyndan mahrum etse,

ol ganhorlukda günäli hasap edilipdir. Merhemetli Täze Ähtde Hudaý zalym bolup, ganhorluk etme bilen doganyňa bolan gaharyň arasynda deňlik alamatyny goýýar: «Doganyny ýigrenýän kişi ganhordyr, siz hiç bir ganhorda ebedi ýaşaýşyň galmaýanyny bilýänsiňiz» (1 Ýohanna 3:15).

Kanun astynda bolanyňda, ganhorlukda günäkär bolmak üçin sen kimdir birine pyçagyňy sançmaly bolýarsyň. Merhemet astynda bolsa, eger sen bagyşlamakdan ýüz öwürýän bolsaň, ters pikirlere ýa-da ýigrenjiň islendik görnüşine öz ýüregiňi dolandyrmaga rugsat edýän bolsaň, onda bu Hudaýyň merhemetiniň indi sende bolmaýandygynyň ýa-da seniň ony äsgermezçilik edýändigiň subutnamasy bolup gulluk edýär. Şeýlelikde, Isa merhemeti nähilidir bir uly tutaryk hökmünde suratlandyrýarmy ýa-da Ol ony bize mukaddeslikde ýaşamaga mümkinçilik berýän güýç hökmünde açyp görkezýärmi?

Ine, Rebbiň ulanan ýene bir deňeşdirmesi:

> Siz gadymkylara: «Zyna etme» diýlenini eşidensiňiz. Men welin size diýýärin, bir aýala azgyn nebis bilen bakan adam öz ýüreginde eýýäm onuň bilen zyna edendir (Matta 5:27, 28)

Könä Äht döwründe fiziki biwepalygy eden adama zynada aýyplanylma ýöňkelýärdi. Täze Ähtde muňa garşy edilip, ýüreginde bir aýala diňe azgyn isleg bilen seredende hem, adam zyna etdi hasap edilýär. Kanun astynda sen zynany fiziki taýdan etmeli bolýarsyň, emma täze ähtiň astyndakaň, diňe ýüregiňdäki islegiň hem ýeterlik bolýar! Ýeri, näme, bu biziň içinde ýaşaýan we häzirki zaman ýygnagynda öwredýän merhemetimize meňzeşmi? Bu ullakan tutaryga meňzeýärmi ýa-da, näme diýseňem, mukaddeslikde ýaşamagymyz üçin Hudaý tarapyndan berlen mümkinçilikmi?

Eger merhemet – bu bary-ýogy tutaryk bolýan bolsa, onda Isa

Özüniň wagyz etmäge gelen merhemetine garşy çykýan bolýarda. Ýöne bu nädogry. Geliň, okalyň: «Çünki Hudaýyň hemme ynsanlara gutulyş getiren merhemeti äşgär boldy. Bu merhemet bize, hudaýsyzlygy, dünýewi höwesleri ret edip, … häzirki dünýäde sagdyn düşünjeli, dogry we Hudaýyň ýoluna mynasyp ýaşamagy öwredýär» (Titus 2:11, 13). Merhemet imansyzlykdan we dünýewi höweslerden azat bolma mümkinçiligi hökmünde suratlandyrýar. Hudaýyň öňünde mukaddeslikde bolmanyň güýji şunda hem jemlenilendir.

Ýewreýlere hatyň awtory bizi «Hudaýyň halajak ýoly bilen, takwalyk hem gorky bilen Oňa gulluk etdirýän merhemeti saklamaklyga» (Ýewreýler 12:28) – çagyrýar. Ýene-de *merhemet* tutaryk hökmünde däl-de, eýsem Hudaýyň göwnünden turýan, ýagny ýerlikli tärde gulluk etmäge mümkinçilik berýän güýç hökmünde kesgitlenilýär. Merhemeti äsgermezçilik etmäniň netijesinde adamyň ýüregi üýtgewsizligine galýar we bu dünýäniň murdarlygyna tarap öwrülýär, şonuň üçin mukaddesligiň miwesi – bu gutulyşymyzyň subutnamasydyr.

## IŞLERIŇ BOÝUNÇA HALAS BOLUŞMY?

Käbirleriniň: «Ýöne Mukaddes Kitapda “biziň iman arkaly halas bolandygymyz, munuň öz işlerimize bagly däl-de, Hudaýyň sowgadydygy” aýdylýar ahyry» (Ýewreýler 2:8, 9, awtor tarapyndan gürrüň berildi) diýip garşy çykmagy mümkin.

Hawa, bu hakykat. Öz güýjüň bilen Hudaýyň Patyşalygyny miras alar ýaly derejede takwa ýaşamak mümkin däl, sebäbi biziň hemmämiz günä edip, Hudaýyň dogrulyk standartyndan çykdyk. Hiç kim hiç haçan Rebbiň öňünde durup, öz işleriniň, haýyr-sahawatynyň ýa-da ýöne bir dogry durmuşynyň özüne Onuň Patyşalygyny miras almaga hukuk berýändigini aýdyp bilmez. Biziň her birimiz günä etdik, şonuň üçin Hudaýyň öňünde

jenaýatçydyrys. Biziň hemmämiz bir ykbala – ot kölünde ebedi ýanmaklyga mynasypdyrys.

Biziň umytsyz ýagdaýymyza Hudaý Öz merhemetini sowgat bermek arkaly gutulyşy peşgeş bermek bilen jogap berdi! Sowgady bolsa gazanmak mümkin däl. Pawlus Rimlilere hatda (4:4) şeýle diýýär: «Buýrugy berjaý edene sylag merhemete görä däl, borja görä saýylýandyr». Siz halas bolmaga mynasyp bolar ýaly ýa-da ony gazanar ýaly derejede gerek bolan takwa durmuşda ýaşap bilmeýärsiňiz. Bütin ömrüňi zekat bermeklige we haýyr-sahawat işlerine bagyş etseňem, bu merhemeti gazanyp bolmanam bolar. Bu sowgatdyr, ony bolsa diňe Isa bolan imanyň üsti bilen kabul edip bolýar.

Geliň, taglymatymyzy logiki taýdan soňlama çenli alyp baralyň. Meniň wulkan atylmasy howp salýan we sowgat hökmünde ulag berlen adam barada mysal getirenim ýadyňyzdamy? Ol adam ulagy satyn alyp bilmeýärdi, biziň gahrymanymyzda puly ýokdy. Ýöne ol şol sowgady alandan soň hem, onuň güýjüni ulanyp bilýärdi. Eger ol howpsyz ýere çykmaga nähilidir bir synanyşan hem bolsa, onda halas bolardy. Edil şunuň ýaly ýagdaý bize-de degişlidir: biziň ýekejämiz hem, özümize merhemet satyn alyp bilmeýäris. Ol bize gazanmasy mümkin bolmadyk sowgat hökmünde berildi. Ýöne biz onuň güýjüni ulanmalydyrys.

Ine, näme üçin Ýakup imanlylara şeýle batyrlyk bilen ündew berip: «Şeýle, iman-da amallary ýok bolsa, öz-özünden ölüdir» (Ýakup 2:17) – diýýän eken. Ýakup Pawlusyň sözlerine garşy çykanok. Ol diňe onuň sözüni tamamlaýar ýa-da takyklaýar. Ýakup, biziň dostumyz ulagyň rulunda oturmasa, onuň halas bolup bilmeýşi ýaly, amallar bilen berkidilmese merhemetiň hem güýjüniň ýokdugyny aýdýar. Diýmek, ol biderek ýere kabul edilýän eken.

Ýakup sözüni dowam etdirýär: «Biri diýer: “Seniň imanyň bar,

meniň amallarym bar. Sen imanyňy amalsyz maňa görkez, mende saňa imanymy amallarym bilen görkezeýin”» (Ýakup 2:18). Ol mukaddeslikdäki durmuşyň adamyň iman etme arkaly Hudaýyň merhemet sowgadyny alanyna şaýatlyk edýändigini nygtaýar. Şeýlelikde, merhemet adama Hudaýa tabyn bolma islegini we ukybyny berýär. Ine, näme üçin Pawlus: «Bu bir dogry sözdür. Hudaýa iman edenler ýagşy işleri ýerine ýetirmek üçin alada eder ýaly, men seniň bu zatlary nygtamagyňy isleýärin. Bular ynsanlar üçin oňat we peýdalydyr» (Titus 3:8) – diýip ýazýan eken. Hudaýyň Sözüne kejirlik bilen tabyn bolmaýan dindar imanly adam Rebbiň merhemetini hakykatdan kabul eden däldir ýa-da ony biderek ýere kabul edendir.

Ýakup şeýle belleýär: «Ine, görýärsiňizmi, adam diňe bir iman bilen däl-de, amallary bilen aklanýar» (Ýakup 2:24). Görsene! Mukaddes Kitapda bu aýadyň bardygyny köp hoşhabarçylaryň we harizmatikleriň bilmeýändigini aýtmaga het edip biljek.

Öňräk men öz wagyzlarymyň birini bu aýady kontekstden aýratynlykda okamakdan başladym. Men ony okanymdan soň zalda imi-salalyk boldy. Hemme zadyň sowgat berilýändigi hakyndaky wagyzlara diýseň öwrenişen adamlara bu sözleriň manysyna düşünmek üçin eslije wagt gerek boldy. Elbetde, men soň bu aýady kontekstde okadym, ýöne bu wagta çenli adamlaryň ýürekleri eýýäm açylypdy, soň olar meni ünsli diňlediler.

Ýakup iman atamyz Ybraýymy mysal hökmünde ulanmazyndan öň bu aýady ýazýar:

> Atamyz Ybraýym ogly Yshagy gurbanlyk edilýän ýerde bagyş edip, amallary bilen aklanmadymy? Ana, görýärsiňmi, iman onuň amallary bilen işledi, iman onuň amallary arkaly kämilleşdi. Şeýlelik bilen, “Ybraýym Hudaýa iman getirdi, bu oňa dogrulyk saýyldy” diýen Ýazgy-da ýerine ýetip, oňa Hudaýyň dosty diýildi» (Ýakup 2:21–23).

# ISA BIZDE NÄME GÖZLEÝÄR?

Öňräk doga-dileg edýän wagtymda Reb maňa birnäçe söz aýtdy, ol sözler meni titremäge mejbur etdi, sebäbi olaryň manysy bize köp ýygnaklarda öwredilýän zatlara garşy gelýärdi. Men hatda Ondan munuň Öz sesimidigini-de soradym, ýöne Onuň maňa aýdan zatlary Mukaddes Ýazgyda bar.

Onuň sözlerini aýtmazymdan öňürti maňa soragyň düýp manysyny düşündirmek zerurdyr. Aýanlyk kitabynyň başynda Isa ýedi ýygnaga dürli habarlary aýdýar. Bu ýygnaklaryň bolandygyny taryh tassyklaýar, ýöne bu habarlar pygamberlik habarlary bolmadyk bolsa, onda Hudaý olary Mukaddes Kitaba hiç haçan girizmezdi. Başga sözler bilen aýtsak, bu habarlar şu günlerde-de aktualdyr.

Doga-dileg edýän wagtymda Rebbiň maňa aýdan birinji zady şeýledi: «Jon, Aýanylyk kitabyndaky ýedi ýygnagyň her birine aýdan sözümiň “Seniň işleriňi bilýärin” diýen sözlerdigine üns berdiňmi? Men Aýanlykdan bu sözleri gözläp tapdym:

- Birinji Ýygnak: *«Efesdäki ýygnagyň perişdesine ýaz: ...seniň işleriňi bilýärin» (Aýanlyk 2:1, 2).*
- Ikinji Ýygnak: *«Izmirdäki ýygnagyň perişdesine ýaz … seniň işleriňi bilýärin»* (*Aýanlyk* 2:8, 9).
- Üçünji Ýygnak: *«Bergamadaky ýygnagyň perişdesine ýaz … seniň işleriňi bilýärin»* (*Aýanlyk* 2:12, 13).
- Dördünji Ýygnak: *«Tiýatiradaky ýygnagyň perişdesine ýaz … seniň işleriňi bilýärin»* (*Aýanlyk* 2:18, 19).
- Bäşinji Ýygnak: *«Sardisdäki ýygnagyň perişdesine ýaz … seniň işleriňi bilýärin»* (*Aýanlyk* 3:1).
- Altynjy Ýygnak: *«Filadelfiýadaky ýygnagyň perişdesine ýaz … seniň işleriňi bilýärin»* (*Aýanlyk* 3:7, 8).
- Ýedinji Ýygnak: *«Laodikiýadaky ýygnagyň perişdesine ýaz … seniň işleriňi bilýärin»* (*Aýanlyk* 3:14, 15).

- «Seniň işleriňi bilýärin» — bu Hudaýyň ýedi ýygnagyň hemmesine aýdan ilkinji sözleridir. Men: «*Onuň aýratyn üns berýän zadyndan biz näderejede uzaga gitdikkäk we Ol bizde näme gözleýärkä*?» - diýip pikir etdim.

Bu zatlaryň üstünde oýlanyp otyrkam, Reb ýene meniň bilen gürleşdi. Onuň sözleri meni juda tolgundyrdy: «Jon, Meniň şol ýygnaklaryň ýekejesine-de: “Siziň ýürekleriňizi bilýärin” – diýmändigime üns berdiňmi?» Bitertip dünýewi durmuşda ýaşaýan dindar imanlylaryň ençe gezekler ýanyma maslahata gelendikleri, olaryň her biriniň: «Reb meniň ýüregimi bilýär!» - diýip, özleriniň günäsizdiklerini berk ynam bilen aýdandyklary hakda pikir etdim. Isa diňe biziň niýetlerimize, isleglerimize ýa-da nämäniň dogrudygy baradaky bilimimize seretmeýär. Ol biziň işlerimize seredýär! Biz Hudaýyň merhemetiniň öz durmuşymyza mukaddeslik getirmegine ýol berýärismi ýa-da biz ony biderek ýere aldykmy?

## IMAN SÖZÜNE DÜŞÜNMEZLIK

Merhemetiň hakyky wezipesine düşünmekden şeýle güýçli daşlaşmagymyzyň sebäbi *iman* sözi barada nädogry taglymat berilmeginde jemlenilendir. Biziň günlerimizde bu sözüň manysy akyl taýdan ylalaşma derejesine çenli dar boldy. Adamlaryň giden mähelleleri günäkäriň dogasyny aýdýarlar, sebäbi Isanyň bardygyna ynanýarlar. Olar gulaga ýakymly, emma toba etmäge çagyrylmasy bolmadyk, wagyzdan soň peýda bolýan duýgylaryň täsiri astyna düşýärler. Olar özleriniň durmuşdaky ýaşaýyş ýörelgelerini taşlamaýarlar we bütin dünýäniň gözleýän zadyny gözlemäge dyrjaşmagy dowam etdirýärler. Olar hakyky bolmadyk, akyl taýdan hem-de duýgy taýdan bolýan gutulyşa ynanyp, özleri üçin ýaşamagy dowam etdirýärler.

Mukaddes Ýazgyda iman sözi diňe bir Mesihiň bardygyny ykrar etmäni däl-de, eýsem, Onuň emrine we Sözüne tabyn bolmaklygy hem aňladýar. Ýewreýlere hatda (5:9,10) biz: «Kämilleşdirilip... sözüne gulak asanlaryň hemmesi üçin baky gutulyş çeşmesi boldy» - diýen sözleri okaýarys.

Ynanmak – diýmek, tabyn bolmakdyr. Ybraýymyň imanynyň subutnamasy ähli işlerinde tabyn bolmakda jemlenilipdi. Mukaddes bolma çagyryşyna tabyn bolup, ol öz maşgalasyny, dostlaryny hem ýurduny terk etdi. Soňrak ol özünde bar bolan iň gymmat zadyny – öz ogluny – gurban bermek isledi. Hiç zat, hatda öz ogly-da, Ybraýym üçin Hudaýa tabyn bolmadan ýokary zady aňlatmady. Bu hakyky iman bolupdy. Ine, näme üçin ol «biziň hemmämiziň atamyz» (Riml. 4:16) adyny alan eken. Biz ýygnagymyzda şonuň ýaly imany görýärismi? Biz nädip beýle aldanyp bilýäris?

Eger sen diňe iman edýändigiňi aýdýan bolsaň, bu entek seniň hakykatdan halas bolandygyňy aňlatmaýar. Tabynlyk işleri bilen mukaddeslikde berkidilmedik iman nädip hakyky bolup bilýär? Ýene bir gezek Ýakubyň sözlerine diň salyň: «Ine, görýärsiňizmi, adam diňe bir iman bilen däl-de, amallary bilen aklanýar».

## MAŇA: «ÝA REB! ÝA REB!» DIÝÝÄNLERIŇ HEMMESI DÄL

Hakyky imanlynyň öz sözleri boýunça däl-de, «mukaddesligiň miweleri» (Riml. 6:22) boýunça tanalýandygyny biz bilýäris. Isa muny aşaky sözler bilen düşündirýär: «Şeýlelik bilen, ýalan pygamberleri miwelerinden tanarsyňyz. Maňa: “Ýa Reb! Ýa Reb” diýen her bir adam Gögüň Patyşalygyna girmez, diňe Gökdäki Atamyň islegini berjaý eden girer» (Matta 7:20, 21).

Bu sözleri döwrebap, has düşnükli dile geçirmäge maňa rugsat ediň: «Kimiň hakyky imanlydygyny, kimiň däldigini aýdýan zatlary

boýunça däl-de, eýsem onuň Meniň Atamyň islegine tabyn bolşy boýunça tanarsyňyz. “Men mesihi, Isa meniň Rebbim” diýen her bir adama göklere barýan ýol açylmaýar-da, diňe Meniň Atamyň islegine tabyn bolanlara açylýar».

Soň Isa gaýtalaýar: «Şol günde köpler Maňa: “Ýa Reb, ýa Reb, biz Seniň adyň bilen welilik etmedikmi? Seniň adyň bilen jynlary kowmadykmy? Seniň adyň bilen köp gudratlar görkezmedikmi?” diýerler. Şonda Men olara: “Eý, erbet işleri edýänler, Men sizi asla tanamaýaryn, ýanymdan aýrylyň!” diýip, açyk aýdaryn» (Matta 7:22, 23).

Biziň «häzirki zaman» dilimizde bu şeýledir: «Ummasyz mukdardaky adamlar Meni Reb diýip ykrar ederler we toba dogasyny ederler. Olaryň köpüsi özlerini doly Hoş Habaryň mesihileriniň sanawyna goşarlar. Hawa, hatda Meniň adym bilen gudrat görkezenlerem, jynlary kowanlaram, şol gün bilen zatlary zerarly şok ýagdaýa düşerler. Olar Gökdäki Patyşalyga girmäge garaşarlar, munuň deregine bolsa: “Meniň ýanymdan aýrylyň, eý, Atamyň islegine tabyn bolmadyklar” – diýen sözleri eşiderler».

Bu meniň pikirim däl ýa-da meniň sözlerim däl. Isany Reb hökmünde sesli ykrar edenleriň köpüsiniň Gökdäki Patyşalyga goýberilmejekdigine akyl ýetirmek ýakymsyzlykdyr. Hawa, hatda jynlary kowanlaram, Onuň ady bilen gudrat görkezenlerem!

Mukaddes Kitaby düşündirijileriň käbirleri Isanyň Özüni ýüreklerine kabul etmedik adamlar barada gürrüň edýändigini subut etmäge çalyşýarlar. Munuň ýaly düşündiriş aslynda nädogry, sebäbi Isany gutulyş arkaly hiç haçan ykrar etmedik adam Onuň ady bilen gudrat görkezip bilmez. Şeýle etmäge synanyşanlar hakynda Resullaryň işlerinde gürrüň berilýär. Ýahudylaryň Skewa atly baş ruhanysynyň ýedi ogly hem erbet ruh eýelän adamlary azat etmek üçin Reb Isa Mesihiň adyny çagyrmakçy boldular. Olar: «Pawlusyň wagyz edýän Isasynyň

ady bilen size buýruk berýärin!» diýýärdiler. Emma erbet ruh olara gaýtargy berip: “Isany tanaýaryn, Pawlusy-da bilýärin, ýöne siz kim?” diýdi. Onsoň erbet ruhly adam olaryň üstüne topulyp, şeýle uly güýç bilen ählisini basdy. Olar ýeňlip, ýalaňaç hem ýaraly bolup, ol öýden gaçyp gitdiler» (Res. iş. 19:13-16).

Bir gezek, 1980-nji ýyllaryň ahyrlarynda, Hudaýa doga edýän wagtymda men ruhda diýseň huşa getiriji bir görnüş aldym. Men ozal hiç haçan görmedik adamlarymyň sansyz-sajaksyz mähellesini gördüm. Olar Rebbiň: «Eý, Atamyň ýalkanlary! Geliň, dünýä gurlaly bäri siziň üçin taýýarlanan patyşalygy miras alyň» (Matta 25:34) – diýlip girmäge çagyrylmagyna garaşyp, gögüň gapysynyň agzynda toparlanşyp durdular. Ýöne beýle sözüň deregine olar: «Men sizi asla tanamaýaryn, ýanymdan aýrylyň!» - diýen sözleri eşitdiler.

Siziň: «Eger Isa olary hiç haçan tanamadyk bolsa, onda olar nädip jynlary kowup we gudrat görkezip bildiler?» - diýip soramagyňyz mümkin. Jogap şol erkekleriň we aýallaryň diňe gutulyşyň bähbidi üçin Isa goşulandyklarynda jemlenendir. Olar (Ysraýyl ogullary ýaly) Rebbi Halasgär hökmünde kabul etseler-de – Onuň ýüreginiň yzy bilen – şondan aňry gitmeýärler. Olar Onuň yzyna Ondan nämedir bir zat alyp bilýänçäler düşýärler. Olar Ony özleriniň bähbidi üçin gözleýärler, olaryň gullugynyň merkezinde söýgi däl-de, şahsy bähbitleri ýatýar.

Isanyň «Men sizi asla tanamaýaryn» diýen sözlerindäki *tanamaýaryn* sözi grek dilindäki asyl nusgada *ginosko* diýen söz bilen aňladylýar. Bu söz öz manylarynyň birinde erkek bilen aýalyň arasyndaky iň ýakyn gatnaşyklary aňlatmak üçin ulanylýar (Matta 1:25-e seret). Isa aslynda «Men sizi hiç haçan ýakyndan tanamadym» - diýýär. Musa Hudaýy ýakyndan tanaýardy, Ysraýyl bolsa, Ony diňe Onuň özleriniň durmuşynda görkezen gudratlary boýunça tanaýardy. Görşüňiz ýaly, olar bilen biziň aramyzda hiç hili tapawut ýok.

Korintoslylara birinji hatda biz (8:3): «Ýöne kim Hudaýy söýýän bolsa, şoňa Ondan bilim berlendir» diýen sözleri okaýarys. Grek dilindäki tekstde *bilim* sözüniň deregine ýene *ginosko* sözi ulanylýar. Hudaý diňe Özüni söýýänleri ýakyndan tanaýar. Olar Onuň üçin janlaryny orta goýýarlar (Ýohanna 15:13-e seret). Diňe şeýle edýänler Onuň Sözüni ýerine ýetirip bilerler. Isa şu hakykaty görkezýär: «Meni söýmeýän Meniň sözümi tutmaz» (Ýohanna 14:24).

Isa bolan söýgi baradaky hakyky şaýatlyk söz däl-de, işdir, ýagny biziň durmuşymyzdyr. Ýohanna şeýle düşündirýär:

> Onuň buýruklaryny berjaý edýändigimizden Ony tanaýandygymyzy bilýändiris. Kim “Ony tanaýaryn” diýip-de, Onuň buýruklaryny berjaý etmeýän bolsa, şol ýalançydyr, onda hakykat ýokdur. Ýöne kim Onuň sözüni berjaý edýän bolsa, dogrudan-da, onda Hudaýyň söýgüsi kämilleşendir. Ondadygymyzy şundan bilýäris (1 Ýohanna 2:3-5)

Ýudas Isanyň yzyna eýerdi. Göräýmäge, ol Ony söýýän ýalydy we Onuň yzyna düşmek üçin hemme zadyny taşlan ýalydy. Yzarlamalar güýjän wagtynda, beýleki şägirtler ýaly, Ýudas hem Isany terk etmedi (Ýohanna 6:66-a seret). Ol hem jynlary kowdy, syrkawlara şypa berdi, Hoş Habary wagyz etdi. Rebbiň «on iki şägirdini bir ýere çagyryp, olara ähli jynlary kowmaga, dertleri bejermäge güýç hem ygtyýar berip, olary Hudaýyň Patyşalygyny wagyz etmäge, syrkawlara şypa bermäge ýollandygy» (Luka 9:1, 2) ýazylypdyr. Bu ýerde Isanyň on bir şägirdini ýollandygy, sebäbi Ýudasyň hem olaryň sanawyna goşulandygy hakda gürrüň edilmeýär.

Şeýle-de bolsa, Ýudas ilki başyndan nädogry pikirler bilen hereket edýärdi. Ol hiç haçan öz eden zatlaryna ökünmeýärdi. Onuň häsiýeti: «Eger men Ony size tabşyrsam, maňa näme berersiňiz?» (Matta 26:15-e seret) – diýen sözlerinde aýan

bolýar. Ol öz peýdasy üçin aldaýardy (Matta 26:25-e seret), Isanyň gullugy üçin niýetlenilen pullary öz maksatlary üçin ulanýardy (Ýohanna 12:4-6-a seret). Bu masgaraçylykly sanawy ýene dowam edip bolýar. Ol Rebbiň ýanynda üç ýyldan gowrak wagtyny geçirendigine garamazdan, barybir Ony tapmady!

Bu gün näçe adam Ýudasa meňzeýär? Olar gulluk üçin özlerini pida edýärler, Hoş Habary wagyz edýärler, belki-de, Mukaddes Ruhuň sylaglaryny ulanýandyrlar, emma şeýle-de bolsa, Ony ýakyndan tanamaýarlar. Olaryň ähli işleri egoistik pikirlere esaslanan.

Isa: «Näme üçin Maňa “Ýa Reb! Ýa Reb!” diýip-de, aýdanlarymy etmeýärsiňiz?» (Luka 6:46) diýip soraýar. Bu aýatdaky «Reb» sözi grek dilindäki *kurios* sözüne gabat gelýär. Storngyň grek diliniň sözlüginde oňa aşaky kesgitleme berlen: «ýokary ygtyýara eýe bolan hökümdar». Köpleriň Özüne Reb diýseler-de, aslynda Özüniň olar üçin ýokary ygtyýarlyk bolup durmaýandygyny Isa düşündirýär. Olaryň ýaşaýyş ýörelgesi özleriniň wagyz edýän zatlaryny tassyklamaýar. Olar Hudaýyň islegini diňe özleriniň ýürek isleglerine garşy gelmedik ýagdaýynda ýerine ýetirýärler. Eger Hudaý olary özleriniň isleglerine gabat gelmeýän ugurda alyp gitmek islese, onda olar öz ýollaryny saýlaýarlar we şondan soň hem Isa «Reb» diýmegi dowam etdirýärler.

Köplenç gullugyň üstünligi diňe sanlar bilen ölçenilýär. Munuň ýaly ýörelge köpleri sahnanyň öňündäki geçelgeleri «imana täze gelenlerden», ýygnagyň özüni bolsa, «ýygnaga gelýän adamlardan» doldurmak üçin ellerinden gelenini etmäge mejbur edýär. Şeýle maksada ýetmek üçin olar Isany Reb hökmünde däl-de, Halasgär hökmünde wagyz edýärler. Olaryň sözleriniň esasynda: «Isanyň ýanyna geliň-de, halas bolma, parahatçylyk, söýgi, şatlyk, üstünlik, saglyk we ondan-da köp zatlary alyň!»

- diýen çagyryş ýatyr. Hawa, Reb bu zatlaryň hemmesini edýär, ýöne bu zatlar birinji orna geçýär, Hoş Habaryň özi bolsa, durmuşy meseleleriň hemmesine şobada berilýän jogaplar toplumyna çenli gysgalýar, şol jogaplaryň yzyndan bolsa, göklerdäki wada berlen geljek gelýär.

Munuň ýaly wagyzlar günäkärleri gyzykdyryp yrmakdan başga hiç zadam bolmaýar. Olar Hudaýyň ýanyna gelmek üçin toba etmeklikden mahrum bolan çagyryşlary eşidýärler: «Hudaýa mümkinçilik beriň, Ol hem size söýgi, parahatçylyk, şatlyk berer!». Biz «imana täze gelenleri» çekmek üçin, toba etmäniň daşyndan aýlanyp geçýäris. Şonuň ýaly imana täze gelenler ýygnaga gelýärler, ýöne olar kim bolup durýarlar? Isa Öz döwrüniň gullukçylarynyň başlaryna gaharyny inderdi: «...birje adamy öz diniňize girizjek bolup, deňizlere, düzlere aýlanýarsyňyz. Girizeniňizde bolsa, ony özüňizden iki esse dowzah ogly edýärsiňiz» (Matta 23:15). Butparazdan imana täze gelen adamy döretmek örän aňsat, ýöne onuň ýüregi Hudaýa degişli bolarmy? Biz eýýäm Musa bilen Ysraýyl ogullarynyň arasyndaky tapawudy gördük.

Isa halka düşnükli öwretdi: «Kim Meniň yzyma eýermek isleýän bolsa, özüni inkär etsin-de, haçyny alyp yzyma düşsün. Çünki kim janyny halas etmek islese, ony ýitirer, ýöne kim janyny Meniň we Hoş Habaryň ugrunda ýitirse, ony halas eder» (Mark 8:34, 35). Eger sen janyňy halas etmek «isleseň», ony ýitirýärsiň. Ol: «kim janyny Meniň ugrumda ýitirmek islese» - diýmedi. Janyňy ýitirmegi diňe «islemek» ýeterlik däldir. Isa diňe gowy niýetleri gözlemeýär.

Baý ýigit halas bolmagy diýseň isledi. Ol göni manysynda Isanyň ýanyna ylgap gelip, Onuň öňünde dyza çökýär we ebedi ýaşaýşy bermegini ýalbaryp soraýar. Ýöne onuň emosional islegleri ýeterlik däldi. Isa oňa «Saňa bir zat ýetmezçilik edýär» (Mark 10:17-22-ä seret) – diýdi. Ýigit haçyň bahasynyň nähili

ekendigini bilende, gussa bilen gitdi. Iň bolmanda, onuň dogruçyllygy hormata mynasypdyr.

Ýygnaga barmaýan müňlerçe adamlar, eger öz durmuşyna erk etmegi saklap bilseler, onda halas bolmanyň ähli gowulyklaryny şatlyk bilen kabul ederdiler. Olar nähilidir bir usul bilen ýygnakdaky imanlylaryň ünssüz galdyrýan zadyna düşünýärler. Hudaýa gulluk etmek üçin sen baha tölemeli. Imansyzlar Hudaý babatda özlerini dogruçyl alyp barýarlar: olar tölemek islemeýärler. Başga bir tarapdan, özlerini aldap ýaşaýan adamlar hem bar. Olar ýygnaga gatnaýarlar, Isa «Reb» diýýärler, Onuň ygtyýaryna tabyn bolýandyklaryny yglan edýärler, emma aslynda Oňa tabyn bolmaýarlar.

## IKI DÜRLI TAGLYMAT

Indi Isanyň wagyz edýän merhemeti bilen biziň ynanýan merhemetimiziň arasyndaky tapawudy görýärsiňiz diýip umyt edýärin. Şu günki merhemet baradaky taglymat: «Isa iman ediň, günäkäriň dogasyny aýdyp dileg ediň, Ony Halasgäriňiz diýip yglan ediň, şonda Gökdäki Patyşalyga girersiňiz» - diýen çagyryş bilen tamamlanýar. Ýöne özüňi we bu dünýäni inkär etmelidigi barada hiç zadam aýdylmaýar diýen ýaly. Ýygnaga gelýän adamlar, mukaddeslikde ýaşap bilerimiz ýaly, bize güýç berýän merhemet barada ýekeje sözem eşitmeýärler diýen ýaly.

Imana şunuň ýaly ýol bilen we şuňa laýyk gelýän taglymat bilen geleninden soň, mesihileriň günäli durmuşyň ýa-da doly tabyn bolmazlygyň, Hudaýyň hemme zady bagyşlaýan we hemme zady arassalaýan merhemeti bilen doly örtülýändigine ynanýandyklarynda geň galar ýaly zat ýokdur. Bu biziň ýygnaklarymyzda Hudaýyň alawynyň we Onuň güýjüniň ýoklugynyň sebäbi bolup bilermi?

Siz bu habary edil dörändäkisi ýaly ruhda kabul edýärsiňiz

diýip umyt edýärin. Men Hudaýyň halkyny söýýärin we imanlylaryň, edil ýürekleriniň bolşy ýaly, üstünlikli bolmaklaryny isleýärin. Hut şonuň üçin men Onuň hakykatyny yglan etmegiň gerekdigini duýýaryn. Taglymatyň we doktrinanyň, indiwidual taýdan, her kimiň imanyny we durmuşyny emele getirýändigini men bilýärin. Ýöne ýygnakda gaty köp adamlaryň sust, çalaja ýyly ýagdaýa düşendiklerini we olarda Onuň alawynyň ýokdugyny görenimde, ýüregim gynanmadan ýaňa para-para bolýar.

Pawlus Timoteosa: «Özüňe hem taglymata dykgat et, bu işleri dowam etdir. Sebäbi muny etmek bilen, sen hem özüňi, hem özüňe gulak asýanlary halas edersiň» diýdi (1 Tim. 4:16). Biz bu duýduryşa ünsli garamalydyrys. Ýoýulan hakykat gowuja görnüp, hatda özünde sagdyn manynyň bir bölegini saklap hem biler, ýöne ol irde-giçde aldanma alyp barar.

Hudaýyň Sözüni hakykaty saňa iýmit berer we berkider. Ol saňa dogry pikiri nädogrusyndan tapawutlandyrmagy öwreder. Ýoýulan hakykat seni hemme zatdan mahrum edip biler. Ine, näme üçin Hudaý, eger Öz Sözüne dogry seretmek isleýän bolsak, onda Oňa özümiziň bar ünsümizi bermelidigimizi nygtap aýdýan eken. Bu bapda, duýduryşyň bolşy ýaly, ruhlanma hem saklanylýar. Duýduryş: merhemeti biderek ýere kabul edendigiňiz sebäpli, merhemet baradaky nädogry taglymatyň özüňizi hemme zatdan mahrum etmegine ýol bermäň. Ruhlanma: Hudaýyň merhemetiniň kömegi bilen mukaddes edilen durmuşda ýaşamaga mümkinçilik berýän güýç bar. Goý, Rebbimiz Isa Mesihiň merhemeti siziň bilen bolsun.

10-NJY BAP

# KYN GÜNLER

***Oňa bolan söýgüden olaryň yhlasyny iýmitlendirýän ot çykýar. Ol Özüne tabyn bolunmagyndan lezzet alýar.***

... mukaddes bolmak üçin tagalla ediň.
Mukaddes bolman, hiç kim Rebbi görüp
bilmez. Dykgat ediň, hiç kim Hudaýyň
merhemetinden mahrum galmasyn.
*– Ýewreýler 12:14, 15*

Mukaddes bolmazdan hiç kim Rebbi görüp bilmez. Biz, dogrudanam, bu sözlere ynanýarysmy ýa-da olar biziň üçin bary-ýogy Mukaddes Kitapdan alnan owadan sözlermi? Ýygnak bu sözleri tabşyryk hökmünde kabul edýärmi ýa-da bu sözler olar üçin imanlylara çirksiz durmuşda ýaşamaga kömek edýän ruhlandyryjy şahyrana öwrümmi, olar üçin şu gün we şu sagat ýetip bolmaýan zatmy? «Dykgat ediň, hiç kim Hudaýyň merhemetinden mahrum galmasyn» - diýip ýazmak bilen Ýewreýlere hatyň awtory nämäni göz öňünde tutýarka?

Ýygnaklaryň köpüsiniň soňky ýigrimi bäş ýylyň dowamynda öwredip gelýän zady bolan Hudaýyň merhemetinden kim çykyp biler? Belki, artykmaç erbetliklerden goramak üçin Reb bizi ätiýaç üçin ýöne bir gorkuzyp goýandyr? Elbetde, ýok!

## ÜÝTGEWSIZ IMANLYLAR

Öňdäki bapda meniň eýýäm aýdyp geçişim ýaly, örän köp imanlylar üçin, merhemet tabynlykda we mukaddeslikde gezme jogapkärçiliginden doly diýen ýaly azat edýän ullakan örtgi ýaly bolup görünýär. Emma Mukaddes Ýazgynyň ýokarda getirilen aýady imanlylaryň munuň ýaly garaýşynyň Hudaýyň Sözi bilen çapraz gelýändigini subut edýär, sebäbi Hudaýyň merhemetinden çykmaklyk onuň güýjüni ulanmazlygy aňladýar. Bu Hudaýyň merhemet sowgadyny biderek ýere kabul etmegi we üýtgewsizligiňe galmagy aňladýar.

Pawlus köp dini imanlylaryň soňky günlerine çenli üýtgewsizligine galjakdyklaryny öňünden gördi. Ol şol günler hakda gürrüň edende, olaryň «agyr döwür» boljakdygyny aýdýar. Hoş Habaryň hakykatyna wepaly bolandyklary üçin daşlanylanlaryň, taýaklanylanlaryň, gandallananlaryň, gamçylananlaryň, türmä salnanlaryň döwrüni biziň günlerimizde, imanyň azat wagyz edilýän günlerinde, «agyr döwür» diýip atlandyrýandyklary täsin zat. Pawlus biziň günlerimiziň kyn boljakdygyny düşündirýär, sebäbi Reb Isa iman eden köp adamlar özlerini, pullaryny Hudaýdan köpräk söýmegi we dünýewi lezzetleri uly tagalla bilen gözlemegi dowam etdirerler. Käbirleri tekepbir bolarlar, başgalary gadyr bilmezek bolarlar, üçünjileri ýakynlaryny bagyşlamagy bes ederler. Imanlylaryň arasynda tabyn bolmazaklar we haram işleri edýänler peýda bolar. Käbirleri özüne erk etmegi ýitirer, başgalary başyna gider.

Şonuň ýaly adamlarda mesihilik päk ahlaklylygynyň diňe daşky görnüşde boljakdygyny, «aslynda olaryň onuň güýjüne garşy çykjakdyklaryny» (2 Tim. 3:1-5, häzirki zaman terjime)

Pawlus aýdýar. Şonuň ýaly adamlar pula, lezzetlere bolan söýgüden saplanmak we öz söýgüsini Hudaýa hem ýakynlaryna gönükdirmek üçin merhemetiň güýjüni kabul etmeýärler. Olar, şeýdip, günäliligine galýarlar, Hudaýyň merhemetini hem biderek ýere kabul edýärler.

Soň Pawlus şonuň ýaly üýtgewsiz «imanlylar», «hemişe öwrense-de, hiç haçan hakykaty tanamaklyga çenli baryp ýetmeýänler» (7-nji aýat) hakda gürrüň edýär. Häzirki döwürde diňe Amerikanyň özünde adamzadyň bütin taryhynyň dowamynda beýleki halklaryň arasynda bolmadyk möçberdäki mesihilik taglymatlar bar. Sansyz-sajaksyz mesihilik gulluklary we konferensiýalary hakda gürrüň etmände-de, Hoş Habary audio we wideo kassetalaryň, telewideniýäniň we sputnik aragatnaşygynyň üsti bilen wagyz etmek üçin milliardlarça dollarlar sarp edilýär. Şeýle-de bolsa, biz barybir Müsüriň isleglerinden aýrylmadyk dünýewi ýygnaga öwrüldik. Pawlus fiziki yzarlamalar döwrüni däl-de, biziň döwrümizi, ýagny dünýewi ýygnaklaryň peýda bolan döwrüni «agyr döwür» diýip atlandyrýar!

Işewür naharlaryň biri wagtynda men özümiň missioner dostumyň afrikan ýurtlarynyň birine eden sapary baradaky taryhyny diňledim. Bu ýurduň ilatynyň aglaba bölegi yslama uýýan eken. Ol ýerde şu güne çenli-de mesihileri gynamagy we öldürmegi dowam edip gelýärler. Ol gynamalary başdan geçirseler-de, imandan sowaşmadyk, gaýtam, öz watandaşlaryna Hoş Habary wagyz etme alawy bilen has-da tutaşan adamlar bilen bolan duşuşyklary hakda gürrüň berdi. Şol ýurtda bolanda meniň dostum imanlylara her gün wagyz edipdir we her gün hem, mesihilere niýetlenilen dar agaçlarynyň deňinden geçipdir. Ol maňa: «Jon, eger öz imany üçin asylmagy mümkin bolan dar agajynyň ýanyndan her gün geçseler, amerikalylaryň näçe sanysy ýygnaga gelmegi dowam etdirerdikä?» - diýdi. Soň ol resul Pawlusyň sözlerine meňzeş sözleri aýtdy: «Jon, Amerikada olarda

bolmadyk iman azatlygy bar. Ýöne olarda, bizde, Amerikada bolmadyk ruhy azatlyk bar».

Pawlusyň sözlerine laýyklykda, soňky günlerdäki agyr döwürler mukaddesleriň yzarlanylýandyklary sebäpli däl-de, ýygnagyň dünýewi aladalara çümendigi sebäpli gelýär. Bu bütin şu wagtyň dowamynda öz azatlygymyzy nädogry ulanandygymyz sebäpli bolup bilermi?

Meniň çykyş eden konferensiýalarymyň biri wagtynda men Orta Aziýadaky kommunistik ýurtlaryň birine golaýda baryp gelen bir aýal doganymyzyň garşysynda oturdym. Mesihileri yzarlamalar şeýle güýçli bolany sebäpli, imanlylar gizlinlikde ýygnanyşmaga mejbur bolýan ekenler. Gullugy gurnaýan ruhy çopan we onuň liderleri ençeme gezek tussag edilipdirler. Emma olar türmede Hoş Habary tussaglara wagyz edipdirler, olaryň hem köpüsi halas bolmany kabul edipdirler. Muňa güýçli gazaplanan ýolbaşçylar liderleri we ruhy çopany ýekelikde oturylýan kameralara salyp başlapdyrlar. Ruhy çopany ýüz gezekden-de köp tussag edipdirler, şeýdip, ol umumy hasaba alanda, türmede jemi on ýyldan gowrak wagt oturypdyr.

Amerikaly aýal doganymyz olaryň ýurduna baran wagtynda, soňky ýygnanyşykdan başga, ýygnanyşyklaryň hemmesi asuda geçipdir. Polisiýa imanlylaryň nirede ýygnanyşýandyklaryny bilipdir, eger gözegçiler bolmadyk bolsa, olaryň hemmesini tussag ederdiler. Olar pytramazyň öň ýanynda, ertir irden, bu aýal doganymyz gidýänçä, haýsy gizlin ýerde duşuşjakdyklaryny belleşipdirler. Ol doganymyz maňa şeýle diýdi: «Jon, meniň olar üçin däl-de, olaryň meniň üçin doga etmelidiklerini duýdum. Olaryň imanyny Hudaýyň sylaýandygyny men bildim. Soňky ýygnanyşygyň ahyrynda ruhy çopan aglady. Men ondan gözýaşynyň sebäbini soradym. Ol gözlerine ýaş aýlap: “Men öz azatlygymyzdan gorkýaryn” – diýip düşündirdi».

Aýal doganymyz örän geň galýar. «Siz näme üçin azatlykdan

gorkýarsyňyz? Sizi gözleýärler, yzarlaýarlar, türmelere salýarlar. Eger size azatlyk berseler, özüňiziň we adamlaryňyzyň nämeleri edip biljekdigiňizi göz öňüne getirip bilýärsiňizmi?» - diýip, ol soraýar. Şonda ol: «Eger bu erkek hem aýal doganlarymyza azatlyk berilse, onda olar, Günbatar ýygnaklarynyň käbirlerinde bolşy ýaly, materialistler, dünýewi dindarlar bolup, imandan doly dänerler diýip gorkýaryn» - diýýär.

Eýsem, ol doganymyz onuň Hudaýa we öz adamlaryna bolan ýasama bolmadyk wepalylygyny görüp durka, onuň bilen jedelleşip bilýärmi? Şol aýal doganymyzyň Günbatarda duş gelen adamlaryna şonuň ýaly özüni unutma mahsusmydy? Zalym yzarlamalaryň içinden geçende bu mukaddes adamlar kyn döwri başdan geçirýärler diýip hasap edýäris, emma Mukaddes Ýazga laýyklykda, kyn döwri kim başdan geçirýär? Pawlus, iman azatlygyna eýe bolan, ýöne dünýewi ýygnaga öwrülenleriň agyr döwri başdan geçirýändiklerini aýdýar. Ol biz bilen siz barada gürrüň edýär.

Iman azatlygy, içimizde eýýäm bar bolup, bizi bir gyra çekýän islegleri terbiýelemek üçin amatly atmosferany döreden bolsa-da, bizi bu dünýä meňzemäge mejbur etmedi. Biziň esasy meselämiz, gadymky Ysraýylda bolşy ýaly, kalbymyzda Hudaýyň şöhratyna bolan alawly yhlasyň ýoklugynda jemlenendir. Ysraýylda bolşy ýaly, bu mesele biziň lezzetlere we teniň çäksiz işdäsine bolan höwesimizden syzyp çykýar.

## MESIHIŇ SOŇKY GÜNLERIŇ ÝYGNAGYNA HATY

Biz öňdäki bapda Aýanlyk kitabyndaky taryhy ýygnaklara ýazylan ýedi sany pygamberlik hatlaryna gysgaça seredip geçdik. Şol ýedi ýygnagyň, biziň eramyzyň birinji asyrlaryndan başlap, iň soňuna – Rebbiň ikinji gezek gelmegine – çenli bütindünýä Ýygnagynyň yzygiderli ösüşiniň bütin ýoly bolup durýandygy baradaky pikirde köp teologlar ylalaşýarlar.

Biz Rebbiň geljek gününi, sagadyny bilmeýän bolsak-da, ol

wagty biziň biljekdigimizi Isa aýdýar. Köp alymlar, Ol gaýdyp gelende, biz durmuşdan lezzet alarys ýa-da bir asyr ýaşarys diýip hasap edýärler. Şonuň üçin soňky, Laodikiýa ýygnagyna edilen çagyryş – bu bize berlen pygamberlikdir: «Laodikiýadaky ýygnagyň perişdesine ýaz: Omyn, dogruçyl, çyn güwä, Hudaýyň ýaradanlarynyň başy şeýle diýýär» (Aýanlyk 3:14).

Isa Özüni Dogruçyl hem Çyn Güwä diýip atlandyrýar. «Dogruçyl» Onuň yzygiderli hem mydamalygyny aňladýar. «Çyn» — hakykat onçakly ýakymly bolmasa-da, Onuň diňe hakykaty aýdýandygyny aňladýar. «Dogruçyl» hem «Çyn» bilelikde, kimdir biriniň garaýşyna ýa-da nähilidir bir basyşa garamazdan, Onuň mydama hakykaty aýtjakdygyny aňladýar.

Ýalan şaýat aldar we ýalan sözlär. Size hakykatdan diňlemesi wajyp bolan zady aýtmagyň deregine, ol diňe siziň eşitmek isleýän zadyňyzy aýdar. Halal bolmadyk söwdagäri diňe siziň puluňyz gyzyklandyrýar, şonuň üçin ol size ýallaklar we ýalan sözlär, emma onuň esasy maksady – sizden bir zat almak bolýar. Ýygnak hökmünde biz diňe özümize ýaraýan zatlary aýdýan gullukçylary «şowhun» bilen kabul edýäris. Biz gulagymyzy diňe ýakymly, ajaýyp wagyzlardan gandyrmak isleýäris, emma hakykatdan özümize wajyp gerek bolan hakykaty äsgermezçilik edýäris.

Elbetde, Isa teselli berýär we dikeldýär, ýöne hakykaty äsgermezçilik etmegiň hasabyna däl. Ol söýýär we bagyşlaýar, ýöne Ol jezalandyrýaram we düzedýärem! Onuň: «Men seniň işleriňi bilýärin. Sen ne sowuk, ne-de gyzgyn» (Aýanlyk 3:15) – diýen sözlerine gulak as.

Ol «niýetleriňi» diýmeýär-de, «işleriňi» diýýär. Dowzaha barýan ýola ýagşy niýetler düşelen. Isa olaryň ýagdaýlary hakda nireden bilýär? Ýene jogap, edil Gün ýaly düşnükli: eden işlerinden ýa-da etmişlerinden.

Sowuklaryň işleri – Hudaýa göze görnüp duran ýagdaýda tabyn bolmazlykdyr. Olar aslynda kim bolsalar, özlerini şonuň

ýaly görkezmeýärler, ýöne olar ýoldan çykanlar we muny özlerem bilýärler. Olar özleriniň Hudaýa gulluk etmeýändiklerini bilýärler. Olar başga hudaýlara – pula, telekeçilige, özlerine – gulluk edýärler. Olar azgynçylykda we gozgalaňda gysga wagtlyk keýpler üçin ýaşaýarlar. Bu günäkäriň ýa-da göze görnüp duran hudaýsyzyň durmuşydyr.

Olaryň garşydaş tarapynda Hudaý üçin gyzgyn we Onda bar ünsüni jemlänler dur. Munuň ýaly adamlar özlerini arassaladylar, şonuň üçin Onuň ýakyn barlygynda arkaýyn bolup bilýärler. Mukaddeslik – olaryň ýeke-täk yhlasydyr. Olar onsuz Rebbi görüp bilmejekdiklerini bilýärler. Isa olaryň ýüreklerini we bütin durmuşyny dolduryp dur. Oňa bolan şol söýgüden hem, özleriniň yhlasyny iýmitlendirýän alaw çykýandyr. Olar Oňa şatlyk bilen tabyn bolýarlar. Olar özleriniň hakyky ýagdaýlaryny-da bilýärler.

Isa soňky ýygnaga öz ýagdaýynyň ne gyzgyn, ne-de sowukdygyny duýdurýar. Soň Ol dowam edip: «Wah, käşgä sowuk ýa gyzgyn bolan bolsadyň!» (Aýanlyk 3:15) – diýýär.

Bu sözleriň manysy köp ýyllaryň dowamynda menden sypyp gitdi. Näme üçin Isa ýygnaga: «Sen ýa sowuk, ýa-da gyzgyn bolan bolsaň gowy bolardy» - diýýärkä? Ol oňa: «Seniň gyzgyn bolmagyňy isleýärin» - diýse näme bolýarka? Ol hiç haçan nädogry zady aýtmaýar we çişirmeýär, şonuň üçin olaryň häzirki ýagdaýy (sowuk bilen gyzgynyň aralygy) ýöne bir sowuk bolandan has beter. Näme üçin barypýatan günäkärleriň we imandan däneni göze görnüp duran imansyzlaryň hemmesi «ýygnakdaky imanlylara» garanda gowy ýagdaýda bolýarlar?

Reb muňa indiki aýatda jogap berýär: «Ýöne sen diňe ýyly, gyzgynam däl, sowugam, şonuň üçin Men seni agzymdan gusaryn» (Aýanlyk 3:16, TRT). Ýyly – diýmek sowuk bolardan juda gyzgyn, gyzgyn bolardan juda sowuk. Şonuň ýaly imanly adama gyzgynlaryň arasynda bilinmän galmak üçin ýyly bolmak ýeterlikdir, ol gyzgynlara goşulardan juda sowuk bolýar. Ýyly

imanlylar – bu töweregindäkilere meňzeş bolmaga ukyply bolanlardyr. Isanyň hakyky şägirtleriniň içinde bolanlarynda olara garyşyp bilýärler. Olar Mukaddes Ýazgyny bilýärler, aýdym aýdýarlar we dogry sözleri aýdýarlar.

Käbir imanlylar içmeýärler we çekmeýärler, şeýle-de bolsa, özlerini bu dünýäden hiç hili tapawutlanmaýan ýaly alyp barýarlar. Olar özlerine ýakymly ýa-da bähbitli bolan wagtynda Hudaýa tabyn bolýan egoistlerdir. Aslynda olar özleriniň şahsy islegleri boýunça hereket edýärler.

Isa: «Men seni agzymdan gusaryn» - diýýär. Ol şonuň ýaly keşbi saýladymy? Biz diňe öz organizmimiziň kabul etmeýän zadyny gusup bilýäris. Bir gezek, birnäçe ýyl mundan ozal, meniň ortanjy hem kiçi ogullarym günortanlyk naharynda bir gamburgerden iýdiler. Bir sagat geçeninden soň, olaryň şol gamburgerler sebäpli ýürekleri bulandy, onuň içinde köne etiň bolan bolmagy mümkindi. Olaryň organizmleri özleri üçin zyýanly bolan zady çykardy. Şol «erbet» gamburger olaryň öňler iýen «gowy» gamburgerinden tapawutlanmaýardy. Aslynda Isa: «Hakykatdan şeýle bolmasalar-da, özleriniň Maňa degişlidiklerini aýdýanlary Men agzymdan gusaryn» - diýýär.

Hem sowuk, hem gyzgyn mesihiler özleriniň Hudaý bilen gatnaşyklary babatda aldawa düşmeýärler, ýöne ýyly imanlylar aldawda ýaşaýar. Olar özleriniň ýagdaýlary asla hakyky görnüşindäki ýaly däl diýip pikir edýärler. Olar özleriniň Isa degişlidiklerine ynanýarlar. Ine, näme üçin olar, gizlin bolmadyk günäkärlere garanda iň erbet ýagdaýda ekenler. Günäkärler özleriniň Hudaýa gulluk etmeýändiklerine düşünýärler, şonuň üçin olary gazanmak aňsat bolýar. Ýyly imanlylar özlerini Hudaýa gulluk edýän hasap edýärler. Olar özleriniň gürrüňini edýän merhemetinden çykan bolsalar-da, merhemet boýunça halas bolup bolýandygyny aýdýarlar. Olary gazanmak has kyn bolýar. Eger adamlar özlerini halas bolan adam hasap edýän bolsalar,

onda halas bolmanyň zerurlygyny olar görmeýärler.

Mundan soň Isa şonuň ýaly adamlaryň hakyky ýagdaýyny jikme-jik suratlandyrýar: «Sebäbi sen: “Men baýdyryn, barlydyryn, zada zar däldirin” diýýärsiň, biçäre, betbagt, garyp, kör hem ýalaňaçdygyňy bilmeýärsiň» (Aýanlyk 3:17).

Isanyň ýüzlenýän ýygnagyndaky adamlar özleriniň baýdyklaryny we hiç hili mätäçlikleriniň ýokdugyny aýdyp öwünýärdiler. Olar Hudaýyň berekedi diýip hasap edýän zatlary bilen özlerini köşeşdirýärdiler. Biz munda häzirki zaman ýygnagynyň keşbini görýärismi? Biz azatlyk bilen baýlygy Hudaýa gulluk etmek üçin ulanýarysmy? Ýa-da azatlygymyzyň hem baýlygymyzyň özümizi aldamagyna ýol berýärismi? Häzirki zaman ýygnagyndaky imanlylaryň köpüsinde soňkusy bolup geçýär.

Men, şeýle hem, Hudaýa bolan alawly we güýçli, yhlasly söýgüden doly hem-de mukaddeslige ymtylýan köp wepaly adamlara-da duş geldim, emma onuň ýalylar azdyr. Olar söweş meýdanyny gören we öz duşmanyny tanaýan hakyky esgerlerdirler. Olaryň yhlaslary diňe sözlerinde däl-de, eýsem miwelerinde hem göze görnüp durandyr.

Isa ýyly imanlylara ýüzlenýär: «Baýaryň ýaly, Menden ot bilen saplanan altyn, ýalaňaçlygyň aýby görünmez ýaly, geýmek üçin ak egin-eşik satyn almagy maslahat berýärin, göreriň ýaly, gözleriňe göz melhemini çal» (Aýanlyk 3:18).

Ol biziň Ondan muny *satyn almalydygymyzy* belleýär, munuň bolsa, Ony ýöne bir Reb hökmünde ykrar etmegimizden has uly zatdygy göze görnüp dur. Ýatda saklaň, ýygnak Onuň ady arkaly azat bolmany yglan etdi. Ýöne şol bir wagtyň özünde-de, oňa hakyky imanlylarda bolmasy gerek bolan zat ýetmezçilik edýärdi. Ýöne, eýsem, Isadan nämedir bir zat satyn almak mümkinmi?

Hudaý bize: «Hakykaty satyn al, ýöne ony satma» (Süleýmanyň pähimleri 23:23, TRT) – diýýär. Işaýa pygamberiň üsti bilen Ol şeýle diýýär:

> Teşneler! Hemmäňiz suwlaryň boýuna geliň; hatda, kümşi ýoklar, sizem, geliň, satyn alyň we iýiň; kümüşsiz we tölegsiz şerap bilen süýt satyn alyň... (Işaýa 55:1)

Isanyň sözlerinde bolşy ýaly, bu ýerde pula satyn alyp bolmaýan bir zady almak barada gürrüň edilýär.

Ine, Reb şägirtlerine Gögüň Patyşalygy hakda näme gürrüň berýär: «Ýene Gögüň Patyşalygy owadan dürdäne agtaran täjir ýalydyr. Ol gymmatbaha bir dürdänäni tapýar we baryp, ähli zadyny satýar-da, ony satyn alýar» (Matta 13:45, 46). Patyşalygy alamatlandyrýan gymmat dürdänäni satyn almaga puly ýeter ýaly, şol adam bar zatlarynyň hemmesini satmaly boldy. Başga sözler bilen aýtsak, Oňa we Onuň işine gulluk etmek üçin aňryňda hiç zat galdyrman, diňe Onuň üçin ýaşaryň ýaly, durmuşyňy durşuna Onuň eline ber. Pawlus bu barada şeýle ýazýar: «Ýaşaýanlar indi özleri üçin däl-de, olar ugrunda Ölen we Direlen üçin ýaşasyn diýip, Mesih hemmäniň ugrunda öldi» (2 Кor. 5:15).

## AKYLLYLAR WE AKYLSYZLAR

Isanyň käbir tymsallary ýokarda agzalyp geçilen tema bagyş edilendir. Olaryň biri Mattanyň Hoş Habarynyň 25-nji babynyň birinji on iki aýadyny öz içine alýar. Gögüň Patyşalygy çyralaryny alyp, Giýewi, Isany, garşylamak üçin çyralaryny alyp çykan on gyz bilen deňeşdirilýär. Olaryň hemmesi gyzlardy we Ony Reb diýip atlandyrýardylar. Olaryň her birinde ýagtylyk berip duran çyrasy bardy. Olar ebedi ýaşaýyş sowgadyny kabul edenleri alamatlandyrýar. Olaryň hemmesi, Ol ikinji gezek gelen wagtynda, Onuň ýanynda bolmaga garaşýardylar. Isa Hoş Habary eşitmedikler ýa-da Özüne iman etmedikler hakda gürrüň etmeýär. Başga sözler bilen aýtsak, Ol sowuklary göz öňünde tutmaýar!

Ondan bäş gyz akyllydy, galan bäşisi akylsyzdy. Gatnaşyk deň. Isa ýygnagyň köp bölegi hakda gürrüň edýär.

Akyllylary akylsyzlardan näme tapawutlandyrdy? Akylsyzlarda diňe çyralary bardy. Akyllylarda bolsa, ody ýanyp duran ýagdaýda saklamak üçin gerek bolan ätiýaçlyk ýag salnan gaplary-da bardy. Gijäň ýarynda Giýewiň gelýänini habar berýän ses ýaňlanýar, gyzlaram Onuň öňünden çykmalydylar. Ýöne akylsyzlaryň çyralarynyň ody sönüp başlaýar. Olar hem şobada akylly gyzlara ýüzlenýärler «Bize ýagyňyzdan biraz beriň, çyralarymyz sönüp barýar» (8-nji aýat) diýýärler. Emma akyllylar jogap berip: «Bize-de, size-de ýetmezlik edäýmesin, gowusy, satyjylara baryň-da, özüňiz üçin satyn alyň» diýýärler (9 aýat).

Men bu tymsala berlen teswirlemeleriň köp dürlüsini eşitdim, şeýle-de bolsa, onuň manysynyň özüm üçin syrly bolup galýandygyny duýýardym. Bir gün irden men çola ýerde doga-dileg edip otyrkam: «Rebbim, haýyş edýärin, bu tymsalyň manysyna düşünmäge maňa kömek et!» - diýip ýalbardym.

Şol günüň özünde Hudaý maňa tymsalyň esasy manysynyň akylly gyzlaryň akylsyz gyzlara: «gowusy *satyjylara* baryň-da, özüňiz üçin *satyn alyň*» - diýen sözlerinde jemlenýändigini maňa görkezdi. Ondan soň bolan zady göz öňüne getiriň: bäşisi akylly, bäşisi akylsyz bolan on gyz hojalyk harytlary satylýan dükana barýarlar. Akylsyzlar dükanyň tekjesiniň ýanyna baryp, pul çykarýarlar-da, satyja: «Maňa çyralaryň birini beriň. Men halas bolmak isleýärin. Meniň dowzaha gidesim gelenok. Men Hudaýyň ak patasyny almak isleýärin» - diýýärler. Olaryň hemmesi ellerine ýanyp duran çyrany alyp, tekjäniň ýanyndan gidýärler we: «Hudaýa şükür, men halas boldum!» - diýýärler.

Indi akylly gyzlar satyjynyň ýanyna gelýärler-de, pullarynyň hemmesini çykarýarlar. Olar özleriniň emläklerini satypdylar we ondan alan pullaryny tygşytlan pullarynyň hemmesi bilen bile alyp gelipdiler. Olaryň her biri satyja: «Bu meniň barja zadym, meniň durýan baham. Başga mende hiç zat ýok! Haýyş edýärin, maňa bu çyrany beriň, galan pula bolsa, çyra üçin ýag beriň» - diýýärler.

Tapawut şundadyr: akylly gyzlar özleriniň durmuşyny tutuşlygyna berdiler, akylsyzlar bolsa, halas bolmak üçin diňe özleriniň pikiriçe gerek bolan zady berdiler. Olaryň durmuşynyň bir bölegi ätiýaçlykda galdy. Olar çyraly çykan bolsalar-da, olaryň ýagtysy töweregindäkilere görnen bolsa-da, olar soňuna çenli ýagty saçyp bilmediler. Tymsalda aýdylyşy ýaly, ýarygije olaryň çyralary sönüp ugrady. Iň garaňky pursatda, betbagtlyklar iň ýokary derejesine ýetende, olar şöhle saçmagyny bes etdiler. Ine, näme üçin Isa: «Soňuna çenli çydan halas bolar» - diýip, şeýle köp aýdýan eken.

Akylsyz gyzlar şobada goşmaça ýag almak üçin dükana ylgap gidýärler, ýöne olar gidenlerinde Giýew gelýär. Akyllylar Onuň bilen toý dabarasyna girýärler, şol wagt olaryň yzlaryndan gapylar ýapylýar. Akylsyz gyzlar gaýdyp gelenlerinde: «Ýa Reb! Ýa Reb! Gapyny aç» (11-nji aýat) – diýip gygyryp başlaýarlar. Emma Reb olara: «Size hakykaty aýdýaryn, Men sizi tanamok» (12-nji aýat) – diýip jogap berýär.

Hudaý ýene Özüni Reb hasap edýänlere: «Men sizi tanamok» - diýýär. Ýyly mesihiler özleriniň durmuşyny doly bermändi. Isanyň bu sözleri-de hut şolara aýdýandygy şübhesizdir: «Öz haçyny alyp, Meniň yzyma düşmedik hem Maňa mynasyp däldir» (Matta 10:38).

Biz näme üçin özümize Haçsyz ölümden direlmäniň güýjüni teklip edýän hoş habara ynanýarys? Şonuň ýaly hoş habar bizi çalaja ýyly ýagdaýa alyp geldi. Ol bizi öz ýüregimizde ýanmaly bolan Hudaýyň odundan mahrum edýär. Belki, biz öli zadyň içinden diri zat gözleýändiris? Belki, biz Onuň: «Çünki kim janyny aýap saklamak islese, ony ýitirer, ýöne kim öz janyny Meniň hatyrama ýitirse, ol ony gazanar» (Matta 16:25, TRT) – diýip, anyk aýdýan sözlerini ýatdan çykarandyrys?

# MessengerX

***Gündeki şägirtçilik üçin priloženiýaňyz***

## Bütinleý mugt!

Öz el telefonyňyza indiriň we ulanyp başlaň ýa-da saýtdaky web-görnüşini ulanyň:

**MessengerX.com**




## 130-dan gowrak dilde, bu hem ahyrky çägi däl

- 130-dan gowrak dildäki materiallary görüň we indiriň.
- Materiallary dostlaryňyz bilen paýlaşyň ýa-da okuw toparyny başlaň.
- Täze materiallar hemişe goşulyp durýar.

# Serediň. Okaň. Diňläň.

Resurslaryň uly kitaphanasyny gözden geçiriň. Onda okuw toplumlary, elektron kitaplar, audiokitaplar, gysga metražly filmler we başga zatlar bar. Siz olara tomaşa edip bilersiňiz, olary okap we diňläp bilersiňiz.



## Iň wajyp çäklerdäki ösüş

Maşgala, sagdyn gatnaşyklar, durmuşyňyzyň maksady, pornografiýadan azat bolmak, imanyňyzy berkitmek, Hudaýyň sesini eşitmek, işewürlikdäki liderlik we başga-da mowzuklary derňäň.

## Siziň ösüşiňize alyp barýan ýol

**MessengerX**-iň maksady – durmuşyňyzdaky indiki ädimi etmäge ýardam bermek. Siziň şu ýolda bolmagyňyz üçin, biz şägirtçiligiň ýörelgesini we güýçli gurallary işläp düzdük.




## Siziň halajak funksiýalaryňyzyň has köp görnüşi!

- Şu materiallary paýlaşmaga we hatda okuw toparlaryny başlamaga mümkinçilik berýän sada we aňsat gurallar.
- Siziň söýgüli akylly telewizorlaryňyzda tomaşa etmäge mümkinçilik berýän Chromecast и AirPlay.
- Ýeten sepgitleriňizi öz enjamlaryňyzyň ählisinde saklaň. Halan materiallaryňyzy bada-bat  tapmak üçin, olary  öz kitaphanaňyzda saklaň.
- Materiallary offlaýn görmek üçin, olary öz enjamlaryňyza indiriň.
- Anyk gözleýän zadyňyzy tapmak üçin, akylly gözleg we süzgüç.
- Audio kitaplary, audio Mukaddes Kitaby we hatda sežde nagmalaryny öz diliňizde awtomatiki usulda yzygiderli diňläň.

# **MessengerX** -1-2-3 ýaly ap-aňsat!




**1** **MessengerX** priloženiýasyny App Store we Google Play-dan indirip alyň.

**2** Öz hasabat sahypaňyzy dörediň we priloženiýany öz diliňizde ulanyň.

**3** Halan resurslaryňyzy gözden geçiriň, okaň, görüň, diňläň, indiriň we olary başgalar bilen paýlaşyň.

## Şägirt boluň, şägirt ediniň

Siz **MessengerX** -iň bir bölegi bolmak bilen, terjime edilen materiallary dünýäniň ähli künjeklerindäki adamlara ýetirmäge kömek edersiňiz.

***Çünki her bir adam bilmäge mynasypdyr!***

**MessengerX.com**

Ýüklemek App Store

Almak Google Play

</> Ähli brauzerlerde elýeter

11-NJI BAP

# ALTYN, EŞIKLER WE MELHEM

---

***Mukaddeslik işleri – bu biziň Hudaý bilen bilelikdäki tagallalarymyzdyr.***

«Baýaryň ýaly, Menden ot bilen saplanan
altyn satyn almagy maslahat berýärin,
aýyply ýalaňaçlygyňy ýapmak üçin ak eşik
satyn al, göz melhemini satyn al-da, görüp
bileriň ýaly, ony gözüňe çal»

***– Aýanlyk 3:18, TRT***

Isa Özi üçin ýüregi alawlamaýanlara üç zady – altyn, ak geýim we göz melhemini – satyn almagy maslahat berýär. Geliň, bularyň her birine aýratynlykda seredeliň.

## OTDA ARASSALANAN ALTYN

Malaky pygamber soňky günlerde Rebbiň Öz Patyşalygyna arassalaýjy ot bilen injekdigini aýdýar: «Ol kümşi erediji, arassalaýjy kimin oturyp, lewileri arassalar we olary altyn-kümüş kimin ereder. Şonda Rebbe sadakalaryny dogrulykda getirjek

adamlar peýda bolar» (Malaky 3:3, TRT).

Ol *lewiler* sözüni, biziň eýýäm seredip geçişimiz ýaly, patyşalyk ruhanylaryna welilik bilen aýdýar (1 Petrus 2:9-a seret). Elbetde, pygamber Täze Ähtiň terminologiýasyny bilmeýärdi. Ol «mesihileri arassalamaly» diýmedi, sebäbi entek onuň ýaly söz hiç kimiň pikirinde-de ýokdy. Hudaýyň Öz ruhanylarynyň arassalanmasyny altynyň hem kümşüň arassalanmasy bilen deňeşdirýändigi sebäpli, bize altyn bilen kümşüň häsiýetine we olaryň arassalanyş prosesine düşünmek zerurdyr. Isa altyny hemmesinden köpräk agzap geçdi, şonuň üçin biz hut şol metala seredip geçeris.

Tebigatda altyn ýeterlik derejede giňden ýaýran, şeýle-de bolsa, ol mydama örän az möçberde duş gelýär. Bu metaly arassa görnüşde örän seýrek tapyp bolýar. Arassa altyn gaty däl, ýumşak, poslamazak bolýar we içinde başga goşundylar bolmaýar. Ony başga metallar (mysal üçin mis, demir ýa-da nikel) bilen garanlarynda, ol gataşýar we öňküden gaty bolup, poslagan bolýar. Şonuň ýaly garynda ergin diýilýär. Erginde mis, demir, nikel ýa-da başga metal näçe köp bolsa, altyn şonça-da gaty bolýar. Onuň tersine, garyndy näçe az bolsa, altyn ýumşak hem çeýe bolýar.

Isanyň getiren parallelinde biz derrew şuny görýäris: Hudaýyň öňünde arassa ýürek, arassalanma prosesini geçen arassa altyn ýalydyr. Arassa ýürek ýumşak, näzik hem mylaýym bolýar. Pawlus ýüregiň günä aldanmakdan gataýandygyny bize duýdurýar (Ýewreýler 3:13-e seret). Hudaýyň ýollaryna ýa-da ygtyýaryna tabyn bolmazlygy aňladýan günä – bu biziň arassa altynymyzy ergine öwürýän we ýüreklerimizi gatadýan goşundy bir metaldyr. Ýumşaklygyň bolmazlygy yzy bilen duýgurlygy ýitirmekligi alyp gelýär, bu bolsa bize Hudaýyň sesini eşitmäge päsgel berýär. Gynansak-da, ýygnakdaky şeýle köp imanlylarda takwa görnüş

bolsa-da, içlerinde gaty, zalym ýürek bolýar. Olaryň ýürekleri indi Isa üçin ýanmaýar. Birwagtlar Hudaýa bolan söýgüden ýaňa köze öwrülýänçä gyzan söýgi, diňe lezzet, oňaýlylyk we bähbit gözleýän sowuk, egoistik söýgä öwrülýär, munuň ýaly söýgi bolsa, takwalygyň girdejä ýardam edýändigine bolan ynamdan doly bolýar (1 Tim. 6:5-e seret).

Şunuň ýaly görnüşdäki adamlar wadadan diňe bähbit gözleýärler we özlerine şol wadany Bereni ýatdan çykarýarlar. Olar aldaw içinde bolup ýörüşlerine dünýäden lezzet alýarlar we munuň bilen bir hatarda göklere girmäge bil baglaýarlar. Yygnakda olar ýyljajyk imanlylar bolup durýarlar. Ýöne Ýakup arassa mesihiligiň «özüňi dünýäden çirksiz saklamagy» (Ýakup 1:27-e seret) aňladýandygyny ýatladýar. Isa arassa, tegmilsiz we kemçiliksiz bolan ýygnagyň (Ef. 5:27-ä seret), ýüregi bu dünýä sebäpli hapalanmadyklaryň yzyndan gelýär!

Altynyň başga bir häsiýeti onuň okislenmä we korroziýa garşy durmaga ukyplylygynda jemlenendir. Atmosferanyň täsiriniň netijesinde solýan köp metallardan tapawutlylykda arassa altyn, daşky täsirleriň hiç birine garamazdan, ýalpyldysyny saklaýar. Latun (mis bilen sinkiň sarymtyl ergini) altyna meňzeş bolsa-da, düýbünden başga häsiýete eýedir, ýagny ol basym solýar. Altynyň düzüminde goşundy näçe köp bolsa, ol korroziýanyň täsirine şonça-da köp duçar bolýar we zaýalanýar.

Biziň günlerimizde dünýewi ulgam ýygnagyň içine siňdi. Biziň içimize onuň endikleri aralaşdy, şonuň üçin biz solup başladyk. Häzirki zaman ýygnagynyň gymmatlyklary bu dünýäniň gymmatlyklary bilen tegmillenen. Biz özümiziň ten höwesli işdämiziň täsiri astyna düşýäris, biz duýgurlygy ýitirdik we arassalanmanyň wajyplygyna düşünmegi bes etdirdik.

Malaky Isanyň Öz Ýygnagyny arassalajakdygyny we altyny arassalaýan ussa ýaly, ony bu dünýäniň täsirinden çözläp

aljakdygyny ýazýar. Altyny arassalanyş prosesinde poroşok bilen süpürýärler, soň ony flýus diýen madda bilen garýarlar. Soň şol garyndyny peje salýarlar-da, ýokary derejeli oduň täsiri astynda eredýärler. Ol ereýär, şonda garyndylaryň hemmesi flýus bilen bile ýokary galýar, agramy köp bolan altyn düýbe çökýär. Soň garyndylaryň hemmesi ýa-da metal ergininden galýan galyndy (flýus bilen garylan mis, demir, sink) aýrylýar.

Serediň, Hudaý Işaýa pygamberiň üsti bilen näme diýýär:

> «Ine, seni sapladym, ýöne kümüş (ýa-da altyn) dek däl, seni azap küresinde synadym» (Işaýa 48:10). Onuň bizi arassalaýan küresi (ýa-da peji) — bu altyn ýa-da kümüş arassalanýan fiziki ot däl-de, betbagtçylyklar, kynçylyklar we görgülerdir. Petrus muny aşaky sözler bilen tassyklaýar:
>
> Häzir gerek bolan dürli synaglar üçin gysga wagtlaýyn gaýgyly bolýan siz muňa begeniň. Çünki ot bilen synalýan hem bolsa, pany altyndan gymmatly bolan imanyňyzyň synalmagy Isa Mesih görnende öwgä, şöhrata hem hormata öwrüler (1 Petrus 1:6, 7).

Hudaýyň arassalaýan ody – bu synaglardyr we betbagtçylyklardyr. Olaryň gyzgyny biziň durmuşymyzdaky Hudaýyň häsiýetindäki garyndylaryň we hapalyklaryň hemmesini aýyrýar.

Meniň içinde ulalan denominasiýamda şeýle öwredilýärdi: halas bolmak üçin saňa gerek bolan bar zat – bu çagalykda suwa çümdürilmekdir, ýygnanyşyklara gatnamakdyr we ýygnak kanunlaryny saklamakdyr. 1979-njy ýylda halas bolanymdan soň, kollejiň talybykam, garaşsyz ýygnaga bardym, onuň taglymaty Hudaýyň ak patalarynda ünsi jemleýärdi. Ýöne ol ýerde-de, meniň denominasion ýygnagymda-da Mukaddeslik barada öwretmeýärdiler.

1985-nji ýylda Hudaýdan mukaddeslik hakda sorap dileg

edip başlanymda, Ol maňa jogap berip başlady. Şol wagt mende arassalanmaga güýçli teşnelik başlandy. Men Ondan öz durmuşymy arassalamagyny yhlas bilen soradym. Birnäçe aý geçenden soň Ol maňa jogap berdi. Bu şol ýylyň dekabr aýynda bolupdy. Reb maňa ALTYN, GEÝIMLER WE MELHEM ýaly özümdäki «men»-den ýüz öwürmegi, öz haçymy almagy we Ozüniň yzyna eýermegi öwretjekdigini aýtdy. Ol maňa meniň durmuşymda arassalanma işini geçirjekdigini görkezdi.

Tolgunma gurşalan men Hudaýyň meniň durmuşymdaky hapalyklaryň hemmesini aýyrmakçy bolýandygyny aýalyma gürrüň berdim. Men, şeýle hem, Rebbiň meni hökman azat etmekçi bolýan zyýanly endiklerimiň hemmesi barada-da aýtdym. Olaryň köpüsi, iýmitde öte geçmede, telewizoryň öňünde köp sagatlap oturmada we mydama keýp gözleme ýaly ulgamlarda özüme erk edip bilmezligimde jemlenendi. Ýöne indiki üç aýyň dowamynda üýtgeşik zat bolmady. Aslynda hemme zat öňküden-de beter boldy, göwräm iki esse bolan ýalydy.

Men Rebden: «Näme üçin meniň zyýanly endiklerim diňe bir ýitip gidibermän, gaýtam, olar has güýçlenýär?» - diýip soradym. Ol: «Oglum, Men seni arassalajakdygymy aýtdym. Ondan öň sen muny öz güýjüň bilen etmäge çalyşýardyň. Indi Men muny edýärin, ýöne Özümçe edýärin» - diýip jogap berdi.

Şol pursatdan başlap, men bütin ömrümde görmedik synaglarymyň içinden geçip başladym! Göwnüme, Hudaý menden millionlarça kilometr uzakda ýalydy, emma bu diňe göwnümedi. Şol wagta çenli gizlin duran kemçiliklerimiň hemmesi ýüze çykyp başlady, olaryň köküni bolsa, bir söz bilen – *egoizm* – atlandyryp bolýardy! Men öz ýakynlaryma bolan gatnaşyklarymda özümi gödek hem sypaýyçylyksyz alyp barýardym. Käwagt aýalyma we çagalaryma hiç hili sebäpsiz gygyrýardym. Men hemme zatdan arz edýärdim. Meniň

ýanymda bolmak aňsat däldi. Men maşgalama, dostlaryma we ruhy çopanlara bolan gatnaşyklarymda çydar ýaly däldim. Men olara, edil olar ruhy görgülerimiň sebäbi ýaly edip daraýardym. Şu sebäpden hem olar menden gaça durup başladylar.

Ahyrsoňunda men Rebbe nalap: «Bu gaharlaryň hemmesi nireden gelýär? Mende ozal beýle zat bolmaýardy!» - diýdim. Ol maňa Mukaddes Ýazgydan arassalanma barada gürrüň berýän sözleri görkezdi, soň hem meniň soragyma jogap berdi: «Oglum, altyny arassalanlarynda, ony güýçli gyzdyrylan peje salýarlar, ol hem ýokary derejedäki oduň täsiri astynda ereýär. Şonda garyndylaryň we goşundylaryň hemmesi ýüze çykýar».

Mysal hökmünde Ol 14 karat altyny bolan nika ýüzügimi görkezdi. Bu 24-den 14 göteriminiň altyndygyny, galan 10 göteriminiň bolsa, başga metallardygyny aňladýar. Ýagny sypaýyçylyk etmän aýtsak, bu ýüzügiň 60 göterimi altyndan durýar.

Soň Hudaý meniň şondan soňky bütin durmuşymy üýtgeden soraglary berdi:

— Saňa ýüzük sap altyndan ýasalan ýaly bolup görünýärmi?

— Hawa — diýip, men jogap berdim.

— Aslynda ol sap altyndan däl, şeýle dälmi?

— Elbetde, sap altyndan däl — diýip, men aýtdym.

Şondan Reb sözüni dowam etdirdi:

— Sen ony aşa gyzdyrylan peje goýýançaň sen ondaky garyndylary görmeýärsiň, ýöne görmeýändigiň ol ýerde olaryň ýokdugyny aňlatmaýar.

— Hawa, Reb — diýip, men jogap berdim.

Şonda Onuň aýdan sözleri ýüregimde edil bomba ýaly bolup partlady: «Men seni Öz odumyň içine salanymda, seniň hapalyklaryň hemmesi daşa çykdy. Sen olary gizlemäge synanyşdyň, olar bolsa edil aýamda ýaly bolup, Meniň öňümde durdy. Indi saýlawy sen etmeli. Seniň ýüze çykan zada bolan

garaýşyň öz geljegiňi kesgitleýär. Sen öz gaharyň sebäbini aýalyň, dostlaryň, ruhy çopanlaryň we bile işleşýän adamlaryň üstüne ýükläp bilersiň. Öz hereketleriňi aklamak bilen sen hapalygyň özüňde mundan beýläk hem galmagyna ýol berip bilersiň. Synaglar geçenden soňrak olar ýene çuňlukda gizlenerler. Ýa-da özüň içiňdäki hapalyklary görüp, toba edip, ötünç sorap bilersiň. Şonda Men susagymy alyp, seniň durmuşyňdaky hapalyklaryň hemmesini aýraryn».

Hudaý bizi islegimiziň tersine gidip arassalamaýar. Pawlus muny bilýärdi, şonuň üçin: «… her hili ten we ruh pisliginden tämizlenip, Hudaýdan gorkmakda mukaddesligi kämilleşdireliň» (2 Кor. 7:1) – diýip ýazýar. Bu barada ol Timoteosa hem ýazýar:

> «Rebbiň adyny ykrar edýän her kim her dürli ýalandan daşda dursun». Bir uly öýde diňe gyzyl, kümüş gaplar däl, eýsem, agaç we toprakdan ýasalan gaplar-da bardyr. Olaryň käbiri abraýly, käbiri bolsa abraýsyz iş üçindir. Şeýlelikde, kim bu zatlardan arassa bolsa, şol hormatly maksatlara ýaraşykly, mukaddes edilen, Hojaýynyna peýdaly we her bir oňat işe taýýar gap bolar (2 Timoteos 2:19–21).

Mukaddeslik bizden Hudaý bilen bilelikdäki tagallany talap edýär. Ol bize merhemet berýär, öz gezegimizde bizde hem, Ondan arassalamagyny sorama islegimiz bolmalydyr. Ol bu prosese başlan badyna, tabyn bolma we gulak asma arkaly, Onuň bilen hyzmatdaşlyk etmäge başlamalydyrys. Men öz durmuşymda diňe ýüzleý kemçilikleri – iýmekde öte geçmäni, telewizory, keýpler we ş.m. – görýärdim, emma Reb welin, şol wagtda çuň kökleri görýärdi. Ol olary düzedip başlanda, başga-da köp kemçilikler ýüze gaýyp çykdy. Arassalanma – bu bes edilmeýän, köplenç ýagdaýda hem, agyryly proses bolýar, ýöne onuň nähili miwe berýändigini bilýänim üçin men ony höwes

bilen kabul edýärin.

Iň arassa altynyň bellärlikli ýene bir häsiýeti onuň durulygyndadyr. «Şäheriň köçesi dury çüýşe ýaly sap altyndandy» (Aýanlyk 21:21). Otly synaglar arkaly arassalanmany geçeniňden soň, sen dury bolýarsyň! Dury gap özüne däl-de, içinde duran zada şöhrat getirýändir. Biz näçe arassalanan bolsak, dünýä şonça-da içimizdäki Isany aýdyň görýär. Haleluýa!

Ýüregi mydama Hudaýy gözlän Dawut: «Kim öz günälerini görüp biler? Meni gizlin günälerimden arassala» (Zebur 18:13) – diýip, doga-dileg edýär. Goý, bu biziň kalbymyzyň gygyrýan sesi bolsun. Eger Hudaýdan öz ýüregimizi arassalamagyny haýyş etsek, onda Ol öz gözümizden hem gizlin bolan hapalyklary-da arassalaýar. Reb biziň gizlin pikirlerimizdir niýetlerimizi, hatda olaryň bardygyny özümiz bilmeýän bolsak hem bilýär. Arassalama eýýäm gowy bolan zady kämilleşdirýär, bizi gowşadýan ýa-da hapalaýan zady bizden aýyrýar. Hut şonuň üçin Isa biziň günlerimizdäki ýygnaga, bu dünýäniň gözleýän zady bilen däl-de, ebedi ýaşaýan zat bilen baý bolmagymyz üçin, Özünden ot bilen arassalanan altyny satyn almagy maslahat berýän eken.

## AK EŞIKLER

Ýygnaklara arassalanan altyn satyn almagy maslahat bereninden soň Isa olara, ýalaňaçlygyny ýapmak üçin, Özünden ak geýim satyn almagy hem teklip edýär. Hudaý takmynan şu sözler bilen Işaýa pygamber arkaly Ysraýyla nesihat berdi:

> Oýan, eý, Sion, oýan! Gudratyňa beslen! Eý, Iýerusalim, mukaddes şäher, gözel lybasyňy geýin! (Işaýa 52:1).

Sion häzirki zaman ýygnagyny alamatlandyrýar. Hudaý bu ýerde: «Men saňa geýim geýdirerin» - diýmeýär, ýok, sen öz «gözel lybasyňy geý» diýýär. Pawlus hem ýygnaga şeýle çagyryş

bilen ýüzlenýär: «Rebbimiz Isa Mesihi geýniň, teniň aladasyny etmekligi ten höweslerine öwürmäň» (Rimliler 13:14). Biziň bu çagyryşlary eşidýändigimiziň sebäbi, ak geýimsiz hiç kimiň Rebbe golaýlaşyp bilmeýändigindedir (Aýanlyk 7:9). Üç ýüzlenmäniň hemmesindäki iň esasy zat geými özümiziň geýmelidigimizdir.

Ýene-de merhemet şol eşikleri satyn almaga bize mümkinçilik berýär. Biziň özümiz olary taýýarlap bilmeýäris, sebäbi biziň bar dogrulygymyz tegmil degen geýim ýalydyr (Işaýa 64:6). Ýöne pygamber şeýle diýýär:

> Rebde şatlyk bilen şatlanaryn, Hudaýyma janym begenýär, sebäbi Ol meni gutulyş geýmine besledi, giýewe täç geýdiren ýaly, gelni bezegler bilen bezän ýaly, maňa dogrulyk eşigini geýdirdi (Işaýa 61:10).

Reb gutulyş geýimlerini we bezegleriň hemmesini berýär, biziň özümiz olary hiç haçanam bezäp bilmezdik. Ýöne bu zatlaryň hemmesini boş ýere-de kabul edibem bolýar. Gelin özüni özi bezemeli.

Geliň, şeýle zady göz öňüne getireliň: garyp zenana beýik patyşanyň ogly sawçylyga gelýär. Zenan garyp galan, şonuň üçin onda toýa taýýarlanmak üçin serişdesi ýok. Onda diňe köne eşikleri bar, patyşanyň köşgi bolsa, onuň üçin diňe egninde ajaýyp lybas bolan ýagdaýynda açyk bolýar. Beýik söýgi bilen hereket edýän patyşanyň ogly oňa toý gününde geýmek üçin ajaýyp köýnek we onuň bezeglerini satyn almaga ýeter ýaly pul berýär. Ýöne gelin nikalaşmaga taýýarlanmak hakda pikirem etmeýär, üstesine-de, ol pullaryň hemmesini öz höweslerine we keýpi üçin sarp edýär. Dabara toý köýneksiz gelmek bilen ol beýik patyşany we onuň ogluny örän kemsidýär. Oňa zerur bolan zatlaryň hemmesini edinmäge mümkinçilik berilýär, emma ol oňa perwaýsyz bolýar. Gelin toýa taýýarlanmady.

Eger ol şol pullary toý lybasyny satyn almaga sarp eden bolsa, onda patyşa bilen ýakyn garyndaş bolup durýandygyna guwanyp bilerdi. Şonda ol: «Maňa bu toý köýnegini ol geýdirdi» - diýip bilerdi. Onuň beren merhemet sowgady arkaly gelin başdan-aýak geýnip bilerdi. Gymmat geýme gerek bolan serişdeleriň hemmesi patyşadan geldi, emma özüne köýnegi we onuň bezeglerini gelniň hut özi satyn almalydy we geýmelidi.

Bu mysal biziň Giýewiň gaýdyp gelmegine taýýarlanmamyz bilen örän berk baglanyşyklydyr. Ýohanna gören we eşiden zatlaryny şeýle suratlandyrýar:

> Begeneliň, şatlanalyň! Ony şöhratlandyralyň! Guzynyň toýy başlanýar. Onuň gelni özüni taýýarlady. Geýsin diýip, oňa parlak, tämiz we nepis keteni berildi. Nepis keteni mukaddesleriň dogrulygydyr (Aýanlyk 19:7, 8).

Sekizinji bapdaky *dogrulyk* sözi grek dilindäki *dikaýoma* sözi bilen aňladylypdyr. Strongyň sözlügi bu söze şeýle kesgitleme berýär: «adalatly iş». Waýnyň sözlügi ony «dogrulyk işi, dogrulygy takyk beýan etme» diýip kesgitleýär. Dogrulyk işlerini etmegimiz üçin Hudaý bize merhemet berdi. Mukaddes Ýazga laýyklykda şol işler bize, toý dabarasy wagtynda geýerimiz ýaly, ak geýimleri satyn almaga mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, biz şol merhemeti äsgermezçilik edip bilerismi? Eger dogrulyk işleri biziň geýimlerimiz boljak bolsa, onda köpimiz bellenilen wagtda ýarym-ýalaňaç bolmaga töwekgelçilik edýäris! Biziň günlerimizdäki ýygnagyň köp imanlylary şorty bilen mini ýubka alar ýaly-da gowy iş ýygnap bilmeýärler, toý köýnegi barada gürrüňem ýok! Bu ýene Ýakubyň (sorag görnüşinde aýdan) gaýduwsyz sözlerini düşündirýär we tassyklaýar: «Eý, akylsyz adam, amalsyz imanyň ölüdigini bilmek isleýärsiňmi?» (Ýakup 2:20). Häzirki zaman ýygnagynda biz nädip munuň ýaly zady gözden salyp bildik?

Ýakup çyn imany suratlandyrmak üçin iki mysal getirýär. Ol: «Atamyz Ybraýym ogly Yshagy gurbanlyk sypasynyň üstünde goýup, işleri bilen aklanmadymy?» - diýýär. Kimdir biriniň: «Men bolsa, biz iman boýunça aklanandyrys diýip pikir etdim» - diýmegi mümkin. Hawa, bu şeýle. Ýöne Günbatarda soňky ýigrimi ýylyň dowamynda öwredilen zatlar asla imanam, merhemetem däl. Eger gowy işleri bolmasa, onda iman hiç zadam aňlatmaz, Hudaýyň merhemeti bolmasa, gowy işi etmek asla mümkin däldir. Ýakup sözüni şeýle dowam etdirýär:

> Ana, görýärsiňmi, iman onuň işlerine ýardam berdi, iman hem onuň işleri arkaly kämillige ýetdi. Şeýlelikde, Mukaddes Ýazgynyň «Ybraýym Hudaýa iman getirdi, bu oňa dogrulyk saýyldy we oňa Hudaýyň dosty diýildi» diýen sözi ýerine ýetdi. Adamyň diňe bir iman bilen däl-de, eýsem, işleri bilen aklanýandygyny görýärsiňizmi? (Ýakup 2:22–24).

Ikinji mysalda Ýakup şeýle ýazýar: «Kemçin Rahap-da içalylary myhman alyp, olary başga ýoldan iberip, işleri bilen aklanmadymy? Sebäbi bedeniň ruhsuz öli bolşy ýaly, iman hem işleri bolmasa ölüdir» (Ýakup 2:25, 26).

Iman işler bilen utgaşdyrylmasa, asla iman däldir. Laodikiýa ýygnagynyň edişi ýaly, biz ony yglan edip bileris, ýöne öz imanymyzy tassyklamak üçin özümiziň gyzgyn işlerimizi görkezip bilerismi?

Geliň, Isanyň on gyz baradaky tymsalyndan soň aýdan ýene iki tymsalyna seredeliň. Ýatda saklaň, on gyz baradaky tymsalyň manysy akylsyz gyzlaryň, Isany Reb diýip atlandyrýan bolsalar-da, Oňa durmuşyny doly, galyndysyz bermändiginde jemlenendir. Olar nika toýuna salynmadylar.

Indiki tymsalda gürrüň uzak wagtlyk syýahata gitmekçi bolan bir baý adam hakda gidýär. Bu adam Isany alamatlandyrýar. Ol

öz hyzmatkärlerini ýanyna çagyryp, işletmekleri we oňa girdeji getirmekleri üçin, olara pul berýär. Her kime öz mümkinçiliklerine laýyklykda belli bir möçberde pul berilýär, şondan soň hojaýyn gidýär. Iki hyzmatkär tutanýerli işläp, özlerine berlen puly iki esse edýärler. Hemmeden az pul berlen üçünji adam bolsa, kynçylykdan gaça durmak üçin, çukur gazyp, puly şol ýerde gizleýär. Ol özüne ynanylan zady ulanmady, oňa perwaýsyz boldy.

Köp wagt geçenden soň, hojaýyn gaýdyp gelýär-de, hyzmatkärlerinden eden işleri hakda hasabat soraýar. Ol özlerine tabşyrylan zadyň üstünde tutanýerli zähmet çeken birinji ikisini öwýär we sylaglaýar. Soň hemmeden az tabşyryk berlen üçünji adam gelýär-de: «Hojaýyn, men siziň zalym adamdygyňyzy bilýärin, hiç zat ýok ýerden bir zada garaşýarsyňyz, şonuň üçin men gorkdum-da, siziň puluňyzy ýere gömüp gizledim. Ine, ol» - diýýär (awtor tarapyndan gürrüň berilýär). Şonda hojaýyn oňa: «Mekir hem ýalta gul!» (Matta 25:26) – diýýär.

Hojaýyny bu hyzmatkärini gul diýip atlandyrýar. Ol *kanunçy, keseki, gelmişek* ýa-da *duşman* sözüni ulanmaýar. Onuň merhemetini kabul etmedik adam Onuň üçin duşman bolýar (Rimliler 5:10-a seret). Gutulyşy kabul etmedik adam Onuň üçin keseki ýa-da gelmişek bolýar (Efesliler 2:19-a seret). Hudaýa ynanmaýanlar – kanunçylardyrlar. Bu adam ýokarda getirilen sözleriň hiç biri bilenem atlandyrylmady, üstesine-de ol hojaýynyň özüniň hyzmatkäridi. Soň Isa hemmelere ýüzlenip: «Çünki kimde bar bolsa, oňa berler, ondaky bol bolar, kimde ýok bolsa, onuň elindäki hem alnar» (Matta 25:29) – diýýär.

Hojaýynyň hyzmatkärleriniň üstlerinden çykaran hökümi, her biriniň özüne ynanylan zada ygtyýar edişine beren bahasynda jemlenendi. Höküm olaryň öz hojaýynynyň bardygyna ýa ýokdugyna ynanýandyklaryny kesgitlemekden ybarat däldi. Üçünji hyzmatkäriň hem, hojaýynynyň bardygyna ynanýandygy

gürrüňsizdi, sebäbi ol ondan ýumuş alypdy. Ol hojaýynynyň gaýdyp geljekdigini-de bilýärdi, şonuň üçin hem, howpsuzlyk üçin, puly ýere gömüp goýupdy. Şeýle-de bolsa, ol pikirinde hojaýynynyň gaýdyp gelmesini mydama yza süýşürýärdi. Hojaýyn gaýdyp gelende bolsa, ol özüne berlen wagty asla ulanmandy we onda dogrulyk işleri-de ýokdy. Şonda hojaýyn ýalta hyzmatkäre: «Peýdasyz hyzmatkäri daşaryk garaňkylyga taşlaň. Ol ýerde agy we diş gyjama bolar» (Matta 25:30) – diýip höküm çykardy.

Bu tymsal geýimler barada bolman, pul goýum barada bolsa-da, onuň düýp manysy üýtgewsizligine galýar: tabynlyk işlerini ýerine ýetirmezlik. Ýalta hyzmatkäre çykarylan höküm Isanyň Laodikiýa ýygnagyna duýdurýan hökümine meňzeş. Bu ýygnagyň imanlylary ýalaňaçdylar, sebäbi olaryň (Hudaýyň barlygyna ynamy däl-de) işleri çalaja ýylydy.

Isanyň indiki tymsaly ähli halklara höküm çykaranda etjek Suduna degişlidir. Ol çopanyň goýunlary geçilerden aýryşy ýaly, birlerini beýlekilerinden aýrar.

> Onsoň Patyşa sagyndakylara (goýunlara): “Eý, Atamyň ýalkanlary! Geliň-de, dünýä ýaradylandan bäri siziň üçin taýýarlanan patyşalygy miras alyň. Sebäbi Men açdym — nan berdiňiz, teşnedim — suw berdiňiz, kesekidim — myhman aldyňyz, ýalaňaçdym — don berdiňiz, hassadym — bejerdiňiz, zyndandadym — görmäge geldiňiz”. Şonda dogry adamlar Oňa jogap berip diýerler: “Ýa Reb, biz Seni haçan aç görüp, nan berdik? Haçan teşne görüp, suw berdik? Haçan Seni keseki görüp, myhman aldyk ýa ýalaňaç görüp, don berdik? [39] Haçan Seni hassa ýa-da zyndanda görüp, ýanyňa geldik?”. Patyşa olara: “Size dogrusyny aýdýaryn, Meniň bu iň pes saýylýan doganlarymdan birine edeniňizi Maňa edensiňiz” diýip jogap berdi (Matta 25:34–40 ).

Isa bu ýerde diňe fiziki syrkawlar, açlar ýa-da tussaglar barada aýtmaýar. Ol ruhy taýdan ejizleri-de göz öňünde tutýar. Reb gullugynyň aglaba bölegini ruhy taýdan garyplaryň aladasyny etmeklige bagyş etdi. Ol ruhy açlyk duýýanlara iýmit berdi (Matta 5:6 seret). Ruhy teşneligi duýýanlara Ol içmäge suw berdi (Ýohanna 4:10 seret). Syrkawlara we türmedäkilere Isa şeýle diýýär:

> Rebbiň Ruhy üstümdedir. Çünki garyplara Hoş Habary bildirmegim üçin Meni mesh etdi; Meni tussaglara azatlygy, körlere gözleriniň açyljagyny yglan etmäge, zulum astyndakylary azatlyga çykarmaga iberdi (Luka 4:18).

Eger Ol tymsalda diňe fiziki işleri göz öňünde tutan bolsa, onda on iki resul ýygnaga: «Hudaýyň sözüni taşlap, saçak başynda hyzmatkärlik etmek bize gelşikli däl» (Res. iş. 6:2) – diýmeli bolmazdy. Ýöne bu fiziki taýdan ejizleriň ýa-da garyplaryň aladasyny etmegiň wajyplygyny hiç hili derejede peseltmeýär – bu ulgamlar deň derejede wajypdyr.

Bu ýerde esasy zat Isanyň tabşyryklaryny ýerine ýetirmek bolup durýar. Ol biziň Mugallymymyz we Rebbimizdir, ýöne Ol bu dünýä Özüne hyzmat edilmegi üçin ýa-da Öz keýpine ýaşamak üçin gelmedi. Ol köpleri halas etmek üçin janyny bermäge geldi (Matta 20:28-e seret)! Bu tymsalda sylag alan mukaddes takwalar, Isanyň göreldesine eýerip, gulluga öz janlaryny berenlerdir. Olaryň işleri ýyly däl-de, gyzgyndy.

> Onsoň çepindäkilere: “Eý, lagnatlylar, Meniň ýanymdan aýrylyň, iblis bilen onuň perişdelerine taýýarlanan ebedi oda ýanyň! Sebäbi Men açdym — nan bermediňiz, teşnedim — suw bermediňiz, kesekidim — myhman almadyňyz, ýalaňaçdym — don bermediňiz, hassadym we tussagdym — ýanyma gelip görmediňiz”. Şonda olar: “Ýa Reb, biz Seni

> haçan aç, teşne, keseki, ýalaňaç, hassa ýa-da tussaglykda görüp-de, Saňa hyzmat etmedik?” diýip sorarlar. Şonda olara: “Size dogrusyny aýdýaryn, muny bu iň pes saýylýanlardan birine etmedigiňizi, Maňa-da eden dälsiňiz” diýip jogap berdi. Bular ebedi jeza, dogry adamlar bolsa baky ýaşaýşa gowşarlar (Matta 25:41–46 ).

Iki toparyň adamlarynyň arasyndaky tapawut käbirleriniň eden zatlarynda, käbirleriniň etmedik zatlarynda jemlenendir. Başga sözler bilen aýtsak, tapawut diňe olaryň işlerinde jemlenendi. Sylag alan adamlar özlerine berlen merhemetiň kömegi bilen işleri etdiler we dünýä dogrulyk işlerini aýan etdiler. Höküm astyna düşenler iki topardan – ýöne bir kanunçylardan we hyzmatkär bolsalar-da, kabul eden merhemeti bilen hiç zat etmediklerden ybaratdyr. Olar dogry işleri etmediler we Hudaýyň merhemetini biderek ýere aldylar.

Käwagt Amerikada ullakan ýygnanyşyklary geçirenimde, men ýygnananlara soraglar berýärin we aňk ediji jogaplary alýaryn. Mysal üçin, men zaldaky ýekelikde çaga terbiýeleýän eneleriň hemmesiniň ýerlerinden turmaklaryny soraýaryn (adatça olar köp bolýarlar), soň olardan: «Siziň ýygnagyňyzdaky imanlylar ýekşenbe ýygnanyşygyndan soň ýanyňyza gelip: “Çagalaryň bilen bile biziň öýümize nahara gitmek isleýärsiňmi? Biz seniň çagalaryň kakasynyň ýokdugyny bilýäris, şonuň üçin olaryň, iň bolmanda ýekeje gowy görelde görmekleri zerurdyr” – diýip, ýygy-ýygydan aýdýarlarmy?» - diýip soraýaryn. Adatça müň adamlyk tutuş ýygnanyşykdan ikiden köp bolmadyk aýal meniň soragyma položitel jogap berýär.

Soň men dowam etdirýärin: «Eger kir ýuwýan maşynyňyz ýa-da hojalykdaky başga haýsydyr bir zadyňyz döwülse, siz ýygnagyňyzdan bolan haýsydyr bir maşgala jaň edýärsiňiz-de, kömek etmegini soraýarsyňyz, soň şol gün siziň öýüňize erkek

doganlar barýar-da, hemme zadyňyzy bejerýär, bu şeýlemi?» Olar maňa çekinip seredýärler, käbirleriniň gözlerine ýaş aýlanýar, sebäbi men olaryň durmuşyndaky iň ýiti meseläni agzaýaryn. Ýene tassyklaýjy jogap bolmaýar. Şoňa meňzeş başga soraglaram şol bir netijäni görkezýär.

Imanlylaryň öňlerinde çykyş edenimde men adamlar baradaky aladanyň ruhy çopanlaryň egnine düşmeli däldigini belleýärin. Ruhy çopanyň jogapkärçiligi «mukaddeslere gulluk etme wezipesini berjaý etmekdir, Mesihiň bedenini abatlamakdyr» (Ef. 4:12).

Soň men temany üýtgedýärin-de, ýygnananlardan: «Siziň haýsyňyz golaýdaky türmede oturan tussaglara gulluk edýärsiňiz?» - diýip soraýaryn. Ullakan zalyň içinden 5-8 adam elini galdyrýar. Men ýene: «Siziň haýsyňyz keselhanalara we garrylar öýlerine barýarsyňyz?» - diýip soraýaryn. Netije şol bir zat. Başga sorag: «Siziň haýsyňyz köçede Hoş Habary wagyz etmeklige gatnaşýarsyňyz we Hudaýyň Sözüni adamlara ýetirýärsiňiz?» Jogap öňki. Şunuň ýaly jogaplaryň sebäbi ýygnaklardaky mesihileriň 80 göteriminiň esasan hem özleri we maşgalalary üçin ýaşaýandyklaryndadyr. Imansyzlaram edil şonuň ýaly ýaşaýarlar!

Ýöne elini götermedik her bir adam diýen ýaly, gudratlar görkezilýän ýa-da pygamberiň olara telekeçiliginde üstünlik boljakdygyny aýdýan, ýa-da gaty gowy ýygnanyşygyň bolýan ýeri bolan ýygnaga höwes bilen ylgap gelýärler. Olar mesh edilmäniň ýa-da täzelenmäniň iki essesini almak üçin gaty uzak ýollary söküp gelýärler. Näme üçin? Has takygy, Isa Mesihe has netijeli gulluk etmek üçin däl-de, özleri üçin uly bähbit almak isleýändikleri sebäpli gelýärler.

Öňräk men meşhur telewizion hoşhabarçysynyň örän uly zala mesh etme barada ders berýän wagzyny diňledim. Ol mesh edilmäniň bahasy hakda gürrüň berende, adamlar ony ünsli

diňlediler. Olaryň Hudaýyň güýjüne nähili teşnediklerini bilmek kyn däldi. Olaryň käbirleri, hatda ýerlerinden hem turup, alawdan doly gözleri bilen oňa seretdilerem. Ýöne nähilidir bir adamyň hoşhabarçynyň eline bank çegini tutduranyny görenimde, ruhumda gynaýjy hasraty duýdum. Bu «sadakady». Resullaryň işleri kitabynda, pata bermegi üçin Petrusa pul teklip edileni ýadyma düşdi. Hoşhabarçynyň çegi yzyna berenini görenimde ýeňillik bilen dem aldym.

Men Hudaýa doga etmek üçin, şobada ýeke galdym. «Reb, men içimde hasrat duýdum. Men munuň näme sebäpdendigini duýýaryn, ýöne ony maňa Seniň düşündirmegiňi isleýärin» - diýdim.

Onuň ýuwaş hem asuda sesi meniň ýüregime gürledi: «Jon, olar Meniň güýjümi almagy ýürekden isleýärler, ýöne olaryň pikirleri nädogry. Güýç adamlara ähmiýetlilik duýgusyny berýär. Ol olara ygtyýar, ynamlylyk ýa-da baýlyk berýär, şonuň üçin olar ony gulluk etmek üçin däl-de, özleriniň üstünligi üçin almak isleýärler».

Şonda Isanyň Höküm gününde Öz öňünde duran sansyz-sajaksyz adamlara aýdan sözleri ýadyma düşdi. Olar Ony Reb hökmünde ykrar etdiler, sebäbi Isanyň ady bilen gudratlar görkezipdiler, jynlary kowupdylar we pygamberlik edipdiler. Isa bolsa olar tarapa öwrülip: «Meniň Atamyň islegini ýerine ýetirmedikler, siz Meniň ýanymdan aýrylyň!» - diýdi. (Matta 7:21–23, awtor tarapyndan gürrüň berlen).

Reb sözüni dowam etdi: «Jon, olar “Ýa Reb! Ýa Reb! Seniň adyň bilen biz türmelere bardyk, açlary naharladyk we ýalaňaçlary geýindirdik” – diýmediler». Men horkuldap, Onuň bilen ylalaşdym: «Ýok, olar beýle etmediler».

Bu zatlaryň hemmesinde men ýygnagyň aglaba bölegini düzýän adamlaryň iki toparyny gördüm. Birinji topar, iki toparyň ulusy, ýygnaga barýar, ýöne oňa degişli bolan bu adamlar

özleriniň durmuşy bilen ýaşaýarlar we bu dünýäde üstünlik gözleýärler. Beýleki topar bolsa, ýygnaga gulluk etmekde üstünlik gözläp gelýärler. Üçünji topar hem bar. Bu topar iň kiçi topar bolup, oňa Isa üçin ýürekden ýanýan we arassa ýürekden Rebbe gulluk etmek hem-de ýitenleri gazanmak bilen Ony begendirmek isleýänler degişlidir!

Adamlar! Ýygnagyň ýöräp barýan howply ýollaryny asla görmeýärsiňizmi? Pikirlenip görüň, eger adamlaryň aglabasy ýygnaga gelip, hepdede bir ýa-da iki gezek wagyz diňleýän bolsa, soň hem öýüne gidip, galan wagtyň hemmesinde özi üçin ýaşamagy dowam etdirýän bolsa, onda Höküm gününde olaryň eginlerinde nähili geýimler bolar? Şonuň ýaly imanlylary islendik goşmaça gulluklara çekmek bolar, ýöne olaryň egoistik durmuşyna peýda getirjek ak patalary aljak bolsalar. Olar özleriniň iň gowy ukyplaryny we güýçlerini şahsy bähbidi almak üçin sarp edýärler. Köpler dogry zatlary bilýärler we dogry sözleri aýdýarlar, daşyndan gowy hem mylakatly adam ýaly bolup görünýärler, emma olar şol bir wagtyň özünde Reb üçin ýaşamaýarlar. Höküm gününde özlerine berlen merhemeti ulanyşlary barada hasabat bermek üçin çagyrylanlarynda olar näme ederler? Olar ýalaňaç bolarlarmy ýa-da nämede bolsa, dogry (arassa) işleriň geými eginlerinde bolarmy?

Pawlus halka ýüzlenýär:

> Şonuň üçin bu tende ýaşasak-da, aýrylsak-da, Onuň pisindi oturjak adamlary bolmaga yhlas edýäris. Bedendekäk, ýagşy bolsun, ýaman bolsun, öz edenlerimize laýyk almytymyzy almak üçin, hemmämiz Mesihiň höküm kürsüsi öňünde häzir bolmalydyrys. Şeýlelikde, biz Rebden gorkmagyň nämedigini bilýändigimiz üçin adamlary ynandyrýarys, ýöne Hudaýa aýandyrys, siziň ynsabyňyza-da aýandyrys diýen umydym bar (2 Korintoslylar 5:9–11).

Biz Rebbiň aýylganççlygy hakda pikir edýärismi? Onuň Höküm güni baradaky lenji çykan düşünjelerimiz bilen Onuň mukaddesliginiň üstünden gülmeýärismi? Biz boş, esaslandyrylmadyk jümlelere ynanmaýarysmy? Bu soraglaryň hemmesi bizi üçünji zada, ýagny ýyly mesihileriň Isadan satyn almaly zadynyň ýanyna alyp barýar.

## GÖZ ÜÇIN MELHEM

Ýygnaga arassalanan altyn we ak geýimleri satyn almagy maslahat berenden soň, Isa oňa, görüp biler ýaly, Özünden göz melhemini satyn almagy maslahat berýär. Melhem şypa beriji serişde hökmünde gabaklara çalynmaly bolan, köp maddalardan düzülen göz melhemi bolup durýar. Laodikiýa şäheri şonuň ýaly melhemleri taýýarlaýan lukmançylyk mekdebi bilen şöhratlanan ýerdi.

Ýerli halk şonuň ýaly şypa beriji serişde bilen tanyş bolany sebäpli Isa ony görkezme esbap hökmünde ulanyp, ýygnagyň ruhy körlükden bejerilmäge mätäçdigini düşündirýär. Laodikiýa ýygnagy hakykatdan hem bar bolan bolsa-da, oňa ýüzlenmede pygamberlik many bar. Köp teologlar şol ýüzlenme Mesihiň gaýdyp gelmeginiň öň ýanyndaky döwre, ýagny biziň döwrümize degişli diýip çak edýärler. Ýygnak hemme zady görýändigini aýdýar, ýöne Isa hemme zadyň hakyky ýagdaýyny gowrak bilýär, şonuň üçin: «biçäre, betbagt, garyp, kör hem ýalaňaçdygyňy bilmeýärsiň» - diýýär.

Pawlus imanlylara şeýle ýazýar: «Hudaý ýüregiňiziň gözlerini nurlandyrsyn diýip doga edýärin» (Ef. 1:18-e seret). Nurlandyrmak – diýmek, aýdyň görmäge mümkinçilik bermek. Biz hemme zady, Isanyň edişi ýaly görmelidiris ýa-da kabul etmelidiris. Eger Onuň barlygynda wagtymyzy geçirsek, Onuň Sözüni diňlesek we Oňa gulluk etsek, biz muňa ýetip bileris.

Esas bolup durýan bu ýörelgeler hakyky liderlere-de degişlidir. Eger lidere gulluk etseň we onuň bilen wagtyňy bile geçirseň, onda hemme zady öz lideriň kabul edişi ýaly kabul etmegi öwrenip bolýar. Meniň aýalym biziň gullugymyzdaky beýleki adamlara seredende meniň bilen wagtyny köpräk geçirýär. Ol Hudaýyň hakyky zenany, ol meniň aýalym bolanyna şat we meniň Hudaý tarapyndan mesh edilen ýolbaşçylygym astynda gulluk edýänine şat. Ol meniň komandamdaky iň yhlasly gullukçy. Meniň komandamdaky gullukçylarda men ýokkam gyssagly karara gelmeli bolan ýagdaý birnäçe gezek ýüze çykdy, ýöne meniň ýerime karara gelende ol şu wagta çenli ýekeje gezegem ýalňyşmady.

Musa wagtynyň köp bölegini, özüniň taýpadaşlary bilen däl-de, Hudaý bilen gürleşip geçirenini gowy gördi. Ine, munuň netijesi nähili boldy: «Musa ýüz ýigrimi ýaşynda öldi, emma onuň gözleri kütelmändi, güýç-kuwwaty azalmandy» (Kanun tagl. 34:7). Ol Rebbe gulluk edýänine başgalardan köp begenýärdi, Hudaý hem ony «Meniň wepaly gulum» (Çölde 12:7-ä seret) – diýip atlandyrdy.

Ysraýyl ogullary, tersine, Hudaýyň barlygyna beýle bir yhlas edip duranokdylar, olar diňe Onuň ak patalaryny isleýärdiler. Olar Oňa diňe özleri üçin bähbit görenlerinde gulluk edýärdiler. Şeýlelikde, olar bar zatlary Hudaýyň görşi ýaly görmediler.

Nädogry düşünjeleri sebäpli olar mydama düzedişe duçar edilýärdiler. On iki lider wada berlen ýurdy görmäge gidenlerinde, olaryň ýagdaýynyň agyrlygy özüniň iň ýokary nokadyna baryp ýetdi. Gaýdyp gelenlerinden soň olaryň onusy hemmelere: «Olaryň ýanynda özümizi edil çekirtge ýaly duýduk. Olara-da biz çekirtge ýalyjak bolup göründik» diýdiler (Çölde 13:34). Kalep bilen Ýeşuwa ýagdaý başgaça bolup göründi. Olar halka ýüzlenip: «Ýöne siz Rebbiň garşysyna pitne turuzmaň we ol ýurduň ilatyndan gorkmaň. Çünki olar biziň höregimizdir,

olaryň goragçysy olardan ýüz dönderdi, ýöne Reb biziň bilendir, olardan gorkmaň» (Çölde 14:9) – diýdiler. Munuň ýaly tapawut nireden gelýär? Ýeşuwa Hudaýýň barlygyna bolan yhlas bilen ýalynlaýardy. Hudaýýň dagynda-da, diňe ol mümkin boldugyça, beýlekilerden has ýokary çykdy (Müsürden çykyş 24:13).

Soňrak, çadyr gurulmazyndan öň, Musa düşelgeden daşda çagyr gurdy-da, ony Rebbe ýüz tutulýan çadyr diýip atlandyrdy. Rebbi gözleýän her bir adama düşelgeden çykyp, Rebbe ýüz tutulýan çadyra barmaklyk öwredildi. Biz Mukaddes Ýazgyda çadyryň ýanyna Ýeşuwadan başga hiç kimiň barmandygyny görýäris (Musa onuň içine-de girip bilýärdi). Musa çadyryň ýanyna baranda, bütin halk ýerinden turup, öz çadyrynyň agzynda durýardy we uzakdan tagzym edýärdi. Olar Hudaýy gözleýändigi üçin bu adamy sylaýardylar, ýöne ýüreklerine aýanlyk almak üçin özleri Onuň barlygyna golaýlaşmaýardylar. Mukaddes Ýazgyda Musa düşelgä gaýdandan soň hem, «onuň ýaş kömekçisi Nunuň ogly Ýeşuwanyň çadyrda galandygy» (Müsürden çykyş 33:7–11) aýdylýar.

Bu ýerde iki zat göze görnüp dur. Birinjisi – Ýeşuwa Hudaýýň barlygyna bolan güýçli yhlas bilen ýalynlaýardy. Ol çadyryň ýanynda, hatda Musa ol ýerden gideninden soň hem galýardy. Ikinjisi – Ýeşuwa Musanyň kömekçisidi. Ol, şeýle hem, Hudaýýň wepaly hyzmatkäridi, onuň işleri öz imanyna gabat gelýärdi. Musanyň aýdyň garaýşy bardy, sebäbi ol Hudaý bilen wagt geçirýärdi we öz gullugynda dogrulyk işlerini edýärdi.

Bu gün imanlylaryň köpüsi «doga-dileg edýän otaglarynda» sagatlaryny geçirýärler. Olar özleriniň körlükleri sebäpli ýygnaga köp zyýanlary getirýärler. Olar Hudaýýň Patyşalygyna hakyky miwe getirmeýän dindar adamlardyrlar. Olar kördürler, sebäbi gulluk etmeýärler. Hudaýýň Patyşalygy Reb bilen gatnaşygy diňe Oňa gulluk etme bilen bilelikde kabul edýär.

Ýeşuwa hem edil Musa ýaly, aýdyň görýärdi. Bu adamlar Hudaý bilen wagt geçirýärdiler we Onuň hyzmatkärleri bolup, dünýä dogrulyk işlerini görkezýärdiler. Ysraýyl ogullary duşmanyň ýanynda özlerini çekirtge ýaly gördüler, duşmanyň nazarynda hem olar çekirtge ýalydylar. Ýeşuwa bilen Kalep duşmanyň goragynyň hem güýjüniň galmandygyny aýtdylar. Olaryň haýsysy takyk görnüşi gördi? Kyrk ýyl geçenden soň, Ýeşuwa ýene şol ýere iki içalyny goýbereninde, ol ýeriň ýerli ýaşaýjylarynyň biri olara şeýle diýýär:

> Müsürden çykanyňyzda, Rebbiň siziň öňüňizde Gyzyl deňziň suwuny guradandygyny biz eşitdik... Bulary eşidenimizde, ýüregimiz gowşady, biziň hijimizde size garşy gaýrat galmady. Siziň Hudaýyňyz ýokarda gökdäki we aşakda ýerdäki Hudaýdyr (Ýeşuwa 2:10, 11).

Beýleki liderler doly ýalňyşma içinde bolanlarynda, Ýeşuwa hemme zady takyk gördi. Bu ýagdaý maňa öz hojaýynynyň merhemetini äsgermezçilik eden ýalta hyzmatkär baradaky tymsaly ýatladýar. Hojaýyny gaýdyp gelýänçä hyzmatkär ol barada hiç zat ýok ýerden bir zada garaşýan zalym adam hökmünde pikir etdi. Onuň düşünjesi düýbünden nädogrudy. Üstesine-de, onuň garaýyşlarynyň ýalňyşlygy wagtyň geçmegi bilen has-da artdy, sebäbi ol hojaýynynyň öz üstüne ýüklän borçlaryny ýerine ýetirmedi.

Biziň eýýäm öňräk düşünip geçişimiz ýaly, häzirki zaman ýygnagynda gözleri garaňkyran adamlaryň iki topary bar. Olar Isanyň görşi ýaly görmeýärler. Birinji topara Hudaýy gözlemesi ýaly gözlemeýän adamlar girýär. Olar Hudaýy gözleýän we özlerine gökden gelen habary aýdýan wagyzça hormat goýýarlar. Ýöne olaryň özleri, Isa bilen duşuşmak üçin, düşelgeden çykmaýarlar. Olar şeýdip: «düşelgeden daşary Onuň ýanyna

gideliň» (Ýewreýler 13:13) diýen çagyryşa üns bermediler. Olaryň işleri çalaja ýylyjak.

Ikinji topara Isany gözleýänler, ýöne Oňa gulluk etmeýänler girýär. Olar Ony diňe özleriniň bähbidi üçin gözleýärler. Üstesine-de, Hudaýyň ruhy çopanlarynda hut şolar köpräk kelle agyrsyny döredýärler! Olarda «dini» ýa-da «ruhy» işleri bar, emma olaryň işleri hem çalaja ýyljakdyr.

Gulak as, Hudaýyň halky, bize güýjümize gelme ýa-da täzelenme gerek däl. Bize Reformasiýa gerek! Täzelenme diňe eýýäm bar bolan zady güýje getirýär. Reformasiýa biziň dünýägaraýşymyzy we ýaşaýyş ýörelgämizi doly çalyşmaga çagyrýar. Biz ýygnagy çalaja ýyly ýagdaýa alyp baran ýasama merhemete juda köp wagtlap ynandyk. Şunça ýylyň dowamynda nädogry bir zat öwretseň, ahyrsoňunda ol hakykat ýaly bolup görnüp biler. Soň bolsa, hakykaty eşideniňde, ony inkär edibem, hatda soňky dereje ýa-da ýalňyşlyk diýip atlandyryp hem bolar. Şonda täzelenme ýa-da galkynma nädogry düşünjäni diňe erbetleşdirer. Hemme zady Onuň görşi ýaly görüp bilmegimiz üçin gözlerimiz açyk bolmalydyr! Mezmurçyň aýdyşy ýaly, «Seniň nuruňda biz nur görýäris» (Zebur 35:10).

12-NJI BAP

# MENIŇ SÖÝÝÄNIM...

***Eger gaýdyp gelen gününde Isa meňzeş bolmak isleýän bolsak, onda biziň käbirlerimiz üýtgemeli bolýarys.***

Isa Laodikiýa ýygnagyna Özünden ot bilen arassalanan altyny, ak geýimleri we göz melhemini satyn almagy teklip edýär. Soň Ol: «Men söýýänlerimi paş edýärin we jezalandyrýaryn» (Aýanlyk 3:19) diýýär.

Ol diňe bizi söýýäni üçin paş edýär we jezalandyrýar. Ýewreýlere hatyň awtory bu barada has takyk ýazýar:

> Oglum, Rebbiň jezasyny äsgermezlik etme, Ol seni paş edende ruhdan düşme! Çünki Reb söýýänini jezalandyrýandyr, ogullyga kabul edenini urýandyr (Ýewreýler 12:5, 6).

*Jezalandyrmak* «düzetmegi ýa-da tertibe salmagy» aňladýar. *Urmak* «jezalandyrmagy» aňladýar. Aslynda urmak sözi grek dilindäki *mastigoo* sözüne gabat gelýär. Täze Ähtde bu söz

diňe ýedi gezek duş gelýär. Başga ýerleriň hemmesinde ol «gamçy bilen urmak» manysynda ulanylýar. Elbetde, Gökdäki Atamyz gamçy ulanmaýar, şeýle-de bolsa, Onuň jezasy gazaply bolup biler. Ine, näme üçin bu setirleriň awtory bize jezany äsgermezçilik etmeli däldigini duýduryan eken. Hudaýyň düzedişiniň iň agyr pursatlaryny başdan geçirýärkäm, göwnüme içimden iýip barýan agyrydan ýaňa öläýjek ýaly bolýardym, ýöne onuň miweleri maňa mydama peýda getirdi we ýüregimde täze mukaddeslik oduny ýakdy.

## HUDAÝYŇ ÇAGALARY

Hudaýyň iň wepaly çagalary düzedilmäge mätäç bolýarlar. Hudaý başga birine ýalňyşlyklar ýa-da düzedilmedik günäler içinde ýaşamaga rugsat berip bilýän bolsa-da, Ol Öz ogullaryna we gyzlaryna şonuň ýaly zady etmäge hiç haçan rugsat berip bilmeýär. Pähimli hem aladaçyl ýekeje atanyň hem, keseki çagalardan tapawutlylykda, öz çagalarynyň etmişlerine perwaýsyz bolup bilmeýşi ýaly, Reb hem Öz çagalarynyň özlerini heläk etjek zatlary etmegi dowam etdirmegine ýol bermeýär.

Günäleri jezasyz etme mümkinçiligi — bu adamyň Hudaýdan daşlaşandygy baradaky gorkuzyjy signaldyr. Hudaýyň düzedişini duýmadyk adamlaryň Onuň hakyky ogullary ýa-da gyzlary däl-de, bikanun çagalar bolup durýandyklaryny Mukaddes Ýazgy anyk aýdýar. Olar Oňa Atam diýip bilerler, emma olaryň Hudaý bilen garyndaşlyga edýän dalaşlarynyň hemmesi hakyky bolmadyk tobanyň aýtdyrýan sözüdir.

Men Hudaýyň ýüreginden çykýan örän güýçli habarlar bilen ýygy-ýygydan çykyş edýärin. Şondan soň biri-birinde düýbünden garşy gelýän seslenmeleri eşidýärin, has takygy şeýle seslenmeleri: kimdir biri Atanyň düzedişini kabul edýär, kimdir birine ol asla degişli bolmaýar, sebäbi ol Hudaýyň hakyky çagasy däl.

Bir maşgalada şoňa meňzeş waka bolup geçdi. Ýekşenbe günleriniň birinde irden men gozgalaň barada wagyz etdim. Wagyz diýseň täsirli boldy, şeýdip, ýygnanyşygyň ahyrynda zaldakylaryň ýarymyndan gowragy toba etmek baradaky çagyryşa seslendi. Ýygnanyşykdan soň men ruhy çopan bilen onuň aýalyna goşulyp, olar bilen ýygnak agzalarynyň biriniň çakylygy boýunça, bile nahara gitdim. Bizi çagyran aýal doganymyz ýygnanyşyk wagtynda Hudaýyň Öz Sözi arkaly özüni paş edişi hakda gürlemegi bes etmedi. Bu aýalyň hereketleriniň hemmesi onuň Hudaý bilen ýakyn gatnaşyklarda bolandygyna şaýatlyk edýärdi. Mukaddes Ruh onda örän düýpli işläpdir. Biziň gürrüňdeşligimiz wagtynda ol aladaly garaýyş bilen: «Gyzym maňa: “Bu adam köp gygyrdy, ýöne hiç hili peýda bolmady” – diýdi» - diýip aýtdy.

Men ol öýe giren wagtymda, şol aýalyň gyzynyň hakykatdan halas bolmandygyny duýdum. Onuň ejesiniň sözleri meniň howatyrlanmamy diňe tassyklady. Rebbi ýürekden söýýän bu aýal, şol gün ertirki ýygnanyşyga gatnaşanlaryň aglaba bölegi ýaly, Onuň düzedişine tabyn bolupdy. Emma ýygnanyşyk wagtynda onuň ýanynda oturan gyzy, bolup geçýän zatlara perwaýsyz bolýar, bu bolsa, onuň durmuşynda tabynlygyň ýoklugynyň göze görnüp duran subutnamasy boldy. Onuň sözleri we özüni alyp barşy, meniň şaýat bolşum ýaly, özüniň Hudaýyň hakyky çagasy däldigini tassyklady. Ýöne şol wagt men ondan mesihimidigini soran bolsam, ol, gürrüňsiz, tassyklap jogap bererdi.

Hudaý diňe Özüniňkileri jezalandyrýar. Ol hemme zatdan öňürti, bu aýalda bolup geçen ýagdaýdaky ýaly, Öz Sözi arkaly biziň bilen gazaply gürleşýär. Eger gulak asmasak, biziň düzedişi kabul etmegimiz üçin, Ol betbagtçylyklary we görgüleri ulanýar. Mezmurçy şeýle ýazýar:

> Muşakgata uçramazdan ozal azaşypdym, emma indi Seniň sözüňi berjaý ederin... Ýa Reb, Seniň hökümleriň dogrudygyny bilýärin, Sen meni adalatly jezalandyrdyň (Zebur 118:67,75).

Pawlus Atanyň jezasy hakda ýazýar: «Şonuň üçin araňyzda fiziki taýdan ejizler hem hassalar bar, hatda köpler ölýärlerem. Ýöne siz özüňizi görkezen bolsaňyz, onda hökümden gutulardyňyz. Ýöne dünýäniň galan bölegi bilen bilelikde höküm edilmezimiz ýaly, Reb höküm edende bizi jezalandyrýar» (1 Kor. 11:30-32, TRT).

Hudaý Özüniň jezalandyryjy (ýa-da düzediji) sözlerine üns bermegimizi isleýär. Ol bizi nähili terbiýelände-de, özümizde jezany duýanymyzda, hiç hili usul hem ýakymly bolup bilmez. Muny Ýewreýlere hatyň awtory hem tassyklaýar: «Her hili jeza berilmegi häzirki wagtda şatlyk däl-de, gaýgy bolup görünýär» (12:11). Hudaýy biziň abadançylygymyza garanda, ýagdaýymyz köpräk gyzyklandyrýar. Şol hatda awtor Rebbiň bizi «Öz mukaddesligine şärik bolmagymyz üçin, biziň haýrymyza jezalandyrýandygyny» (12:10) ýazýar. Mukaddeslik işi – ine, terbiýäniň maksady şudur.

Resul Pawlus sözüni dowam etdirýär: «Şonuň üçin goýberilen elleriňizi, gowşan dyzlaryňyzy berkidiň, agsaýanlar ýoldan çykman, has gowy düzeler ýaly, aýaklaryňyzy göni basyň» (Ýewr. 12:12, 13). Eller biziň Rebbiň tagtynyň öňüne getirjek gullugymyz ýa-da işlerimiz hakda gürrüň edýär. Dyzlar biziň ýörişlerimizi, ýaşaýyş ýörelgelerimizi alamatlandyrýar. Berkitmek – bu ýallaklamak däl-de, hakykaty söýgi bilen aýtmakdyr. Isanyň Laodikiýa ýygnagyna aýdan gazaply duýduryş beriji hem jezalandyryjy sözleri ony ejizletmedi. Ol oňa özünde ýene ody ýakjak zady berdi. Isa ony Özüniň mukaddesligine gatnaşyjy bolup bilmegi üçin jezalandyrdy. Elbetde, bu imanlylar Isanyň düzedişini kabul eden ýagdaýynda şeýle bolup bilýärdi.

Biz näme üçin ýygnakda ejizleri goldawdan mahrum edýäris? Näme üçin biz Isanyň edişi ýaly wagyz etmeýäris? Näme üçin biz hakykata aňry ýany bilen mätäçkäk, häzirki zaman ýygnagyndaky dilden edilýän ýa-da hatda ýazylan wagyzlaryň köpüsi dünýä, üstünlik gazanmalara we bagta bagyş edilýär? Ine, Hudaý Ýermeýanyň üsti bilen onuň döwründäki ýyly imanlylara ýakymly hem ýumşak habarlary aýdýan wagyzçylar hakda näme diýýär:

> Emma olar maslahatymy alsadylar, halkyma sözlerimi eşitdirerdiler, şonda halky ýaman ýollaryndan, şer işlerinden gaýtarardylar (Ýermeýa 23:22).

Öz neslimizi mukaddes Hudaý bilen duşuşmaga taýýarlamak üçin adamlaryň ýüreklerini dogrulyga gönükdirýärismi we öwürýärismi ýa-da takwa üýtgeşmelere çagyrmaýan sözleriň kömegi bilen adamlara ýakymly sözleri aýdyp ýallaklaýarysmy?

## PARAHATLYK DÖREDIJILERMI ÝA-DA PARAHATÇYLYGYŇ GORAGÇYLARYMY?

Ýewreýlere hatda biz şeýle sözleri okaýarys: «Hemmeler bilen parahatçylykda ýaşamak, mukaddes bolmak üçin tagalla ediň. Mukaddes bolman, hiç kim Rebbi görüp bilmez. Dykgat ediň, hiç kim Hudaýyň merhemetinden mahrum galmasyn» (Ýewr. 12:14, 15). Ine. awtor ilki näme diýýär: «Hemmeler bilen parahatçylykda ýaşamak üçin tagalla ediň».

Isa hiç haçan: «Parahatçylygyň goragçylary bagtlydyr» - diýmedi, Ol: «Parahatçylyk döredijiler bagtlydyr» (Matta 5:9) – diýdi.

Siziň şeýle sorag bermegiňiz mümkin: tapawudy barmy? Gürrüňsiz! Parahatçylygy goraýjy her edip hesip edip, parahatçylygy saklaýar. Şeýlelikde, gyrlyşmakdan gaça durmak üçin ol hakykata ters gidip bilýär. Parahatçylygy goraýjylar gerek

bolan wagtynda Rebbiň ýüreginden syzyp çykýan sözi adamlara ýetirip bilmeýär we Isanyň Aýanlyk kitabynda ýygnaklaryň köpüsini çagyryşy ýaly, olary üýtgemäge çagyryp bilmeýär. Netijede adamlar, özlerine üýtgemek we dogrulyk zerur bolan wagtynda, özleriniň oňaýly ýagdaýynda galýarlar.

Parahatçylygy döredijí, tersine, hakyky parahatçylygy gözleýär. Munuň üçin, eger gerek bolsa, hakyky parahatçylyga ýetmek üçin, ol islendik ýalana berk garşy durup bilýär. Parahatçylyk döredijí mukaddesligi söýýär, emma günäni ýigrenýär. Ol yza çekilmezek bolýar we günäniň nämedigini – ýalňyşlyk ýa-da ejizlik däl-de – günädigini aýdýar. Günä bolan ýigrenç Hudaýa we adamlara bolan söýgüden döreýär. Parahatçylyk döredijiniň çyn islegi, adamlary bagtly edýän zatlary däl-de, olar üçin iň gowy bolan zatlary gözlemekde jemlenendir. Ol nädip adamlaryň göwünlerinden turmak barada däl-de, olara nädip kömek etmelidigi barada köpräk pikir edýär. Ony şahsy bähbidi gyzyklandyrmaýar. Ol hakyky rehimdarlyga we adalata şatlanýar. Ol mukaddesligi gowy görýär, onuň ýüregi-de mukaddeslik diýip ýanýar, sebäbi onuň ýüregi Reb üçin ýanýar!

## MUKADDESLIGE ÝETMEK ÜÇIN EJIZLERI BERKIDIP

Ýewreýlere hatyň awtory bizi mukaddeslige tarap ymtylmaga çagyrýar, sebäbi «onsuz hiç kim Rebbi görüp bilmez». Ozal biz Ýsraýyl ogullarynyň Hudaýa ýakynlaşma isleginiň bardygyny aýdandyklaryny, ýöne munuň aslynda bary-ýogy hakyky teşneligi bolmadyk sözlerdigini we niýetlerdigini anykladyk. Olar Musa ýaly Rebbe golaýlaşyp bilmediler, sebäbi Müsürden miras alan isleglerinden saplanmandylar. Hudaýa ýakynlyk olaryň görmek islemeýän hapalyklarynyň üstüni açyp bilýärdi.

Ýewreýlere hatyň awtory Rebbiň köp ýüzýyllyklaryň dowamynda Öz halkyna gürläp gelýändigini anyk aýdýar. Işaýa

hem takmynan şol zatlary ýazýar: «Ejizlän elleriňize kuwwat beriň, titreýän dyzlaryňyzy berkidiň» (Işaýa 35:3).

Köneäht pygamberi dyzlar berkän badyna körleriň gözleriniň açyljakdygyny we kerleriň gulaklarynyň eşidip başlajakdygyny yglan edýär. Çöl hasylly topraga öwrülýär, bu zatlaryň hemmesi halkyň mukaddeslik ýolunda berkeýändigi sebäpli bolar! Işaýa ondan soň şeýle ýazýar:

> Ol ýerde uly ýol bolar; oňa mukaddes ýol diýler. Murdar adamlar ondan geçmezler, ol Hudaýyň halky üçin bolar. Özüne göwni ýetýän ýekeje akmak hem ondan ýöremez (Işaýa 35:8, TRT).

Hudaýyň ýollary adam ýollaryndan ýokarydyr. Mukaddes ýol – bu ebedi ýaşaýşa alyp barýan ýoldur we Isanyň aýtmagyna görä, dar ýoldur (Matta 7:13, 14-e seret). Bu mukaddesligiň has ýokary ýollary hakda gürrüň edýär. Biz bu ýola diňe Onuň düzedişlerini açanymyzda we kabul edenimizde ýetip bileris.

Pygamberiň sözlerine görä, akmaklar bu ýoldan ýöremez. Akmak – bu öz pikirlerini we durmuşyny akyldarlyk nusgasy hasap edýän adamdyr. Süleýmanyň pähimlerinde: «Akmagyň ýoly öz gözüne dogrudyr» (12:15) – diýilýär. Şu ýerden biz akmagyň «özüne göwni ýetýän adam» bolýandygyny bilýäris (Süleýmanyň pähimleri 14:16). Ýene-de Süleýmanyň pähimleri kitaby bize «akylsyz adamyň bilimi däl-de, diňe öz aklyny görkezmegi gowy görýändigini» (18:2) yglan edýär. Şonuň üçin akmak ýalňyşlyk içinde ýaşaýar. Süleýmanyň pähimlerinde şeýle hem, «akmaklaryň akylsyzlygy – ýalňyşlykdyr» (14:8) – diýilýär.

Laodikiýa ýygnagynyň agzalary ýalňyşlykda ýaşaýardylar. Olar özleriniň bereketlidiklerine we üstünliklidiklerine ynanýardylar. Ýöne olara durmuşyň hakyky baýlygy – häsiýet, dogry işler we durmuşy Isanyň gözleri bilen görmeklik – ýetmezçilik edýärdi.

Rebbiň ýazgarma, duýduryş we öwüt beriji sözleri aýdyp ýüzlenmesi örän gazaply bolsa-da, ol sözleriň maksady ýygnagy akmaklyk ýolundan sowup, mukaddeslik ýoluna ugrukdyrmakdy. Isa onuň ejizlän ellerine kuwwat berdi we titreýän dyzlaryna berklik berdi.

## SIONA BARÝAN ÝOL

Bu gün düzedişi kabul etmeýän adam Hudaýyň şöhratyna alyp barýan ýeke-täk ýoly ýitirýär. Mukaddesligi almak aňsat däldir. Düzedişiň bütin prosesi – arassalama, halas etme – tobasyz peýdasyzdyr. Şu sebäbe görä-de, Isa Laodikiýa ýygnagyna: «Şonuň üçin yhlasly bol-da, toba et» (Aýanlyk 3:19) diýýär.

Hakyky toba pikirleriňi we diňe bir günäniň netijesi däl-de, eýsem günä bolan garaýşyň üýtgemeginde-de jemlenýändir. Biz günäniň netijeleri sebäpli perişan bolmagy öwrendik, emma şonda-da onuň tebigatyndan aýrylmadyk. Isanyň ýygnaga buýruşy ýaly, yhlasly bolmak – içinde duran ýagdaýymyzdan Isanyň şöhratly tebigatyna geçmegi ýürekden islemekdir. Eger Isa gelen gününde Oňa meňzeş bolmakçy bolýan bolsak, (1 Ýohanna 3:2), onda käbirlerimiz üýtgemeli bolýarys, muny biziň ýerimize Ol etmeli diýip pikir etmeýärin! Diňe Onuň terbiýesi we düzedişi bizi Özüniň keşbine laýyk gelmeklige alyp barar.

Öz akmaklygyndan aýrylyp, Hudaýyň düzedişini kabul edýänleriň «Rebbiň halas edenleri» diýlip atlandyryljakdyklaryny, yza dolanjakdyklaryny, «Siona şatlykly gygyryşlar bilen geljekdiklerini, ebedi şatlygyň olaryň başlarynda boljakdygyny» (Işaýa 35:10) Işaýa görkezýär. Bu ýerde Sionyň agzalmagy örän wajypdyr.

Ýewreýlere hatyň awtory janly keşbiň suratyny çekýär: «Siz otlar içinde ýanýan, ýöne el degrip bolýan daga, garaňkylyga, tümlüge, harasada, çakylyk surnaýynyň owazyna, söz sözleýän

sese golaýlaşan dälsiňiz. Ol sesi eşidenler özlerine ikilenç söz aýdylmasyn diýip ýalbardylar» (Ýewreýler 12:18, 19). Bu ýerde biziň bu kitabyň başdaky baplarynda seredip geçen dagymyz hakda gürrüň edilýär. Biz ýene-de adamlaryň Hudaýdan dymmagy haýyş edendikleri baradaky gaýgyly şaýatlygy eşidýäris. Olar Onuň düzedişini inkär etdiler, sebäbi ol olaryň ýüreklerini açyp görkezýärdi. Olar nähili akmakdylar!

Sepanýa pygamber Ysraýyl hakda şeýle diýýär:

> Ol söze gulak asmady, öwüt almady, Rebbe bil baglamady, Hudaýyna ýakynlaşmady (Sepanýa 3:2).

Hudaý Öz hasratyny indiki sözler bilen beýan edýär: «Men seniň halkyňy biderek ýere jezalandyrypdyryn – olar sapagy özleşdirmediler» (Ýermeýa 2:30, TRT). Eger halk mukaddeslige yhlas eden bolsa, Hudaýyň düzedişini kabul eden bolsa we öz ýollaryna toba eden bolsa, onda Hudaýyň dagynyň üstüne çykardy.

Biz görüp bolýan we eliňi degrip bolýan dagyň ýanyna barmadyk bolsak-da, bu gün bize şoňa meňzeş mümkinçilik berilýär. Biz başga dagyň ýanyna, Işaýa pygamberiň bizi gönükdirýän dagyna bardyk.

> Ýöne siz bolsa Sion dagyna, diri Hudaýyň şäherine golaýlaşdyňyz (Ýewreýler 12:22).

Ol entegem dagyň üstünde, ýöne fiziki taýdan el degrip bolýan, Sinaý diýlip atlandyrylýan dagda däl. Ol dag has hakykydyr we ebedidir, onuň ady Siondyr, oňa alyp barýan ýeke-täk ýol – bu mukaddeslik ýoludyr! Musa şol ýoldan ýöredi. Müsüri öz ýüreginden kowup, ol Hudaýyň içinde paş etmesi hem bolan sözlerini höwes bilen kabul etdi. Ysraýyl ogullary Hudaýdan gürlemezligi haýyş etdiler, olar Onuň özleriniň ýüreklerini açyp

görkezip we özlerini paş edip bilýän sözüni eşitmek islemediler. Olaryň özlerini alyp baryşlary – bu bize berilýän duýduryşdyr:

> Serediň, sizem Gürleýänden (Hudaýdan) ýüz öwürmäň. Eger ýerde Gürleýäne (Hudaýa) gulak asman jezadan gaçyp gutulmadyk bolsalar, onda biz, eger Gökde Gürleýänden (Hudaýdan) ýüz öwürsek, onda asla-da jezadan gaça durup bilmeris (Ýewreýler 12:25).

Ýerde Hudaý Sinaý dagyndan gürledi, bu gün bolsa Ol biziň bilen gökdäki Sion dagyndan gürleşýär. Bu aýatda nähili özüňe getiriji sözler jemlenen! Ysraýyl ogullary özlerine Sinaýdan berlen Rebbiň sözlerinden, özleriniň durmuşyna abatlyk hem düzediş getirip biljek sözlerden, boýun towlany bilen jezadan gaça durup bilmediler. Eger Hudaýyň Siondan aýdan we bize abatlyk hem düzediş getirjek sözlerine berk ýapyşmasak, jezadan asla-da gutulyp bilmeris.

Ysraýyl ogullary Rebbiň şöhratynyň iň çuň ýerinden syzyp gelýän sözlerini eşitmek islemediler, sebäbi eşiden bolsalar, onda murdarlykdan doly ýüreklerini açmaly bolardylar. Olar yza çekildiler, soňrak bolsa, Musa dagyň üstündekä, olar özleriniň pygamberleri arkaly eşitmek isleýän zatlaryny – ýakymly sözleri, gulaklaryna hoş ýakjak we ten işdäsini kanagatlandyrýan sözleri – olara aýtjak öz «Ýehowasynyň» heýkelini ýasadylar. Bu wagtyň dowamynda Musa Sinaýyň ýokarsynda Rebbiň hakykat sözlerini ünsli diňleýärdi, bu sözler ony üýtgedipdi. Ol dagdan düşende, Hudaýyň şöhratyndan ýaňa, onuň ýüzi öwşün atýardy.

Hudaýyň sözi Musa özgeriş getirdi. Ysraýyl ogullaryna aýdylan sözler dagy we olaryň duran ýerini titretdi-de olary şeýle gorkuzdy welin, olar gaçdylar. Mundan soň biz Ýewreýlere hatda şeýle sözleri okaýarys:

> Şol wagt Hudaýyň sesi ýeri sarsdyrypdy, emma indi Ol: «Men ýene bir gezek diňe ýeri däl, gögi-de sarsdyraryn» diýip söz berdi. «Ýene bir gezek» diýen söz titräýjek zatlaryň, ýagny ýaradylan zatlaryň aradan aýryljakdygyny, yranmaz zatlaryň ebedi galjakdygyny aňladýar (Ýewreýler 12:26, 27).

Isanyň paş ediji sözleri Laodikiýa ýygnagyny titretdi. Onuň agzalary «özleriniň» mesihiliginde özlerini oňaýly duýýardylar. Hemme zat olara çirksiz ýaly bolup görünýärdi, emma Rebbiň sözleri olaryň esasyny titretdi. Hudaý ýene bir gezek Öz Ýygnagyny titredýär, soň hem, tutuş halklary. Titremede berk esasy bolmadyk zatlaryň hemmesi ýok bolýar, öli hem erbet zatlar weýran bolýar. Şondan soň diňe diri hem arassa zatlar galar. Diňe Hudaýdan gorkýanlar däl-de, Hudaýyň titretmesinden gorkýanlar galar.

Işaýa bu barada şeýle diýýär:

> Siýondaky günäkärler dowla düşüp, hudaýsyzlar lerzana geldi: «Haýsymyz ýalmaýan oduň ýanynda ýaşap bileris? Haýsymyz ebedi ýalnyň ýanynda mesgen tutup bileris?». Dogruçyl ýaşap, dogry gepleýänler sütem bilen gazanylan gazanjy ýigrenýänler, elini para almakdan aklaýanlar, gan döküşiklige gulak gabartmaýanlar, ýamanlyga gözlerini ýumýanlar belentliklerde ýaşarlar. Gaýalardaky galalar penalary bolar, çörekleri berler, suwlary tükenmez (Işaýa 33:14-16).

Ol «Müsürdäki günäliler» diýmeýär-de, «Sionyň üstündäki günäliler» diýýär. Ol bu sözleri ýygnakdaky Rebden gorkmaýan we mukaddeslige yhlas etmeýän adamlara aýdýar. Olar Hudaýyň goragy astynda däldirler, şonuň üçin Hudaý olary hökman titreder. Ýöne gorky olary diňe Reb Öz şöhratyny görkezende gurşap alar! Işaýanyň iýiji ebedi ot hakda aýdan sözleri Hudaýa degişlidir.

Ýewreýlere hatyň awtory bu baby aşaky sözler bilen tamamlaýar: «Şonuň üçin hem yranmaz patyşalyga gowşandygymyz üçin şükür edeliň. Hudaýy hoşnut etmek üçin Oňa tabynlyk hem gorky bilen sežde edeliň, sebäbi Hudaýymyz ýakyp-ýandyryjy otdur» (Ýewreýler 12:28, 29). Biziň Hudaýymyz — iýiji otdur! Öz kitabymda Köne Ähtdäki Rebbiň merhemeti baradaky köp ýerleri ulanandygyma garamazdan, oňa Täze Ähtdäki wadalar esasynda seredip, Hudaýyň Sözüni dogry düşündirmäge çalyşýaryn. Biziň Hudaýymyz söýgüdir, emma Ol iýiji ot hem bolup durýar.

Onuň şöhratly barlygynyň suratlandyrylmasyna, şu wagta çenli köpimiziň edişimiz ýaly, ýeňilkellelik bilen seretmek bolmaýar. Onuň örän ajaýyp şöhrata eýedigini tassyklamak üçin Ýewreýlere hatyň awtory şeýle ýazýar: «Görnüş şeýle gorkunçdy welin, Musa: "Gorkudan ýaňa titreýärin" diýipdi» (Ýewreýler 12:21). Şunuň ýaly ýagdaý resul Ýohannanyň Isany görendigi baradaky şaýatlygyna gabat gelýär: «Men Ony gören badyma, öli kimin aýaklaryna ýykyldym ...» (Aýanlyk 1:17).

## BIZIŇ MUKADDES BOLMAGYMYZ ÜÇIN

Hudaý bizi akyl ýeterden kyn bolan söýgi bilen söýýär. Ýöne bu söýgi hiç hili ýagdaýda Onuň mukaddesligini peseltmeýär. Ine, näme üçin Ýewreýlere hatyň awtory: «Hudaýy hoşnut etmek üçin Oňa tabynlyk hem gorky bilen sežde edeliň» diýýär. Rebden gorkuda bolmak we Onuň mukaddes bolşy ýaly mukaddes bolmak üçin Onuň merhemeti bize näderejede zerur! (Lewiler 19:2-ä; Matta 5:48-e; 1 Petrus 1:16-a seret)

Biziň eýýäm düşünip geçişimiz ýaly, diňe Hudaýdan gorkýan we mukaddeslige tarap dyrjaşýan adam Onuň şöhratly barlygynda bolup biler. Men ýene bir gezek bu kitabyň ikinji babynda Mukaddes Ýazgydan getiren ýerime gaýdyp barýaryn:

> Çünki siz diri Hudaýyň ybadathanasysyňyz. Hudaý bolsa: «Olaryň arasynda mekan tutup gezerin, Men olaryň Hudaýy, olar hem Meniň halkym bolar» diýýär. Reb şeýle diýýär: «Munuň üçin olaryň arasyndan çykyň, olardan aýrylyň, murdara galtaşmaň, Men hem sizi kabul ederin». Her zady başarýan Reb: «Men siziň Ataňyz bolaryn, siz hem Meniň ogul-gyzlarym bolarsyňyz» diýýär. Eý, söýgüli doganlar, şunuň ýaly wadalarymyzyň barlygyna görä, her hili ten we ruh pisliginden tämizlenip, Hudaýdan gorkmakda mukaddesligi kämilleşdireliň (2 Korintoslylar 6:16–7:1).

Indi siz taryhyň öňüsyrasyny bilýärsiňiz. Siz dramanyň hakyky wakalaryny, tutuş konteksti geçirip, soňlama pursatynda görüp başlamadyňyz. Meniň gürrüň beren taryhymyň öň ýanynda bolup geçen zatlar dolulygyna size düşnükli bolandyr diýip umyt edýärin. Eger Onuň şöhratyny dünýädäki hemme zatdan köpräk höwes etseňiz, onda ýüregiňiz güýçli yhlas bilen uçganaklar.

13-NJI BAP

# IÇDÄKI MUKADDES OT BILEN

*Musanyň, Işaýanyň, Ýermeýanyň, Ýohannanyň, Pawlusyň we başga-da köpleriň çagyrlyşlary ýaly, biz Onuň şöhratynyň ody bilen ýanmaklyga çagyrylandyrys.*

Gadymky pygamberlerdigine ýa-da täzeäht resullardyklaryna garamazdan, Hudaýyň adamlarynyň hemmesine, haýsy hem bolsa bir görnüşde, Onuň düzedişi gerekdir. Bu gün hem munuň aktualdygy gürrüňsizdir. Bu ýerdäki esasy zat, biziň düzedişe bolan garaýşymyzdyr. Tekepbirlik bize Hudaýyň jezalandyryş usulyny kabul etmäge päsgel berýär. Şeýlelikde, biziň öz günämiz sebäpli, Onuň bizdäki mukaddeslik işi özümize peýda getirmeýär. Ýöne tabyn bolup, Onuň jezasyny kabul etsek, onda Onuň sesini eşitme we özümizi Onuň bilen gatnaşykdaky kämillige alyp barjak zadyny has takyk hem aýdyň görme ukybyna eýe bolup bileris. Habakuk pygamber şeýle ýazypdyr:

> Gözegçilik edýän ýerimde, Onuň içimde näme diýjegini we öz şikaýatym boýunça näme jogap bermelidigimi bilmek üçin minaranyň üstünde synlap durdum (Habakuk 2:1).

Bu adam özüne Hudaýyň düzedişini kabul etmek üçin ýer tapdy. Ol munuň özüne Hudaýyň ýüregini hem ýollaryny has gowy bilmäge mümkinçilik berýändigini we özüni has netijeli hyzmatkär etjekdigini bilýärdi.

## UZYÝA PATYŞANYŇ ÖLEN ÝYLY

Işaýa Hudaýdan Onuň özüne aýtjak zatlarynyň hemmesini kabul etmäge taýýardy. Ol şeýle ýazýar: «Uzyýa patyşanyň ölen ýyly beýik hem şöhratly Rebbi gördüm. Ol beýik hem ýokary galdyrylan tagtyň üstünde otyrdy; lybasynyň syýy bütin ybadathanany dolduryardy» (Işaýa 6:1).

Birnäçe ýyl mundan ozal men Mukaddes Ýazgynyň şu ýerini düşündirmegini sorap doga-dileg edenimde, Reb meniň bilen gürleşdi. Men Işaýanyň Rebbi Öz şöhraty içinde görşi hakda pikirlendim. Men şeýle pikir etdim: *Ýygnak Isa Mesihiň täze aýanlygyna, Onuň şöhratynyň görünmegine mätäç*.

Soň men Rebbiň sesini eşitdim: «Bu aýat başga sözler bilen başlanýar». Alada galan men Mukaddes Kitaby elime alyp okadym: «Uzyýa patyşanyň ölen ýyly». Reb meni saklady-da: «Işaýanyň Meni görmegi üçin, Uzyýa patyşa ölmelidi!» - diýdi. Ol sözüni dowam etdi: «Ýygnagyň Meniň keşbimiň täze aýanlygyny almagy üçin, Uzyýa ölmeli!» Men şeýle pikir etdim: *Uzyýa diýen adam kim bolupdyr, onuň bilen Isanyň aýanlygynyň arasynda näme umumylyk barka?* Şonda men elime Simfoniýany alyp, ol baradaky çykytlaryň hemmesini tapdym, onuň durmuşy barada tapan zatlarymyň hemmesini okadym, şeýdibem, ahyrsoňy düýpli aýanlyk aldym.

Uzyýa Dawut patyşanyň nesli bolupdyr we on alty ýaşda tagta çykypdyr. Başda ol Hudaýy yhlas bilen gözleýär. Şunuň ýaly ýaşajyk wagtyňyzda tutuş döwletiň başy bolan bolsaňyz, siz hem, belki, şeýle ederdiňiz. Munuň ýaly jogapkärçiligi öz üstüne alanda, ol beýik duýgulardan we tabynlykdan doly bolan bolsa gerek. Mukaddes Ýazgyda «Rebbi agtaran döwürlerinde Hudaý Uzyýanyň işini rowaçlandyrdy» (2 Ýyl ýazgylary 26:5) – diýlip ýazylypdyr.

Uzyýanyň durky bilen Hudaýa bil baglamasynyň netijesinde Hudaý oňa sahylyk bilen ak pata berýär. Ol piliştliler bilen urşup, köp şäherlerinde ýeňiş gazanýar, ol araplar, megunlar we ammonlar bilen söweşýär. Gadymky Ysraýyl ykdysady hem harby taýdan kuwwatly bolýar. Uzyýanyň hökümdarlyk eden döwründe halk gülläp ösüp başlaýar.

Bu üstünlik Hudaýyň onuň durmuşyndaky işiniň netijesi bolupdy. Ýöne nämedir bir zat üýtgeýär. Tabynlygyň ýerine tekepbirlik gelýär:

> «Emma Uzyýa kuwwatlananda, tekepbirlik edip, heläkçilige uçrady, şeýdip, ol öz Rebbi Hudaýyň öňünde jenaýatçy boldy, sebäbi ol ýakymly ysly tütetgi sypasynda tütetgi ýakmak üçin Rebbiň ybadathanasyna girdi» (2 Ýyl ýazgylary 26:16).

Uzyýanyň ýüregi ol gowşakka däl-de, öz güýjüniň ýokary derejesine ýetende tekepbirlik etdi. Uzyýa döwlet işleriniň hemmesinde üstünlik gazananyny hem-de gülläp ösenini bilende, ýüregi Rebbi gözlemegi bes etdi. Indi ol ýurdy özbaşdak dolandyryp bilýärdi, sebäbi indi nämäni nähili etmelidigini bilýärdi. Üstünlik onuň kellesine urýar, şonuň üçin özüne Hudaý şeýle-de başlangyçlarynyň hemmesinde ak pata berýär diýen karara geldi. Şoňa çenli ol ak pata alýardy, sebäbi tabynlyk içinde Rebbi gözleýärdi.

Bu zatlaryň hemmesi bir günüň içinde bolmady. Şunuň ýaly zat her kimde-de bolup bilýär. Hudaý maňa duýduryş berdi: «Jon, ýykylanlaryň köpüsinde beýle ýagdaý agyr döwründe däl-de, bolçulyk wagtynda boldy». Näme üçin? Biz uly üstünlige ýeten wagtymyzda, özümize hemme zady Onuň berendigini aňsatlyk bilen ýatdan çykarýarys.

Köpler bu duzaga düşdüler. Halas bolmany kabul edenlerinde adamlar Rebbi we Onuň ýollaryny tanamaga teşne bolýarlar. Olaryň tabynlygy göze görnüp durýar, sebäbi olar Ony gözleýärler we Oňa durky bilen ynanýarlar. Olar ýygnaga aç ýürekli gelýärler. «Reb, men Seni tanamak isleýärin!» Olar Hudaýyň ugrukdyrmasyna we Onuň mesh edenlerine tabyn bolýarlar. Hakyky tabynlyk içinde olar Rebbiň düzedişi kimiň üsti bilen gelse-de, ony höwes bilen kabul edýärler. Ýöne olaryň şahsy tejribeleri we ýeten derejeleri arkaly bilim ýygnaýan pursaty gelip ýetýär, ine, şonda olaryň garaýyşlary üýtgäp başlaýar. Mukaddes Kitaby okamagyň we Rebden Özüni we Öz ýollaryny açmagy haýyş etmegiň deregine olar Mukaddes Kitaby öz taglymatynyň subutnama ýaragy hökmünde ulanyp başlaýarlar we diňe ynanýan zatlaryny okap başlaýarlar. Olar Hudaýyň gökden gelýän sesini we ruhy çopanynyň sesini diňlemegi bes edýärler. Beýle adamlar hekgerip, it ýylgyryşyny edýärler: «Hany, onuň näme bilýänini göreli hany!» Olar Mukaddes Ýazgynyň ekspertleri bolýarlar, ýöne şonda-da ýumşak hem tabyn ýürekden mahrum bolýarlar. Tekepbirlik tarapyndan gysylyp çykarylan Hudaýa gulluk etme merhemeti azalyp başlaýar (Ýakup 4:6-a seret).

Bu mesele, aýratynam, ABŞ-da ýiti duýulýar, sebäbi ol ýerde imanlylara juda köp taglymatlar teklip edilýär. Korintoslylara 1-nji hatda (8:1) biz şeýle sözleri okaýarys: «hemmämiziň bilimimiziň barlygyny bilýäris. Ýöne bilim tekepbir edýändir, emma söýgi abatlaýandyr». Söýgi öz bähbidini gözleýän däldir, ol öz Rebbi we

gulluga çagyrylanlar ugrunda janyny orta goýýandyr. Tekepbirlik dindarlygy tutaryk edinip, öz bähbidini gözleýändir. Hudaý söýgüsiz alnan bilimiň tekepbirlik bilen gutarýandygyny aýdýar.

Indi Uzyýa patyşa barada özümize wajyp soragy bereliň. Tekepbirlik ýüregine girende, ol köpräk dindar adam boldumy ýa-da azrak? Jogap diýseň haýran galdyrýar: ol has dindar adam bolýar! Onuň ýüregi şeýle tekepbir bolany üçin, sežde etmek üçin ybadathana özi girýär. Tekepbirlik bilen dindarlyk ruhy el-ele berip ýöreýändir. Dindarlyk ruhy adamy özi tabynlykdadyr diýip pikir etmäge mejbur edýär, sebäbi ol daşky hereketinde özüni dine uýýan adam ýaly alyp barýar, emma aslynda welin, onuň ýüregi tekepbir bolýar, dindarlygy hem ýasama bolýar. Tekepbirlik adamy dini ruhuň ýesirliginde saklaýar, sebäbi ol onuň özünde barlygyny boýun alardan juda tekepbirdir! Tekepbirlik ýygnakda ussatlyk bilen ýüzüni gizleýär, sebäbi ol harizmatik, hoşhabarçylyk ýa-da pentikost maskasynyň aňyrsynda gizlenýär.

Uzyýa hakykata ýüzbe-ýüz gabat gelýär.

> Ruhany Azarýa Rebbiň segsen batyr ruhanysy bilen Uzyýanyň yzyndan girdiler. Olar Uzyýa patyşa garşy çykyp, oňa şeýle diýdiler: «Eý, Uzyýa, Rebbe ýakymly ysly tütetgi ýakmak seniň işiň däl, ol Harunyň neslinden bolan, bagyş edilen ruhanylaryň işidir. Sen mukaddes öýden çyk, çünki sen hyýanat etdiň. Bu iş saňa Reb Hudaýdan hezzet getirmez» (2 Ýyl ýazgylary 26:17, 18).

Hudaý bu batyr adamlaryň dillerine düzediş sözlerini saldy, emma Uzyýanyň hereketi onuň Hudaýyň sözüne hormat goýmaýandygyny görkezdi:

> «Uzyýa gazaplandy; ol eli buhurdanly durdy. Ol ruhanylara gazaplananda, Rebbiň öýünde, ýakymly ysly tütetgi ýakylýan

> sypanyň ýanynda, ruhanylaryň öňünde maňlaýynda heýwere keseli peýda boldy» (2 Ýyl ýazgylary 26:19).

Uzyýa gazaplandy. Tekepbirlik hemişe özüni aklaýandyr, özüňi goramaklyk bolsa, mydama gahar bilen biledir. Tekepbir adam özünden başga hemmeleri günäkärleýändir. Uzyýa öz gaharyny ruhanylaryň başyndan inderýär, ýöne mesele has çuň – onuň özünde gizlenendi. Tekepbirlik onuň garagyny gapypdy! Tabyn bolmagyň we şol ruhanylaryň üsti bilen Hudaýyň düzedişini kabul etmegiň deregine ol gaharyň öz tekepbirligini goldamagyna ýol berdi.

Şu sebäpden hem, heýwere keseli onuň göni maňlaýynda – hiç kimden gizläp bilmejek ýerinde – peýda bolýar. Şu ýerde heýwere Uzyýanyň içki ýagdaýynyň daşyndan görünmesi, tekepbirliginiň çeşmesi boldy.

Bu şu gün hem aktualdyr. Köne Ähtdäki heýwere – bu Täze Ähtdäki günäniň keşbidir. Köp ýagdaýlarda günä – bu adamyň gözüni kör edýän we oňa Hudaýyň düzedişini kabul etmäge päsgel berýän, içde gizlenen günäniň ýüze çykmasyndan başga zat däldir.

Rebbiň ýüregime aýdanlaryny eşidenimden we Uzyýanyň taryhyny okanymdan soň men tekepbirligiň bizi kör edýändigine hem-de Isa seretmäge päsgel berýändigine düşündim. Biz Ony görmelidiris, sebäbi Oňa seredenimizde Onuň keşbine meňzeş bolýandygymyzy Mukaddes Ýazgy aýdýar:

> «Emma biziň hemmämiz perdesi aýrylan ýüz bilen Rebbiň şöhratyny edil aýnada gören ýaly görüp, Rebbiň Ruhundan şöhrat üstüne şöhrat alyp, şol keşbe öwrülýändiris» (2 Kor. 3:18).

Onuň keşbine öwrülmek üçin bize Oňa seretmek gerekdir, sebäbi beýle etmeklik bize Ony gözümiz bilen görmäge

mümkinçilik berýär. Tekepbirlik täze görnüşleri almaga päsgel berýär, şeýle etmek bilen ol bizi kör edýär-de, ýalňyşlygyň howply sferasyna salýar. Laodikiýa ýygnagynyň imanlylary öz tekepbirlikleri sebäpli Isany görmediler. Olar ruhda ýörýändiris öýdýärdiler, emma Reb Özüniň paş etmesinde munuň beýle däldigini olara görkezýär. Rebbiň üýtgediji güýji bolmandygy üçin olar çuň durgunlylykda bolýardylar. Olar mesihiler ýaly görünýärdiler, emma olarda Isanyň işlerine gabat gelýän işleri ýokdy.

## MUKADDES! MUKADDES! MUKADDES!

Işaýa Rebbi Öz şöhraty içinde gördi. Onuň Rebbi ruhy gözleri bilen görendigini biz bilýäris, sebäbi ýekeje adamyň hem, Hudaýyň ýüzüni görüp, diri galyp bilmeýändigini biz bilýäris. Rebbiň tagtyny görende Işaýa onuň ýanyndaky seraflar diýilýän äpet perişdelerini görmän bilmedi. Ol olaryň her biriniň alty ganatynyň bardygyny, şolaryň ikisiniň olaryň ýüzlerini gizleýändigini ýazýar.

> Biri beýlekisini çagyryp, şeýle diýdi: «Hökmürowan Reb mukaddesdir, mukaddesdir, mukaddesdir! Tutuş ýer Onuň şöhratyndan doludyr!». Gürleýänleriň sesine gapy söýeleri sarsdy, Hudaýyň öýi tüsseden doldy (Işaýa 6:3, 4).

Perişdeler sena aýtmadylar. Bu aýadyň sözlerine, hatda aýdymam ýazylan, ony adamlar köplenç bir tonly ses bilen aýdýarlar. Perişdeler ýüzleri ýapyk bolsa-da, gören zatlaryny beýan etdiler. Her gezek Onuň şöhratynyň täze gyrasy görnende, olar «Mukaddes!» diýip gygyrýardylar. Olaryň sesleri şeýle gatydy welin, ondan ýaňa gökdäki binalaryň käbirleri sarsyp başlaýardy! Eger siz ýerdäki haýsydyr bir binany sesiň kömegi bilen sarsdyrmaga synanyşsaňyz, onda munuň beýle bir aňsat bolmajakdygyny

görersiňiz, gökdäki bina barada gürrüňem ýok. Perişdeler aýdym aýtmaýardylar we şol bir wagtyň özünde şeýle pikir etmeýärdiler: *men bu tagtyň ýanynda eýýäm milliardlarça ýyllardan bäri aýlanyp ýörün, arakesme edip, başga ýerlerde nämeleriň bolýandygyny görsem erbedä bolmazdy*. Ýok, olar başga ýerde bolmak islemeýärdiler, sebäbi Ýaradan Öz ýaradan zatlaryndan has ajaýyp hem eýjejikdi. Mezmurçy Hudaýyň barlygy bolmadyk kaşaň köşklerde ýaşanyňdan, Hudaýyň öýüniň bosagasynda ýaşanyň gowudygyny aýdyp ýüzlenýär (Zebur 83:11-e seret).

Näme üçin perişdeler: «Mukaddes, Mukaddes, Mukaddes» - diýip gygyrdylar? Näme üçin üç gezek? Sözleriň şunuň ýaly ulanylyşy ýewreý hatyna mahsusdyr. Onda sözleriň gaýtalanmasy emfazany ýa-da many beriji basymy aňladýar. Biz öz dilimizde sözüň ýa-da jümläniň ähmiýetini bellemek islesek, onda birnäçe usuly ulanýarys. Biz has gara şrift, kursiw bilen sözi belleýäris, ony uly harplar bilen ýazýarys ýa-da ýüzlenme belgisini goýýarys.

Şu maksat bilen ýewreý tekstiniň awtory gaýtalamany ulanýar. Adatça sözi iki gezek gaýtalaýarlar. Mysal üçin Isa şeýle diýýär: «Maňa: “Ýa Reb! Ýa Reb” diýen her bir adam Gögüň Patyşalygyna girmez» (Matta 7:21). Aslynda Isa «Reb» sözüni iki gezek aýtmady, Ol diňe bu sözi intonasiýa bilen aýratynlykda belledi, bu awtoryň isleýän zadydy.

Bir sözüň üç gezek gaýtalanmasy Mukaddes Ýazgyda diňe birnäçe gezek duş gelýär. Sözüň şunuň ýaly ulanylmasynyň mysalyny biz Aýanlyk kitabynda, perişde ýerdäki ýaşaýjylaryň üstünden çykaryljak hökümi yglan edende, duş gelýäris. Ol: «... gününe waý, waý, waý!» (Aýanlyk 8:13) – diýip gygyrýar. Bu ýagdaýda gaýtalama öňki hökümleriň gazaply bolandygyny, emma indikisiniň adam düşünjesine sygmajakdygyny aňladýar.

Şeýle-de bolsa, Mukaddes Ýazgyda Hudaýyň ýeke-täk tapawutlanýan häsiýeti diňe ýekeje gezek agzalýar. Perişdeler:

«Güýç, güýç, güýç!» - diýip gygyrmadylar. Olar: «Söýgi, söýgi, söýgi!» ýa-da «Wepaly, wepaly, wepaly!» - diýip gygyrmadylar. Hawa, Hudaý kuwwatly, Hudaý söýgüdir we Hudaý wepalydyr, emma Onuň beýlekileriň hemmesinden ýokarda duran ýeke-täk häsiýeti – mukaddesligidir. Onda Onuň tebigatynyň bar ýagtylygy jemlenendi. Başga sözler bilen aýtsak, onda Hudaýyň alawy jemlenendir!

## WAÝ MAŇA

Işaýa Hudaýy gören wagtynda: «Oho, ine Ol nähili eken!» - diýmedi. Ol şeýle diýip ýüzlendi:

> Meniň waý günüme! Men heläk boldum, çünki men agzy murdar adamdyryn we agzy murdar adamlaryň arasynda ýaşaýaryn. Şonda-da gözlerim Şany — Hökmürowan Rebbi gördi (Işaýa 6:5).

*Waý günüme* sözi häzirki zaman dilinde öňki güýjüni ýitirdi. Birwagtlar ol Hudaýyň hökümini suratlandyrmanyň iň ýokary görnüşi bolupdyr. Ýokarda eýýäm aýdyp geçişimiz ýaly, perişdeler ýeriň ýaşaýjylaryna betbagtlygy yglan edenlerinde aslynda: «Siziň başyňyzdan taryhdaky iň ýowuz höküm inýär» - diýdiler. Isa bu sözi Ýudas babatda ulandy. Bu söz şeýle ýowuz bolany üçin Reb: «Şol adam dogulmadyk bolsa gowy bolardy» (Mark 14:21) – diýdi. Pygamber başga bir adamyň durmuşyndaky betbagtlyk hakda köp aýtmaýardy. Şeýle-de bolsa, Işaýa ýaly takwa adamyň bu sözi özi barada aýtmagy haýran galdyrýar!

Özüne höküm çykaranynda ol şobada: «Men heläk boldum!» - diýip gaty ses bilen ýüzlenýär. Bu ýerdäki *heläk bolmak* sözi «tikinlerinden sökülip pytrap gitmegi» aňladýar. Işaýa mukaddes Hudaýyň öňüne bardy. Ol ömründe birinji gezek Hudaýyň Kimdigine we özüniň kimdigine hakykatdan düşündi. Bir pursatda

onuň özüni söýüjiligi gaýyp boldy. Özüne we ynsanlyk tebigatyna bolan ynamyň bary zym-zyýat boldy. Mundan soň akyl we emosiýalar onuň durmuşyny kesgitlemeýär. Eger onda nähilidir bir tekepbirlik bolan bolsa, onda onuň yzy hem galmady. Işaýa Patyşanyň sütünli zalynda poluň üstüne ýüzin ýykyldy. Onuň jan-teniniň her bir öýjügi titredi we edil eliň aýasynda ýaly bolup göründi. Ol gizlener ýaly ýer gözledi, emma özüne ýer tapmady. Ol rehime we merhemete özüniň çykgynsyz ýagdaýda mätäçdigine hiç haçan şu wagtkysy ýaly aýdyň düşünmändi, hemme zadyň Rebbi bolan munuň ýaly mukaddes Hudaýyň barlygynda durup bilmek barada gürrüňem ýok!

## ARASSALANMA, GULLUK, AÝANLYGYŇ DÜŞNÜKLILIGI

Işaýa ýene azajyk dursa, çydap bilmejegini duýan wagtynda şeýle boldy:

> Onsoň seraflaryň biri meniň ýanyma uçup geldi. Onuň elinde gurbanlyk sypasyndan ätişgir bilen alnan ýanyp duran köz bardy. Seraf közi agzyma degrip, şeýle diýdi: «Ine, bu köz dodaklaryňa degdi. Indi ýazyklaryň senden aýryldy, günäleriň arassalandy» (Işaýa 6:6, 7).

Hudaý pes göwünlilere rehim hem merhemet edýär. Ýanyp duran köz Işaýany arassalady we päkledi. Ol arassalanma alanyndan soň Hudaýyň: «Kimi ibereýin? Biziň üçin kim gider?» - diýen sesini eşitdi (Işaýa 6:8).

Arassalanmanyň kömegi bilen ol Hudaýyň «Biziň üçin kim gider?» - diýen sesini anyk eşitdi. Başga sözler bilen aýtsak: «Kim mukaddeslik işlerini eder?» - diýen sesi eşitdi. Işaýa şobada jogap berdi: «Ine, men; meni iber!» (Işaýa 6:8).

Ol Hudaýyň ýüreginiň sesini eşitdi:

> Git-de bu halka (Onuň halkyna) şeýle diý: “Eşitmesine eşidersiňiz, ýöne düşünmersiňiz, gözleriňiz bilen seredersiňiz, ýöne görmersiňiz” (Işaýa 6:9).

Hudaý halkyň arasyndaky belli pygamberleri we Mukaddes Ýazgy mugallymlaryny kör hem ker diýip atlandyrýar. Olar Hudaýyň aýdan zatlaryny halka ýetirip bilmediler, sebäbi Ony anyk eşitmediler.

Reb gürleýär, ýöne Onuň adamlary eşidermikä? Bu aýatlar özüme örän ýakyn adam bilen bolan bir gürrüňdeşligi ýadyma salýar. (Öň men ony öz kitabymda kollejdäki mugallymym hökmünde agzap geçipdim). Bir gezek men ýol ugruna onuň şäherine baranymda, howa menzilinde ol meni garşy aldy. Men barmazymdan ozal ol pikirlenipdir we doga-dileg edipdir. Ol gözlerine ýaş aýlap, maňa şeýle gürrüň berdi: «Jon, Hudaý Amerika şeýle köp zat aýtmak isleýär, ýöne Ol Özüni eşider ýaly adamlary tapyp bilenok». Onuň sözlerinden ýaňa meniň ýüregimde yhlasly ot tutaşdy. Men Rebbiň habarçysy bolardan daşdadygymy bilýärdim. Şobada meniň ýadyma Işaýa düşdi. Hudaý ony arassalan badyna, Onuň sesi Işaýa üçin düşnükli boldy we onda, ýöne bir Hudaýyň ýörelgelerini däl-de, eýsem, Onuň ýürek islegini habar bermäge ukyp döredi. Men şeýle pikir etdim: *bu biziň ýurdumyzda Mukaddes Ýazgydaky hakykatyň ýörelgeleri hakda gürlemäge adamlaryň ýokdugyny aňlatmaýar. Mesele başga zatda: Hudaýyň ýüregini takyk eşidip we Onuň hakykatlaryny habar berip biler ýaly, Rebbiň arassalaýjy işleri üçin özlerini aýryp goýmaga we tabyn etmäge ukyply erkekler we aýallar tapylarmy?*

# ISA BILEN NAHARLANMAK

Geliň, ýene, biziň pygamberlik keşbimiz bolup durýan, Laodikiýa ýygnagyna seredeliň. Isa bu ýygnaga gazaply gürleýär, soň hem maslahat berýär: «Yhlasly bol-da, toba et». Bu diňe şol adamlara degişlimi ýa-da Ol bize-de ýüzlenýärmi? Biz Onuň düzedişini kabul edýärismi ýa-da Ysraýyl ogullary ýaly, akmaklygymyza galýarysmy?

Isa sözüni dowam etdirýär: «Ine, Men işikde durup, gapyny kakýaryn. Eger biri sesimi eşidip, gapyny açsa, içerik girerin. Men onuň bilen, ol-da Meniň bilen bile naharlanar» (Aýanlyk 3:20). Onuň soňky günleriň ýygnagyna aýdan sözlerini adamlaryň eşitmeklerini men nähili isleýärin! Ol: «Eger kimdir biri Meniň sesimi eşitse» - diýip, wagyz edýänlere we ders berýänlere ýüzlenýär. Bu biziň ýüreklerimizi paralamaýarmy? Lezzetlere we şahsy bähbide bolan söýgi sebäpli biz Hudaý üçin Onuň ýürek urgusyny eşitmez ýaly derejede murdar boldukmykak? Biz dünýewi endiklere we isleglere şeýle çuň batyp, Onuň sesini eşidýändigimizi aýdýan, ýöne aslynda Onuň ýüreginiň gygyrýan sesini eşitmez ýaly uzakda bolan halk bolaýdykmykak?

Eger ýadyňyzda bolsa, Isa ýygnaga Özünden, dogry işleri aňladýan, arassalanan altyny, ak geýimi, şeýle hem, Onuň görüp bilşi ýaly görüp bileri ýaly, göz melhemini satyn almagy buýrupdy. Işaýanyň şaýatlygynda hem biz edil şu kanunylygy görüp bilýäris. Ol Hudaýyň düzedişini kabul etmek üçin özüni tabyn edende, arassalanma aldy. Şonda onda takwa ýa-da mukaddes işleri etme islegi tutaşdy. Soň ol adamlaryň kördüklerini we hakykaty görmeýändiklerini Hudaýa aýdyp zeýrendi! Olara melhem gerekdi. Hudaýyň öňünde özüni tabyn etmeginiň, Onuň düzedişini we arassalamasyny kabul edip, dünýä takwa işleri wagyz etmäge taýýar bolmagynyň kömegi bilen, Hudaý onuň gözlerindäki tutyny aýryp bildi.

Isanyň sözlerine ýene diň salyň: «Ine, Men işikde durup, gapyny kakýaryn. Eger biri sesimi eşidip, gapyny açsa, içerik girerin. Men onuň bilen, ol-da Meniň bilen bile naharlanar». Bu sözlerde iki many bar. Birinjiden, bu ýerde gürrüňi edilýän ýygnak Rebbiň ikinji gezek gelmeginiň öň ýanyndaky Ýygnagyň nyşanydyr, şonuň üçin Ol bu ýerde Özüniň gaýdyp gelmesi hakda gürrüň edýär. Lukanyň Hoş Habarynda Isa takmynan şunuň ýaly sözleri aýdýar:

> Billeriňiz guşalgy, çyralaryňyz ýakylgy bolsun. Hojaýyny toýdan gelip, gapyny kakanda, oňa gapyny tiz açmak üçin garaşýan adamlar ýaly boluň. Hojaýyny gelende, oýadygyny görjek hyzmatkärleri nähili bagtly! Size dogrusyny aýdýaryn, ol bilini guşap, olary saçak başynda oturdar we geler-de, olara hyzmat edip başla (Luka 12:35–37).

Özüne hut biziň ebedi hyzmat etmelidigimize garamazdan, Hojaýynymyz bize hyzmat eder. Ol özüniň hakyky manysynda hyzmatkärdir. Biz Oňa örän köp zatda borçly, Ol bize hiç hili borçly däl. Ol Özüne wepaly bolanlara hyzmat etmek isleýär. Guzynyň toýy wagtynda Ol bize hyzmat eder.

Ikinjiden, «içerik girerin. Men onuň bilen, ol-da Meniň bilen bile naharlanar» diýmek bilen Isa ýöne bir nika toýuny göz öňünde tutmaýar-da, eýsem Özi hakdaky aýanlyk bolup durýan hakyky mannany berjekdigini hem göz öňünde tutýar. Ol: «Men — gökden inen diri çörekdirin» (Ýohanna 6:51) – diýýär. Ol Hudaýyň bizi ýaşadýan Diri Sözüdir (Kanun taglymaty 8:2, 3-e seret).

Ýermeýa bu barada şeýle ýazýar:

> Seniň sözleriňi tapyp iýdim. Sözleriň maňa şatlyk, ýüregime begenç berdi (Ýermeýa 15:16).

Ýermeýa hem edil Işaýa ýaly, Hudaýyň arassalamasyndan geçen, Musa ýaly bu dünýäniň ulgamyna gitme islegini duýmadyk ýene bir adamdy. Ol Rebbi tanamak üçin özüni dünýäden aýrypdy. Hudaýyň sözi onuň şatlygydy, ol onuň iýmitidi. Hudaýyň ýüreginden syzyp çykýan habary hudaýsyzlara wagyz edeni üçin ony kowaladylar we yzarladylar.

> Rebbiň sözünden ýaňa her gün kemsidildim we masgara boldum. Men: «Indi Ol hakda dil ýarmaryn, Onuň adyndan geplemerin» diýsem, Onuň sözi süýeklerime ornaşyp, ýüregime ot berdi. Ony içimde saklamakdan irdim, mundan artyk çydap bilmeýärin (Ýermeýa 20:8, 9).

Ýahýa Çümdüriji hem Hudaýyň sözüne teşne adamdy. Ol özüni dünýäden we dini ikiýüzlülikden aýra etdi. Ol beýleki ruhanylaryň çagalary bilen bile Iýerusalimde okamalydy, ondan soň hem, ýolbaşçy wezipäni eýelemelidi. Ýöne ol özi üçin adamyň meýilleşdiren zatlarynyň hemmesini terk edip, Hudaýa tabyn boldy. Çölde oňa Hudaýyň sözi geldi. Ýahýa Çümdüriji adamlara Hudaýyň ýüregindäkileri ýetirdi. Isa ol hakda:

> «Ol ýanyp duran, nur saçýan çyradyr. Siz az salym onuň yşygyna guwanmak islediňiz» diýdi (Ýohanna 5:35).

Biz Musa, Işaýa, Ýermeýa, Ýohanna, Pawlus we başgada köpler ýaly, Onuň şöhratynyň ody bilen ýanmaklyga çagyrylandyrys. Ýöne biz bu dünýäniň isleglerini terk etmesek, onda beýle zat bolmaýar. Biz bu dünýäde jahankeşdeler bolmaklyga çagyrylandyrys. Diňe Hudaýyň Sözüne şeýle gümra bolup, ol barada gije-gündiz pikirlenenimizde, bize hakyky kanagatlanma geler. Şonda Hudaýyň ody bizde we biziň üstümizde ýagty berip ýanar. Erkek bilen aýal biri-birine aşyk bolanda, olary biri-biri hakda pikir etmäge mejbur etmek gerek

bolmaýar. Her boş minudynda olaryň pikirleri biri-birinde bolar.

Malaky soňky günleriň ýygnagyndaky adamlaryň iki görnüşi barada pygamberlik etdi. Olaryň iki görnüşi-de, biziň öňdäki baplarda öwrenen arassalanmamyzy geçerler. Birinjileri: «Hudaýa gulluk etmekden näme peýda bar, günäkärler bizden gowy ýaşaýarlar. Biz Hudaýa gulluk edýäris we mydama yzarlanylýarys we görgi görýäris» - diýip, arz ederler (Malaky 3:14, 15, awtor tarapyndan gürrüň berlen). Beýlekileri başgaça gürleýärler:

> Onsoň Rebden gorkýanlar biri-birileri bilen gepleşdiler: «Reb üns berer we muny eşider. Rebden gorkup, adyna hormat goýýanlar hakynda Onuň öňünde bir ýatlama kitaby ýazylar» (Malaky 3:16).

Olar onuň sözüni we ýollaryny şeýle eý görýärler welin, hiç hili görgüler olara päsgel bermeýär. Soň pygamber geljek barada gürrüň edýär:

> Ine, ojak ýaly ýanýan ol gün geler. Ähli tekepbirler we hemme erbetlik edýänler saman kimin bolarlar. Ol gün olaryň hemmesini ot ýakar, muny Hökmürowan Reb aýdýandyr. Ol olarda ne kök, ne-de şaha goýar. Ýöne Meniň adymdan gorkýan siz üçin hakykat Güni dogar, şypasy Onuň şöhlelerindedir. Siz şonda çykyp, baga bakylan göleler ýaly böküşersiňiz-de, erbetleri basgylarsyňyz, çünki Meniň bellän günüm olar siziň aýaklaryňyzyň astyndaky tozan bolar. Muny Hökmürowan Reb aýdýandyr (Malaky 4:1-3).

Ol «hakykat Ogly» däl-de, «hakykat Güni» hakda gürrüň edýär. Gün – bu äpet otly şardyr. Soňky günlerde Isa Özünden gorkýanlara hut şonuň ýaly bolup görner. Olar Onuň Sözi hakda oýlandylar we Onuň ýollaryna bolan päk söýgi bilen hereket etdiler. Onuň şöhratynyň alawy olaryň üstlerinden ýokary galar-da,

garaňkylykdakylara görner. Hemmeler üçin ýanyp we şöhle saçyp duran bu çyralaryň gullugy netijesinde, ozal hiç haçan bolmadyk iň soňky we janlaryň iň uly hasyl oragy bolar. Olaryň ýürekleri Onuň Sözi bilen ýalynlar, hiç hili garaňkylyk olary ýeňip bilmez.

Muny bize Isa ölümden direleninden soň Onuň iki şägirdi bilen bolan duşuşygy ýatladýar:

> Ine, şol gün olaryň ikisi Emmaus diýen oba barýardy. Bu obanyň Iýerusalimden on bir kilometre golaý aralygy bardy. Olar bolan bu wakalar hakda özara gürleşýärdiler. Şeýlelikde, gürleşip, pikir alşyp barýarkalar, Isanyň Özi ýakyna gelip, olar bilen bile ýöräberdi (Luka 24:13–15).

Muny görsene! Olar agyr pursatlary başdan geçirdiler, ýöne şeýle-de bolsa, Hudaýyň işleri barada gürrüň edýärdiler. Olar özara gürleşip barýarkalar, Isa olara golaý bardy. Biz Rebden gorkma we Onuň söýgüsi hakda biri-birimiz bilen gürleşenimizde, Reb bize golaýlaşýar. Azrajyk yzyny okaýarys:

> «Onsoň Musa bilen ähli pygamberlerden başlap, hemme Mukaddes Ýazgylarda Özi hakda aýdylanlary olara düşündirdi» (Luka 24:27).

Bu hakyky baýramçylyk! Rebbiň öz öňümde uly göwrümde açylmagyny men nähili isleýärin. Ol meniň teşne kalbymy gandyryjydyr. Şägirtler öz pikirlerini paýlaşyp barýarkalar, Isa olara golaýlaşyp, Mukaddes Ýazgyda Özi hakda aýdylanlary görüp bilmekleri üçin, olaryň gözlerini açdy: «Şonda olaryň gözleri açylyp, Ony tanadylar, emma Ol gözlerinden gaýyp boldy» (Luka 24:31). Atam, biziň gözlerimizi aç-da, Isany bize görkez!

«Olar biri-birlerine: “Ýolda biziň bilen gepleşip gelýärkä, bize Mukaddes Ýazgylary düşündirýärkä, içimizde ýüregimiz

ýanmaýarmydy?” diýişdiler» (Luka 24:32). Haçan Musanyň ýüregi ýandy we keşbi üýtgedi? Ol Hudaýyň barlygynda Onuň sözüni eşideninde. Musanyň Rebbiň şöhratly barlygynda Onuň sözüni eşitmegine näme mümkinçilik berdi? Onuň öz ýüreginde Müsürden aýrylyp, tanamagy ýürekden isleýän Rebbine tabyn bolma islegi. Ol Mesihi özi üçin Müsüriň hazynalaryndan-da uly baýlyk hasap etdi, sebäbi ol hakyky sylagy gözleýärdi. Hudaýa teşnelik siziň hem kalbyňyzda çuň çyrpynar diýip men nähili umyt edýärin!

14-NJI BAP

# OLAR ONUŇ ÝÜZÜNI GÖRERLER

***Olar Onuň öňünde tegmilsiz hem kemsiz, mukaddeslikde ýalynlaýan alawly ýürekli bolup durarlar.***

Biziň gowy günlerimiz entek öňde. Hudaý Özi üçin tutuş bir halky gorap saklaýar. Olar Onuň ýüreginiň çagyryşyny eşiderler we Onuň öňünde mukaddeslikde gezerler. Olar çyn imanlylary – Onuň sesini eşitjekleri we ikirjiňlenmän Oňa tabyn boljaklary alamatlandyrarlar. Olar Onuň öňünde tegmilsiz hem kemsiz, mukaddeslikde ýalynlaýan alawly ýürekli bolup durarlar. Rebbiň olara yhlasly bolşy ýaly, olar hem Oňa yhlasly bolarlar. Bu halkyň üsti bilen Ol Öz şöhratyny ýoldan çykan hem-de heläk bolup barýan dünýä aýan eder.

Hudaýyň Özüni hormatlaýanlar üçin etjek zadynyň alamatyny biz Ybraýymyň agtygy Ýakubyň durmuşynda görüp bileris. Reb oňa: «Beýtele git-de, şol ýerde mesgen tut we ol ýerde gurbanlyk sypasyny ýasa» diýdi (Gelip çykyş 35:1). *Beýtel* «Hudaýyň öýi»

diýmegi aňladýar. Ozal Ýakup ol ýerde Reb bilen duşuşypdy. Indi Reb ony ýene çagyrdy: «Ýakup, Maňa ýakynlaş, şonda Menem şeýle ederin». Ýakup muňa seslendi-de, öýündäkilere buýruk berdi:

> Keseki hudaýlaryňyzy taşlaň, tämizleniň we geýimleriňizi çalşyryň. Geliň, Beýtele gideliň. Ol ýerde hasratly günümde maňa kömek eden we giden ýerimde meniň bilen bolan Hudaýa gurbanlyk sypasyny ýasaýyn (Gelip çykyş 35:2, 3).

Olar «keseki hudaýlaryň hemmesini taşlamalydylar». Ýatda saklaň, but — bu bar güýjümizi we söýgimizi Isa berenden has köpräk berýän zadymyzdyr. Laodikiýa ýygnagyndaky butparazlyk açgözlüliginde jemlenendi, şol sebäpli ol ebedi işleri etmek üçin zerur bolan içki otdan mahrum bolupdy (Кol. 3:5). Ýakubyň «tämizleniň we geýimleriňizi çalşyryň» diýen buýrugy arassalanmanyň we dogry geými geýmäniň wajyplygyny ýene bir gezek tassyklaýar. Isa Laodikiýa ýygnagyna takmynan şonuň ýaly sözler bilen ýüzlenýär.

Ýakup bütin maşgalasy bilen Hudaýa ýakynlaşdy. «Soňra olar ýola düşdüler. Ýakubyň ogullaryny hiç kim yzarlamaz ýaly, töwerekdäki galalaryň ählisiniň ilatyny Hudaýyň gorkusy gaplady» (Gelip çykyş 35:5). Hudaýyň gorkusy olary şeýle bir gurşap alypdy welin, gorky olara ýolda duş gelen şäherlere-de ýaýrady. Özümizi Rebbe bagyş edenimizde, Onuň barlygynyň ygtyýary bize hemra bolýar we töweregimizdäkiler üçin göze görnüp duran bolýar.

## HUDAÝA «SATYLANLAR»

Çarlz Finneý özüni Hudaýa doly «satan» adam bolupdy. Onuň durmuşyndaky özüni bagyş etmesi hemme zatdan ýokardady. Şol bagyş edilme, ol arassalyk we mukaddeslik hakda wagyz edende, onuň üstünde bolýardy. Bir gün ol takmynan üç müň

adam işleýän fabrige barýar. Onuň eýesi we işgärleriniň köpüsi halas bolmandy. Finneý ol ýere halas bolma hakda wagyz etmek üçin barýar. Şonda bir aýal ony tanap, ol barada kemsidiji bir zat aýdýar. Edil şol pursatda ony Hudaýyň paş etmesi şeýle uly güýç bilen doldurýar welin, ol töweregindäkilere-de geçýär. Olar işlemegi bes edip, ony köşeşdirmäge synanyşýarlar. Birnäçe minut geçenden soň, bütin önümçilik saklanýar, işçiler bilen onuň eýesiniň özi-de Çarlz Finneýiň Hudaýyň Sözi baradaky wagzyna gurşalyp galýarlar. Birnäçe sagat geçenden soň olaryň köpüsi halas bolmany kabul edýärler. Rebbiň barlygy, edil eşik ýaly bolup, Finneýi örtýär, bu hem mesihilere bolşy ýaly, butparazlara-da görnüp durýar.

Näme üçin soňky on ýyllyklaryň dowamynda şunuň ýaly ygtyýar ýetmezçilik edýärkä? Dünýä juda köp wagtlap biziň ýygnagymyzy ýamanlady we: «Ýeri, siziň Hudaýyňyz nirede?» - diýip, onuň üstünden güldi. Eger yzarlamalara duş gelen bolsak, onda takwalyk üçin däldir ýa-da takwalyk üçin örän seýrek yzarlanandyrys. Köplenç bizi öz günälerimiz we dünýewi etmişlerimiz üçin yzarlaýarlar. Şeýle-de bolsa, Hudaý ahyrsoňunda Özi üçin, Özüne doly bagyş edilen halky tapynar. Meniň ýüregim şeýle isleg bilen alawlaýar. Siziňki nähili? Rebbiň barlygy şol adamlaryň içinde bolşy ýaly, töwereklerinde-de bar güýjünde açyk aýan bolar. Gadym döwürlerde bolşy ýaly, gorky Onuň çagalaryny gaplap alar.

Men kitabyň bütin dowamynda Musanyň we Ysraýyl ogullarynyň mysalyna ýüzlendim. Birinji nesil Müsüriň islegini, şeýdip, terk etmedi. Emma indiki nesil, çölüň mahrum etmelerinden geçenden soň, özüni Rebbe bagyş edip bildi. Olar Ýeşuwanyň yzyna düşen adamlardy. Ýeşuwanyň kitabynda biz tabyn bolmazlyk we butparazlyk ýagdaýyny görýäris, ol diňe bir maşgalada bolupdy, ýöne bütin halk bir bolup, oňa garşy aýaga galýar (Ýeşuwa 7-nji baba seret).

Ysraýyl ogullary Iordandan geçip, öz duşmanlary bilen söweşmekçi bolanda, Musa olara aşaky sözler bilen ýüzlendi:

> Gulak as, Ysraýyl, indi sen Iordan derýasyndan geçip, özüňe görä güýçli we köp ilatly halklaryň ýerini mülk edip alarsyň. Olaryň galalary göge ýetip duran beýik we berk diwarly galalardyr. Bilşiň ýaly, bu güýçli we uzyn boýly halk anaklaryň nesilleridir. Sen olar hakda: “Anaklaryň garşysyna kim çykyp biler?” diýlenini eşidensiň. Bu gün muny bilip goý, Rebbiň Hudaý iýiji ot kimin bolup, seniň öňüňden ýörär. Reb olary gyryp, saňa boýun egdirer. Şonda Rebbiň söz berşi ýaly, sen olary kowup çykaryp, derrew ýok edersiň (Kanun taglymaty 9:1-3).

Biziň tagzym edişimiz Ýeşuwanyň tagzym edişine meňzeşmi? Hudaý özümizi dünýä garşy durup biljek güýji berýän mesh etmeden dolduryp biler ýaly, bizde şunuň ýaly mukaddeslikde ýörmek islegi barmy? Goý, bu biziň Hudaýa dogamyz bolsun!

## ÝEŇÝÄN ÝYGNAK

Irki Ýygnak Hudaýyň şöhratly barlygynda hereket etdi. Ol Hudaýa doga edende, jaýlar sarsdy. Hananýa bilen Sapfira ýalan sözläp, özleriniň sadakasyny Petrusa getirip berenlerinde, şobada ýykylyp öldüler. Rebbiň barlygy şeýle göze ilginçdi we kuwwatlydy welin, biz Mukaddes Ýazgyda aşakylary görýäris:

> Kesekilerlerden hiç kim olara birikmäge ýürek etmeýärdi, ýöne halk olary juda sylaýardy. Ýene-de Rebbe iman eden köp adamlar, topar-topar erkekdir aýallar olara goşulýardy. Şeýlelikde, Petrus geçende, hiç bolmanynda, onuň kölegesi syrkawlaryň biriniň üstüne düşsün diýip, olary köçelere çykaryp, düşek hem çarpaýa üstünde ýatyrýardylar (Resullaryň işleri 5:13-15).

Bu gün hemme zat başgaça. Bizde gorkynyň ýa-da Hudaýyň alawynyň ýoklugy sebäpli, ýalan hakykat bilen aňsat garyşdyrylýar. Ol är-aýalyň ölümi jemgyýeti Hudaýa we Onuň halkyna çynlakaý garamaga mejbur etdi, şeýdip, köp adamlar Hudaýyň Patyşalygyna girdiler (Resullaryň işleri 5:16-a seret). Hudaýa teşne bolanlar Ony imanlylaryň arasynda gördüler, ikiýüzlüler bolsa, gorkup olaryň ýanlaryndan gaçyp gitdiler.

Irki Ýygnak ýeňişli ýaşady. Isa Laodikiýa ýygnagyna, bu gün biziň üçin hem aktual bolan, wadany berdi: «Meniň ýeňip, Atam bilen bile Onuň tagtynda oturşym ýaly, ýeňene-de Meniň bilen bile Öz tagtymda oturmaga ygtyýar bererin» (Aýanlyk 3:21).

Aýanlyk kitabynda ýygnak iň güýçli paş etmäni aldy, ýöne ol iň beýik wadany hem aldy. Mezmurçy Rebbe Hudaýyň öýüniň bosagasynda bolmagy üçin ýalbardy. Isa bolsa bizi diňe bir Öz öýüne, tagtly öýe çagyrman, eýse, biziň Özi bilen bile tagtynda oturmagymyzy hem isleýär! Belki, indi biz Pawlusyň sözlerine has gowrak düşüneris:

> Eger çydasak, Onuň bilen bile höküm süreris. Ony inkär etsek,
> Ol hem bizi inkär eder (2 Timoteos 2:12)

Isany Reb hökmünde ykrar edýän adam nädip Ony inkär edip biler? Biz jogaby indiki aýatda tapýarys: «Olar Hudaýy tanaýandyklaryny aýdyp-da, edýän işleri bilen Ony inkär edýärler» (Titus 1:16). Biz ýene işleriň ykrar etmeden gatyrak gürleýänini görýäris. Pawlus bizi ruhlandyrýar: «Eger çydasak, Onuň bilen bile höküm süreris».

Mukaddeslik soňuna çenli gitmäge taýýarlygy göz öňünde tutýar. Bizde çydap hem ýeňiş gazanarymyz ýaly, Hudaýyň bize Öz merhemetini berjekdigi baradaky ak pataly wadasy bar! Şonda biz Hudaýyň wada beren ýeňijileri bolarys: «Onuň ýüzüni görerler, maňlaýlarynda Onuň ady bolar. Indi gije bolmaz. Ne

çyranyň yşygy, ne-de Günüň nury gerek bolar. Reb Hudaý olara yşyk bolup, olar ebedilik höküm sürerler» (Aýanlyk 22:4, 5).

Musa Onuň ýüzüni görmegi hemme zatdan-da köp isledi. Ýeňiş gazanan Onuň ýüzüni görer, sebäbi asyrlar boýy Onuň bilen bile höküm sürer. Siziň bu kitaby eliňizde saklap durmagyňyzyň sebäbi özüňiziň çuň islegleriňiziň şunda jemlenendigindedir, mundan başga-da, onda Rebbiň iň beýik çakylygy bardyr. Bu zatlaryň hemmesini alyň, ýalnyň tutaşmagyna ýol beriň we gözleriňizi Ondan aýyrmaň. Goý, Rebbimiz Isanyň merhemeti sizde artygy bilen bolsun. Omyn.

# HUDAÝ, SEN NIREDE?!

***Öz çölüňizde güýç we maksat ediniň***




Siz, belki Hudaýyň sesini eşidensiňiz, ýöne indi Ol dymýan ýaly bolup görünýär. Siz, belki imanda hereket edensiňiz, ýöne indi Onuň huzuryny tapyp bilmeýäňiz. Eger şeýle bolsa, çöle hoş geldiňiz – bu ýer Hudaýdan wada almak bilen onuň berjaý bolmagynyň arasyndaky ýerdir.

Ýöne bir oňat habar hem bar: çöl – bu maksatsyz we boş ýer däl. Siz bu çölden dogry geçen ýagdaýyňyzda, Hudaý ony öz çakylygyňyza taýynlamak we ýol şaýyňyzy üpjün etmek üçin ulanýar. Köp adamlaryň näme pikir edýändigine garamazdan, biz bu möwsümden diňe Hudaýa garaşyp geçmeýäris. Siz çölden geçeniňizde, öz roluňyzy ýerine ýetirmeli; siziň roluňyz ähmiýetlidir. Eger siz wagtyňyzy biderek sarp edip, şol bir ýerlere öwran-öwran aýlanmak islemeseňiz, çölüň nämedigini bilmelisiňiz.

Iň köp satylýan kitaplaryň awtory Jon Biwer aýanlykdan doly bu kitabynda Mukaddes Kitabyň açary bilimlerini we çuň manyly wakalaryny siziň bilen paýlaşýar. Olar size gurak we kyn möwsümlerden geçip, Hudaýyň siziň üçin taýynlan zatlarynyň ählisine girmäge kömek eder.

**MessengerX.com** saýtynda elýeterlidir

# HORMAT SYLAGY

***Bu unudylan ýagşy häsiýetiň güýjüni açyň***




Mesihileriň biri-de Hudaýy çäklendirmek islemeýär. Ýöne biziň köpimiz hormat babatdaky örän wajyp ruhy esasa äsgermezçilik etmek bilen, öz durmuşymyzda Hudaýyň hereketlerini bilmezden çäklendirýäris.
Hormat – bu biziň medeniýetimizde ýitdi diýseň-de boljak düşünje; emma siz kitabyň sahypalaryndan Hudaýyň Şalygynyň durmuşymyzyň ähli çäklerine aralaşyp bilmegi üçin bu düşünjäniň esas bolup durýandygyny görersiňiz.
Iň köp satylýan kitaplaryň awtory Jon Biwer “Hormat sylagy” atly kitabynda hormatlamaga bolan çagyryşy kabul etmek bilen, Hudaýyň gymmatlyklar ulgamyna laýyk bolup başlaýandygyňyzy we Onuň siz üçin taýynlan zatlaryň ählisini alýandygyňyzy açyp görkezýär.
Bu kitap Mukaddes Ýazgylaryň çuňňur esaslaryny gündeki durmuşda gabat gelip, haýrana galdyrýan wakalary bilen birleşdirip, ýatdan çykyp barýan bu ýagşy häsiýete ter garaýyş bilen garamaga mümkinçilik berer we, iň esasy zat, ony durmuşyňyzyň her bir çäginde ulanmaga höweslendirer.

**MessengerX.com** saýtynda elýeterlidir

# MessengerX

*Her bir adam üçin şägirtçilige ýol we her ýerde*




- **130-dan gowrak dilde mugt;**
- priloženiýada we onlaýnda elýeter;
- siziň ruhy ösüşiňiz üçin niýetlenen materiallar;
- öz taryhyňyzy we şägirtçilik ýoluňyzy yzarlaň.






Messenger-iň şägirdi bolmak üçin resurslaryň doly kitaphanasyny: elektron kitaplary, wideo we audio okuwlary, audiokitaplary, Mukaddes Ýazgylary alyň. Öz ähli enjamlaryňyzda tomaşa ediň, okaň we diňläň.

**MessengerX.com**

Ýüklemek App Store

Almak Google Play

Bütin dünýä boýunça App Store и Google Play-da elýeter

# SIZIŇ ÝÜREGIŇIZDE MUKADDES ALAW ÝANÝARMY?

Isa hiç haçan ruhy gowşaklygy kabul etmedi – Ol yhlaslylyga çagyrdy. Ýöne Onuň bilen gatnaşyklarymyz tutaşar ýaly, ody nireden almaly? Ol hiç haçan bir zat üçin ýaraglandyrmadyk zadyny bizden talap etmeýär. Eger göwnüňize Onuň bilen hakyky yhlasly gatnaşyklara ýetip bolmajak ýaly bolsa, onda bu kitap pikiriňizi üýtgeder.

Jon Biwer – bütin dünýä meşhur awtor we Mukaddes Kitap mugallymy. Ol size Hudaý bilen kimdir biriniň üsti bilen gatnaşykda bolmakdan el çekip, Onuň bilen janly, gyzgyn gatnaşyklara girmegi teklip edýär. «Alawly ýürek» kitaby, size Hudaýa bolan yhlasy tutaşdyrmaga we saklamaga kömek etjek çuň aýanlyklardan we pähimli nesihatlardan doly. Ony okaň we Mukaddes Ruhuň kalbyňyzyň çuňlugyny Hudaýyň mukaddesliginiň ody bilen arassalap, sizi özgertmegine ýol beriň.

Hudaý bilen barýan ýoluňyzyň niresinde bolsaňyz-da, eger bu sözleri bütin ýüregiňiz bilen kabul etseňiz, onda olar siziň durmuşyňyzy üýtgeder.
Bu kitap Hudaý bilen has çuň we janly gatnaşykda bolmaklyga ymtylýan her bir adam üçindir.



**JON BIWER** – Hudaýyň Sözüne özüniň batyrgaý hem ýüz görmesiz darama usuly bilen meşhur bolan gullukçydyr. Ol, şeýle hem, halkara derejede iň köp satylýan kitaplaryň awtorydyr: onuň kitaplary millionlarça mukdarda ýaýraýar we 130-dan hem köpräk dile terjime edildi. Jon bilen aýaly Liza – Messenger International gullugyny esaslandyryjylardyr. Bu gullugyň maksady – bütin dünýäde şägirtçilige tarap ugry düýpli özgertmekden we Mesihiň durnukly, yhlasdan doly yzyna eýerijilerini terbiýelemekden ybaratdyr.

MessengerX

Mugt ýüklemeler we wideomateriallar **MessengerX.com** saýtynda elýeterlidir.

Has köp isleýärsiňizmi? Skanirlaň.

Messenger INTERNATIONAL

Bu kitap awtordan sowgatdyr. Satuwa degişli däl.